## *KAKAMYRAT ATAÝEW*

# *AÇAR*

*Hekaýalar*

**2015 ý.**

**Ataýew Kakamyrat.**

Açar. Hekaýalar. Türkmen dilinde. 2015 ý. 146 sah.

©2015

## ÜLEŞIK

*Hekaýa*

Bir gün gijara ýanyma dostum Sahy geldi.

– Dost, köne şaý-sep satýan tanyş-bilşiň ýokmy? – diýip, ol öýe girmän, aýak üstünden habaryny berdi.

– Saňa gerek bolsa, tapylmajak zat bolmaz, gardaş – diýip, men onuň tüýs göwnünden turaýjak jogaby berdim. Sebäbi hakykatdan hem meniň köne şaý-sepler bilen iş salyşýan bir tanşym bardy.

– Ähä! Şeýtsene, tapsana! – diýip, Sahy ýyrş-ýyrş etdi.

– Nämä gerek ol?

– Maň-a gerek zady ýok. O zatlardan başymam çykanok. Ýöne bir myhmanym bar. Şaý-sepiň ölemen hyrydary. Pullyja özem. Şu wagt öýde garaşyp otyr.

– Onsoň nememi, ikimize näme peýda bar bu söwdadan?

– Ikimizemi? Gözleýän zadyny tapyp bersek, ýüz müň manat berjek diýýä.

– Aý, ýog-a! Beýle bolsa, ýör onda. Ýöne ulag gerek bolar. Barmaly ýerimiz ýakyn däl.

– Weý, Hatamyň iňňeden çykma, gopuz ýaly, täzeje ulagy bar-a. Şoňa äkit diýeris.

Dostumyz Hatamyňka bardyk. Ýagdaýy aýtdyk.

– Hmm, bäh-h... – diýip, ol ellerini owkalaşdyrdy. – O ýüz müň manada menem şärik edýäňizmi onsoň?

– Bolýa. Senem bir paý edäýeris – diýip, Sahy ikimiz ylalaşdyk.

Gitdik. Ýüzugra Sahynyň myhmanyny alyp, meniň köne şaý-sepleri satýan tanşymyňka ugradyk. Barsak, tanşym tirseginiň aşagyna per ýassygy çekip, keserip, derläp, çaý süzüp ýatan ekeni. Bir käse çaý içýänçäk Sahynyň myhmany bilen meniň tanşymyň gepi-sözi alyşdy ötägitdi. Myhman möhümini mälim etdi, tanşym sandygyndan hülle ýaglyga düwülgi şaý-sepleri çykaryp görkezdi. El uruşdylar, söwda etdiler, hasaplaşdylar. Turduk. Gaýtdyk.

Söwdasy küşat müşderi wada eden ýüz müň manadyny Saha gowşuransoň, öýüne gaýdarman boldy. Ony hormat bilen ýola salyp, ugratdyk. Soň biziň öýümize geldik. Ulagdan düşüp:

– Içeri gireliň! – diýip mürähet etdim.

– Indi giç boldy. Içeri girip oturmarys – diýip, Hatam aýtdy.

– Peýdamyzy şu ýerdejik paýlaşalyň. Soň her kim öýli-öýüne! – diýip Sahy teklip etdi.

Daşky çyranyň ýagtysyna puly paýlaşmaga durduk.

– Iki sanymyza otuz bäş müňden, birimize-de otuz müňden ýetýär – diýip, Sahy sesini sandyradyp aýtdy.

Men bada-bat:

– Şo iki otuz bäş müňüň biri meňki – diýip öňürtiledim. – Şaý-sepi tapan men.

– Onda beýleki otuz bäş müňem men almaly bolýan. Sebäbi müşderi meňki – diýip, Sahy Hatama köpmanyly garady. Onuň garaýyşyndan “Sen otuz müň alsaňam bolýar” diýen manyny okap, Hatam:

– Duruň, duruň! – diýip, aljyrap ellerini galgatdy. – Şo ýüz müň manady biz üç bolup paýlaşmaly dälmi? Deň-derman bölüşmeli dälmi? Öňünden gepleşdig-ä.

Sahy ikimiz "Howwa-da, howwa" boluşdyk. Hatam barmak büküp, hasap etmäge başlady.

– Ýüz müň manady ylaýyk üç-ä bölüp bolanok. Ony üçe üleşdirjek bolsak, herimize otuz üç müň üç ýüz otuz üç manatdan ýetýär. Bir manadam kesir galýar. Dogrumy?

– Dogry welin, hany, olar ýaly ownuk pul barmy? Iň maýda pulumyz bäş müňlük – diýip, Sahy ýatlatdy.

– Onda hasabyny çykaryň. Deňje bölüşeliň-dä.

– Dostum Hatam! Şu söwdaň esasy sebäpkäri men. Myhman meňki. Eýse, şo müşderi bolmadyk bolsa, şujagaz pula ýüzüňiz düşermidi? – diýip, Sahy özüni mazamlady. Onuň bu gürrüňine gaharym gelip:

– Gardaşym Sahy! – diýdim. – Müşderiňe dawam ýok. Ýöne harydy tapyp beren kim? Haryt tapyp bilmeseň, müň sany müşderiň bolanda nä peýda?

– Dostlar, beýtmäliň-le muny! Ulag gerek diýdiňiz, ýok diýmedim, deň şärik bolýas diýdiňiz, şümi indi deňlik edişiňiz? Biriň alyjy tapdym diýip, beýlekiň satyjy tapdym diýip, artykmaç paý alybermelimi?

– Ulagly äkidip-getireniňi diliňe çolaýaň-maý? – diýip, men alaryldym.

– Senden başga-da ulagly kan-how. Ýeriň-gögüň diregi ýeke özüňdirin öýdýäňmi? – diýip, Sahy hem meni goldady.

– Aslynda başga birini görmeli ekeniňiz-dä. Munyňyz indi namardyň gürrüňi.

– Onda näme edeliň? Şu puly des-deň edip üçe bölüp bolmajagy-ha belli – diýip, men olaryň ýüzüne seretdim.

– Ertir naharhana baryp, günortanlyk edineliň şu pula. Hemmesini sowalyň. Näme düşse, iýip-içeliň! – diýip, Sahy teklip etdi.

Men onuň bu pikirini unamadym. Şoň üçin:

– Meň-ä ertir başga aladam bar – diýip, bahana etdim.

– Ýok, ýok, bolmaýa – diýip, dostum Hatam hem göwnemeýändigini delile getirdi. – Hemme kişiň işdäsi deň däl. Biri horan, ýene biri kem işdä. Ýok, deňlik bolmaýa beýtsek.

– Onda näme edeliň? Tapyň özüňiz bir çykalga – diýip, Sahy janagyryly gygyrdy.

Hatam ýeňsesini gaşap, ýeser gürrüň etdi:

– Bije atalyň!  Men-ä kaýyl bijäme. “Bijeli oglan aglamaz” diýipdirler – diýip, teklibini nakyl bilen berkitdi.

– Sen pikir edip gör – diýip, Sahy Hatama barmagyny çommaltdy. – Häzir meň bijämden otuz müň manat çyksa, hiý, adalatly bolarmy? Esasy iş eden men-ä.

– Meňem eden işim kiçi-girim däl – diýip, öz gezegimde onuň jogabyny berdim. – Bije diýýäniňizem göwnämok. Henize çenli bije çekip, utan ýerim ýok. Şu ugurdan meň maňlaýym pes. Bäş müň manat utdurjagyma gözüm ýetip durka ömür bijä kaýyl gelerinmi?

– Beýle ownukçyl bolmasaňyzlaň! Nädýäňiz-aý? Biriňiz bäş müň manat kem alan ekeniňiz-dä. Şoň üçin Kyýamat gopanog-a! – diýip, Hatam akyl satdy.

– Aý, han aga, Kyýamat gopmaýan bolsa, özüň bäş müň manat kem alaý – diýip men suňşurdym.

– Wah-h, ýaňky myhmana ýene bäş müň goşaý üstüne diýmeli ekenik. Şonda herimize ylaýyk otuz bäş müňden ýetjek ekeni. Kellä gelmändir – diýip, dostum Sahy düwülgi ýumrugyny maňlaýyna urup, çyn ýürekden ahmyr etdi.

Şol wagt telim ýyl bäri işsiz ýatyp, kembagal galan duldegşir goňşym ardynjyrap, ýanymyza geldi-de:

– Goňşy, häliden bäri ala-galmagal bolşup, ýatmaga goýmadyňyz. Näme paýlaşyp bilmeýän zadyňyz bar? – diýip sorady.

– Ýüz müň manady üçe böljek bolýas, birimize bäş müň manat kem ýetýär – diýip, men düşündirdim.

– Onsoň?

– Deň şärik bolup durka kimiň bäş müň manat utdurasy gelýär?

– Haý, goňşy sen-ä! Üç sany sakgally-sarmykly pyýada bolup...

– Şepe-e! – diýip, Hatam goňşymyň sözüni böldi. – Birinjiden-ä, mende sakgal ýok, ikinjidenem pyýada däl. Ine, suw ýaly ulagym bar.

Goňşym Hatama diýýämiňem diýmedi, maňa ýüzlenip:

– Bar dawaňyz şo bäş müň manatmy? – diýip sorady.

Men sessiz baş atdym.

– Me bäş müň manat! – diýip, goňşym jübüsinden epin görmedik täzeje pul çykaryp elime tutdurdy. – Şuň bilen çözülýä dämi dawaňyz? Hany, dagalyň onda! Men ýatjak. Ukym gelýä.

Ana, şeýdip, goňşym biziň çykgynsyz meselämizi duran ýerinde ap-aňsat çözüp beräýdi. Biz oňa rahat gije bilen süýji uky arzuw edip, öýli-öýümize dargadyk.

*22-nji iýul, 2005-nji ýyl. Mary.*

## ÝÜP

*Hekaýa*

Keşde çekilip, gaýma gaýalýan, kiriş ýaly sapak däl bi. Bilek ýogynlygyndaky uly tanap hem däl. Tanapdan inçe. Göze görnen gyzyň örüm saçyndan hem inçe. Çen bilen orta ýaşly adamyň başam barmagyndan-a inçeräk, külembikesindenem ýogynyrak, adaty bir ýüp. Munuň deregi ýüpek, ýüň ýa geçi çöpüri bolman, eýsem, hut pagta süýüminden işilen. Reňki goýy gök bolup, ozalbaşky uzynlygy ýedi-sekiz gulaç dagyn bardy.

Guýudan suw çekmek üçin ulanylýan, kim bilýär, nijembir külpetleri başdan geçiren öňki, köne ýüp halys sary gidensoň, bir gün doly suwly bedräniň agramyna tap getirmän üzülipdi. Onuň bir bölegi öý bikesiniň elinde galyp, beýleki bölegi bedre bilen bilelikde guýynyň düýbüne gidipdi. Onsoň öý bikesi bazara gidip, ine, şü ýüpi satyn alyp geldi. Şeýlelikde bu ýüp heniz täze mahaly özi ýaly täp-täzeje bedre bilen guýa sallandy. Ömrüniň bir ýyla golaýy şol ýerde ötdi. Munuň kömegi bilen günde telim bedre suw çykaryldy. Şunça wagtyň dowamynda munuň kömegi bilen guýudan çykarylan suwy bir ýere guýsaň, uly bir güzer gürrüňsiz emele geljekdi. Ýok, bu ýüp ojagaz suwy götereni bilen ejizlemändi, tapdan düşmändi. Entek güýç-kuwwaty ýetikdi. Içi suwly goşa

bedräni asanyňda-da durkuny üýtgetmän, çydam etjekdigi kesesinden görnüp durdy. Emma bir gün öýüň agyr ýüzli hojaýyny suw sorujy nasos getirip gurnady-da, guýunyň suwuny gara güýje daýanmazdan, tilsimat arkaly çykaryp başlady. Aýalyna-da:

– Wawwasy bar ýaly ulanyň. Döwäýmäň. Ýaman ynjyk zatdyr diýip tabşyrdy.

Bor diýip, äri bilen ylalaşaýmaly aýaly gözüni-gaşyny çytyp, "Seň özüň ynjyk" diýerli göründi. Bir pursat oýurganyp kesä bakdy-da, ters gürrüň tapdy:

– Özünden özi bozulyp, erteki gün bize ýňňyldajak bolsaň, şu wagt ýok et, gözüm görmesin – diýip, öýe getirilensoň yzyna äkidilmejegine göz ýetirip duranlygy üçin aýtdy. Şeýdip, geljekde bolaýmagy ähtimal dawany häzirden öz peýdasyna çözüp goýdy.

Aýalyna juda belet bolansoň, öýüň hojaýyny ätiýaçly gürrüň etdi.

– Özünden özi bozulybermeli bormy, how! Tapýan gürrüňiň näteňet? Iňňeden çykma gopuz ýaly täzeje nasos ahyryn bi . Şalpaň tutman ulansaň, ýaman uzaga gider.

– Şalpaň tutup, näme, bu artybyň üstüne artlaýyn münüp, alys ýere gelnanja gitjek bolýan barmy?

– Gereginden artyk işledip, agram bermeseňiz hiç zadam bolmaz. Esasy zat, motory ýanmasa bolýa. Motory ýansa, bejerjek gümanyň ýok. Şoňa seresap boluň – diýip, äri başardygyndan sypaýy düşündirdi.

Aýaly soňam birgiden içýakgyç hem kejir gürrüňler etdi. Äriniň gitdigiçe ýüzüniň gany gaçdy, boýnunyň ýüzündäki damarlary gatady, ýuwaş-ýuwaşdan eli sandyrap başlady.

Ýüpi bolsa, bedräň sapyndan çözüp aýyrdylar-da, odur-budur saklanýan köne tamyň garaňky burçuna oklap

goýberdiler. Bu ýerde-de ýüp bir ýyla golaý hereketsiz ýatdy. Onsoň bir gün öý bikesi köne tamy dörüşdirip ýörkä ýüpi tapyp aldy-da:

– Asyl bärde ýatyr eken-ä. Ýer ýykyp, gözläp, tapman, biri ogurlandyr öýdüp ýördüm – diýip, öz ýanyndan hümürdäp, kakyşdyryp-silkişdirip, alyp gitdi. Eltip, işikdäki üzüm teläriň maňlaý sütünlerinden adam boýy belentlikde ýuwulan geýimleri serip guratmak maksady bilen daňyp goýdy. Ýüp bu ýerde-de bir ýyla golaý durdy. Şunça wagtyň dowamynda giden egin-eşigiň ýuwulansoň serilip guradylmagyna sebäp boldy. Bir gezek bolsa, uly, agyr halyny ýuwdular. Ýüp tutuş bir günläp ýuwulansoň has-da agralan halyny göterip durmaly boldy. Şol gezek her näçe dartylsa-da, sozulsa-da, üzülmedi, gaýrat etdi.

Soň, gurbanlyk ýetip gelende hojaýyn öý bikesinden soramazdan-zat etmezden, ýüpi tutuşlygyna çözüp aldy-da, tamyň arkasyndaky garrap, gasyn-gasyn bolan erik agajynyň gapdal ösen uly şahasyndan geçirip, körpe gyzyna hiňňillik ýasap berdi. Ine, onsoň hiňňillige öwrülen pursadyndan başlap ýüp töweregiň çagalaryny gezekli gezegine uçurmaga başlady. Emma hiňňillik bolmak ýuwulan geýim-gejimleri guradýan ýüpüň wezipesinden has agyr bolup çykdy. Muňa münýän çaga bolsa-da, eýläk-beýläk hallanlap bir uçýarlar welin, heý çydar ýaly däl. Özlerem üznüksiz, şo-ol uçuşyp ýörler. Ýadanoklaram. Ahyry goňşy çagalaryň biri özüni saklap bilmän, ýykylyp, burnuny ganatdy. Muňa-da öý bikesiniň bijaý gahary geldi.

– Hany, baryň, dagaň öýli-öýňüze. Bu ýeri, näme, çagalar bagymy? Ugraň, ugraň, hiňňillik uçulýan ýer däl bäri – diýip, ol adaty yzgytsyzlygy bilen çagalary kowup goýberdi.

– Senem, gyz, ýok et hiňňilligiňi, häý, hiňňilligi başyny iýmiş!.. Özümçe bar-ýok, galyň uzyn etekliň artykmaç gep-gürrüňi derkaryma däl – diýibem ýeňselerini tüňňerdişip, hersi bir tarapa dagap barýan çagalar hem eşider ýaly gaty sesde gygyryp, gyzyna haýbat atdy. Şundan soň hiňňilligiň töweregi çolardy. Bir ýerden bir samsyk şemal tapylyp, hiňňillik bilen birsellem oýnady-da, irip-ýadap, güw gitdi. Birhaýukdan goňşularyň gurbanlygyndan gerk-gäbe doýan agyr ýüzli hojaýyn geldi-de, uzyn-uzyn gägirip, çilim otlandy. Onsoň ähli agramyny hiňňillige atyp, uçup görmek üçin bat aldy. Şu ýerde ýüp çydamady. Gap bilinde-bir ýerde halys ejizlän ýeri bardy. Ana, şol ýerinden şarpa üzüldi. Üzüldi-de, hojaýyny ýeriň ýüzüne bulap urdy. Hiňňillige, has anygy ýüpe hapa-hapa sögünip, hojaýyn epeý gowresine gelişmeýän çalasynlyk bilen ýerinden galdy. Üst-başynyň tot-tozanyny üfleşdirip-kakyşdyryp durşuna daş-töweregine äňetdi. Hiç kim gören däldir öýtdi. Aýaly gören eken.

– Waý, meň kir serýän ýüpüm! Ak girse-de, aň girmedik, meýit! Doňuz ýaly bolup, nätdiň ony? Çagaň aklyça-da ýok aklyň. Indi men kirimi nirä sereýin? Peýdaňdan zyýanyň kän hojalyga. Garnyňy eşegiň garny ýaly edip... Sypatyň gursun, sypaty guramyş! – diýip, öý bikesi gargyndy.

Äri biraz özüni dürsäp, sapajak-supajak etdi.

– Agzyňa ak gelse-de, gara gelse-de, wyzyrdap durma. Ömürlik zat barmy nä. Ýüpdür-dä, bir gün üzülmeli bor-a. Wagty-sagady gelende adam ölüp gidýä...

Ýüpi welin, iki bölek bolansoňam ýatdan çykarmadylar. Bir bölegini-hä öýüň körpe gyzy özi ýaly çagalar bilen ýüp bökdi oýnuny oýnamak üçin aldy. Bäş-on gün oýnansoň, irdimi ýa başga has gowy ýüp tapdymy,

muny bassyrmanyň aşagyna oklap goýberdi. Beýleki bölegi bolsa erigiň gapdal ösen uly şahasyna oralşyna birki aýlap ýatdy. Onsoň bir gün öýüň agyr ýüzli hojaýyny ýeňil ädimler bilen şäherden kiçijik güjük alyp geldi. Ýaňy süýtden kesilen it çagasyny erik şahasyna oralgy duran ýüp bilen daňyp goýdy.

Aýalynyň muňa bolmajysy boldy:

– Öýlänligiňi ölüp tapýan halyňa, ýeri, iti nämetjek? Özüňi oňardyň-da, indi it galdymy?

– Şul öýden jabjynyp, sen girip-çykyp ýörkäň başga it geregem däl, welin, onda-da durumsyzlyk edip alaýdym, seni ýekesiretmejek boldum. Aý, ýürek ýuka-da... Ýöne ahmal bolma, bi seňňäly ganjyk däldir, erkek güjük bi – diýip, keýpi kök hojaýyn ömürboýy tütünsiz ýakyp gelen aýalyny duzlady.

– It ýaly bolsamam, ýene senden gowudyryn. Sen itçe-de ýok. Doňuz sen. Içip, mesirgäp, gören ýeriňde ýatyp-turup ýörsüň. Hapysa, haram meýdiýanan... – diýip, öý bikesi hem munuň bilen deň sanaşdy.

Agyr ýüzli hojaýyn aýalynyň kemsitmelerine jogap hökmünde ýasama äsgermezçilik bilen it ýylgyrşyny edip, güjügine ýüzlendi:

– He-eý, janawer, bir ganjyk heleýe deňedi diýip, menden gaty göräýmegin. Aslynda bi heleý sençe ýok. Ýöne nätjek, alaç ýok, ikimiziň maňlaýmyzda bardyr-da muň elinden çörek iýmek. Men-ä, näme, ömürboýy...

Hojaýyn güjügine ýüzlenip aýdyp duran sözlerini soňlamaga ýetişmedi. Sebäbi bu gezek öý bikesi onuň bilen deň sanaşyp durmagy artykmaçlyk hasap etdi-de, gapdalynda duran suwly taňkany ärinden dazyrdadyp saldy. Emma taňka nyşana degmedi. Guýrujagyny bulaýlap, hojaýyna ýalynjaňlyk edip duran güjüge

gyltyzyrak degip geçdi. Beýle zada garaşmadyk güjük çyňsady, urundy. Nirä-de bolsa, bir ýere sümülmek üçin gaçmaga synanyşdy. Emma ýüp goýbermedi.

Är-heleý bolsa mundan soňam bir-birine diýmesiz sözleri diýip, aýtmasyz zatlary aýdyşdylar.

Şol gün agşam güjük çyňsama gatyşykly uzyn-uzyn uwlamasy bilen öý eýelerini gaty birahat etdi. Ertesi hojaýyn güjügi şähere äkidip, zyňyp geldi. Şeýlelikde ýüpüň bir bölegi güjük bilen gitdi.

Ýüpüň beýleki bölegi welin bassyrmanyň aşagynda çaň basyp, kän ýatdy. Bir günem agyldaky iki goýnuň biri aşa düşüp, ýüzüni sallady.

– Kaka, goýnumyz pyçaga gelipdir – diýip, körpe gyzy ejesiniň öwreden sözlerini kakasyna ýetirdi.

Agyr ýüzli hojaýyn böküp ýerinden galdy-da, agyla tarap haýdady. Ine, şu ýerde ýüpüň galan bölegi goýny güýlmek üçin gerek boldy. Güýldüler. Damagyny çaldylar. Onsoň, näçe ýyldyr, guransoňam henize-bu güne çenli sogrulman duran garaly agajyndan asyp soýmak üçin hem şu ýüpi ulandylar.

Hojaýyn goýny soýup bolup, damakgan akdyrylan çukuryň üstüne atylan çöp-çalamlary ýakyp otyrka:

– Şular ýaly heleýiň bolsa, malyň ýa aç öler, ýa-da aşa düşüp öler – diýip, burnuna salyp hüňürdedi.

– Gyrylsyn! Ölsün! Bolmanam äriň kartkeş bolsa, malyňam artmaz, zadyňam! – diýip, öý bikesi hem gep alyp galmady.

– Ataň öýüňe daşap ýörseň, zadyň artarmy?

– Daşajak. Öl, ölýän bolsaň. Sen ýaly tapanymy kärtkeşlere ýal etmesem bolýa... Seni adam eden meň atam öýüm dälmi?

Şol gezek bular sögüşip, ýüpi ýatlaryndan çykardylar. Soň kimdir biri ony bassyrmanyň aşagyna oklady. Ýüp bu ýerde-de idegsiz kän ýatdy.

Howa sowap, gyş golaýlap, dünýäň ýüzi wagtlaýyn tukat keşbe giren mahaly öý bikesi sögünip-gargynyp, bu ýüpe çykap, işikden mellegiň aýagujyna gyzyl çybyk bolup ýatan gowaça küdesini daşady. Onsoň gysgaragam bolsa, ýene bir zerur zadyma ulanaryn diýip, ýüpi üzüm agajynyň şaha bölen ýerine gysdyryp goýdy.

Başga bir bisähet gün gündiziň günortany öý eýesiniň ýeňles duýgulara hem bipeýan oý-pikirlere akyl-huşuny aldyran, hüwjük saçly, neşebent ogly bir ýerlerden ýüzüni ak tam edip geldi-de, özüni asyp heläklemek niýeti bilen ýüpi bassyrma agajyndan aýlap geçirdi. Halka ýasady. Dözümli-dözümli çekişdirip, berkdigini ýa däldigini barlap gördi. Aýagynyň aşagyna ýemşik-ýumşyk köne bedräni düňderip goýup, halkadan boýnuny geçirdi. Onsoň pikirlenmän-zat etmän, bedräni depip goýberdi. Ýok, bolmady. Ýalňyş ölçän eken. Ýüp uzyn bolup, aýagy ýere degip dur. Bu ýagdaý asylyp ölmäge ýeterlik sebäp bolup biljek däl. Nätmeli? Etjek alajyň ýok. Ajalyňa gol bulaýanyň çyn bolsa, ýüpi gysgaltmaly. Aýagyň aşagyna-da bedre däl-de, hol çelegi düňderip goýmaly. Ol ilki bilen çelegi düňderip goýdy. Ýüpi hem biraz gysgaltdy. Emma bolmajak bolsa bolmaz eken.

– Waý-ý, il-gün ýeteweriň! Dat-bidat, ýeteweriň-uw! – diýip, öý bikesi iniňi tikeneklediji gorkunç hem çirkin ses bilen gygyryp, bir ýerden peýda boldy. Ajal kerwenine daklyşmak üçin ber-başagaý bolup duran oglan oslagsyz, haýýar sese ziňk edip gitdi. Ejesi bolsa eýýäm haçan ýetip gelip, ýaňky köne bedräni oglundan aýlap saldy. Bedre

nyşana jaýdar degdi. Ogly “hyk” edip, bir büküldi-de, şol pursadyň özünde zut gaçyp gitdi.

Öý bikesi ak tam bolan repide ýaly ýüzüni gaharly görnüşe getirip, özüni aşak goýberdi. Uçjak guş ýaly galpyldap oturşyna edil häzir aglamalydygy ýadyna düşmedi. Onsoň elleriniň, aýaklarynyň titremesine, ýüreginiň adaty däl gürsüldemesine, sesiniň sandyramasyna we üýşüp gelen goňşulara kän bir ähmiýet bermän:

– Wah, tohumy tükenen! Seň atańdan nä gün gördüm men... Aňsat ölüm gözleýäňmi, ýerýuwdan! – diýip gargyndy.

Bassyrma agajyndan ýüpi çözüp aýyrmadylar. Yrym edip, gara towuk asdylar. Soň ýüp towuk bilen bilelikde nirädir gürüm-jürüm boldy.

*Maý, 2010 ý. Mary.*

## HAM-HYÝAL

*Hekaýa*

Allaň özi abraý berewersin, Bazar ýeke-hä ýatyp-ýatyp, bir sarydiş aýaly duluna geçirmek barada ham-hyýala münendir!

Nurgylyjyň "Dul halky gaty oýnatgy bolar eken. Başy boş heleý hakda näme gürrüň etseň, güp ynanýar" diýenini ol eşitmedi öýdýän. Ýa eşidibem eşitmezlige saldymyka? Aý, ýok, eşiden däldir. Eşiden bolsa, hökman yzyna dolanardy. Nurgylyjyň dagy-duwara şular ýaly samsyk oýun etmezligi üçin içikdiriji sözleri suňşurardy. Iň bolmanda ýaşy altmyşdan geçen adamy oýnamagyň utançdygy, öziniň her bir aýdylan gepe ynanyp ýören oýnatgy däldigi barada, garaz, bir zatlar diýerdi. Eger muňa-da bogny ysmasa, onda öýke-kine ederdi. Ýok, Bazar ýeke öýke-kine etmedi. Gaýtam, öz ýanyndan Nurgylyja alkyş okady, ony tapbiler, aladaçyl oglan hasap etdi, özüne ýakyn hossar saýdy.

Garaňky gatlyşansoň, ol janyny gul-gula salýan meseläniň ilki-hä anygyna ýetmek üçin, soňundanam, eger ugruna bolsa, çynyrgatmak niýeti bilen Artyk Garanyň

ýanyna bardy. Barsa, Artyk Gara çiň-arkan düşüp ýatyşyna Gurhandan aýatmy, süremi, gaýtalap okap, dilini ýençýär eken.

Bazar ýeke:

– Pah, pah, tüweleme, tüweleme! – diýip, özüniň gelendigini duýdurdy. Onsoň gysgajyk salam-helik alyşdylar. Öý eýesi myhmana oturara ýer görkezensoň:

– Ýekäm, işdäň bolsa, çekinme, nahar getirsinler, mürähed-ä däl – diýip, mürähet etdi.

– Bereket bersin, şepe, men naharly, ýaňja iýdim – diýip, Bazar ýeke-de öz gezeginde ýalan sypaýçylyk bilen jogap gaýtardy.

– Şeýlemi? Seret ýagdaýyňa, soraýa diýme ...

-Diýmen, diýmen.

– Nememi, ýekäm, senem gara içýäňmi?

– Men çaý dannamok, şepe, gök, gara, parhy ýok.

– Al, onda, ine, gara çaý şü. Oňat demini alan bolmaly – diýip, Artyk Gara demlenip, basyrylyp goýlan, çärýeklik diýilýän kiçijik çäýnegi myhmanyň öňüne süýşürdi. – Sen maňa seretme-de, içiber. Gün ýaşansoň çaý bilen kän bir ugrum ýok...

– Böwrek heläk edýämi?

– Bo-ow, gaty heläk etýä. Ind-ä mekge gulpagam peýda edenok.

– Böwregini kesdirip ýörenem-ä bar. Peýda eder öýtseň, senem kesdirip goýbärler. Baýak Hojagulyň heleýi bir böwregini kesdiripdir diýdiler. Nepi degendir, girip-çykyb-a ýör.

– Ih! – edip, Hojagulyň ady agzalandan Artyk Gara dikeldi. – Hol arada ýüzüni garaňka tutup, Hojaguly geldi. Gelip, oýkanjyrap otyr. "Beh, bu näme, haw, azaşyp dagy düşdümikä? Mundan öň tapýan gapysy däl bu. Halymy

soramaga gelmedig-ä belli" diýip otyryn. Oturyp-oturyp, iň soňunda näme diýendir öýdýäň?

– Ýeri, näme diýdi?

– Namaz öwredäýseň diýýä. Baý-bo-ow, senmi namaz okajak diýdim.

– Be, be, şü Hojagulymy? – diýip, Bazar ýeke çyny bilen geň galdy.

– Hakyt şü Hojaguly.

– Ýa-heý, walla, oň sypaty namaz okajaga meňzänog-a.

– Menem diýdim şony. "Bi göwräň, bi garnyň bilen nädip eglip-galjak" diýdim. "Oýun etmesene" diýýär. "Aý-how, oglan, oýun däl, çypbakaý çynym, garnyňdan habaryň barmy, nädip synja kyljak" diýdim. "Synja näme bolýar" diýýär gaýtam. "Sen synjanam biljek bolma, beýlekinem" diýdim. "Namaz seň işiň däl, hötdesinden gelip bilmersiň" diýdim. "Bu gün başlan ýaly edersiň, ertirem başarman taşlarsyň" diýdim. "Öňem-ä bir aşyk abraýyň ýok" diýdim.

Bazar ýeke Artyk Garanyň soňky sözleri hakykatdan hem diýenligine güman edip:

– Bä-ä, şepe, göni şeý diýdiňmi? – diýip sorady.

– Diýdim. Göni şeý diýdim. Hä, name oňarmandyrynmy?

– Ýok, ýok, oňarypsyň, sazlapsyň.

– Ýekäm, men, dogrusy, namaz öwretmegi zähmet göremok. Ýöne bi Hojaguly Hudaýa al saljak bolýar. Ana, şony halamok.

Bazar ýeke düşünmedi.

– Hudaýy aldaryn öýdýär. Hojagula özüni aldatsa, ondan Hudaý boljakmy?! – diýip, Artyk Gara ýene düşnüksiz gürrüň etdi.

Göz öňünde Hojagulyň keşbi anyk janlasa-da, onuň nähili ýol bilen Hudaýy aldajak bolýandygyna Bazar ýekäniň akly kesmedi. Şoň üçin ol:

– Hojagulyda oýun köpdür. Her zat eder – diýip, dagynyk gürrüň etdi.

– Döwi gelen wagtlary hökimeti talap, ogurlyk edip, halal-haram ýygnady. Indem namaz öwrenäge-de, Hudaýyň öňünde akja jüýje boljak bolýar. Eýsem, häzir men saňa agzymdan gelenini aýdyp, hapa-hapa sögsem, soňundanam "Wiý, bilmändirin, bagyşla" diýsem, nähili bolar? Be-e, bolmaz-a, oglan!

– Bolmaz, bolmaz.

Ondan-mundan bimany gep atyşyp, ýene biraz oturdylar. Nurgylyjyň gadyr bilmez ärden ýanan, indem ýekelik dagyny çekip ýatan başy boş aýal baradaky süýji gürrüňleri Bazar ýekä teý ynjalyk bermänsoň, ol ýaýdanybraga-da esasy gürrüňe ýol arçady:

– Şepe, senden bir zady soraýyn diýip ýördim. Sen bilýäň diýdiler...

Artyk Gara sesini durlamak üçin ýeňil ardynjyrap:

– Weý, soraber, soraber, bilýän zadymy aýdyp bereýin – diýip, ätiýaçly jogap berdi.

– Nememi, şü ýokarky gatlada oturýan Jumany tanaýaňmy?

– Juma... Juma... Juma...

– Bir ýerlerde ketde diýdiler. Siziň edaraňyzda başlyk dagam bolaýypdyr öýdýän.

– Ih, Juma garynmy?

– Juma garynmyka? Şodur-la. Tanaýaňmy şony?

Artyk Garanyň ýüzüne dabara indi. Ol içki joşgunyny diline getirip, höwesli gürledi.

– Pah, Juma garyny ýasanam tanaýan. Kakasyna Öwezgeldi syrnyh diýerdiler. Ady özüne şaplaşyp dur. Syrnyh diýseň syrnyhdy. Ömür boýy nas atandyr welin, öz adyna kädisi ýokdy pahyryň. Il bir gowy zat, ölýänçä nasy iliň kädisinden boldy. Ýogsa, pohdan ýasalýandyr, baha-da ýok... Ýekäm, sen menden uly bolubam tanaňokmy şony?

– Şepe, sen köpüň adamsy, çakylygyň kän, tanyş-bilşiň köp – diýip, Bazar ýeke öý eýesine gop berdi. – Ýöne adyny eşidýärdim, gören bolmagymam ahmal toýda-beýlekide. Juma garyn...

– Juma garynyň özüni kakasyndanam gowy tanaýan. Gaty belet çöpüm. Pensiýa çykmazymyň öň ýany edarada prorab boldy. Häzirem şo ýerde. Kakasynyň pohuça-da ýokdur. Salam-heligem bilenok. Edarany tozduran şo-da.

– Bizden-ä birki müçe kiçi öýdýän?

– Gowrak kiçidir. Garyn salyp, gomalyp ýörensoň, ýaşyndan uly görünýändir. Baý, özem bir hapysa welin, tabakdaş bolar ýaly däl. Men-ä näme, özüň bilýäň, gabady gelse, gönümelligimi edip goýberýän. Çekinip duramok. Bir gezek şäherde biriniň sadakasynda otyrkak gaty gaharymy getirende dalap aldym. “Sen dagyn heleý bolup dörän bolsaň, är almazdy” diýdim. “Äwüp-säwüp, bir bagtyýanyň başyndan iläýseňem, günde eş-şek ýaly taýak iýerdiň” diýdim.

Şepesiniň şol sözleri Juma garynyň göni ýüzüne gelip diýendigine şunça güman etse-de, Bazar ýeke ýene onuň ugrundan gopdy.

– Bä-ä, duzlapsyň-aý! – diýdi.

– Gaty duzladym. Ölinçä içinden çykmaz ýaly edendirin. Şondan soň meň bilen kän ugry bolmady. Salamam ajal ýaly sowuk. Pensiýa çykalym bär-ä

göremogam. Arada gürrüň etdiler heleýiniň talagyny beripdir diýip.

Şu ýerde Bazar ýekäni galpyldy basdy. Ýüzi gyzdy. Ol beýnisine baryp urýan gyzgyn ganyň sarsgynyny açyk eşitdi. Ýeke dyz oturyp, ykjamlandy-da, Nurgylyçdan eşidenlerini sowal hökmünde gaýtalady:

– Hany, o heleýiň özi turup giden ýaly-la?

Artyk Gara "Sen ony kimden eşitdiň?" diýmedi. Diýen bolsa Bazar ýeke näme jogap bererdi?

– Heleýiniň turup giden ýeri ýok, ýekäm. Otyr. Menden sora. Oň sebäbi bar. Juma garyn bireýýämden bäri şäherde heleý saklaýa. Gazanjy oňat bolansoň, şu çaka çen bildirmän gezipdir. Onsoň bir ýerden gulagyna ýetendir-dä, bi heleýi muny biläge-de, Juma garyny öýünden kowýar.

Bazar ýekäniň gözleri uçganaklady.

– Bä, bä, ýaman heleý oguşýan?

– Günäsini it götersin welin, o heleýiň özüniňem gep-gürrüňi ýetik. Çermegine onçakly gaýym däl ýaly.

– Şäherdäkisiniň, ä?

– Ýok, haw, gatladakyň gürrüňini edýän, başdaş heleýi. Şäherdäkisiniň näçe deryaň suwuny içip, haýsy güzere näçe inenini Ýokarky bilen özünden başga bilýän ýok.

Bazar ýekäniň muňa ynanasy gelmedi.

– Haýt, haýt, şepe, gatyrak gitdiň öýdýän. Juda bir beýle-de däldir – diýip, ol halys ynjalykdan gaçyp sorady.

– Hergiz gatyrak gidýän däldirin, ýekäm, göwnüňedir.

– Görmän-bilmän biriniň maşgalasyna eýle-beýle diýip, günä göterme diýjek bolýan.

– He-eý, ýekäm, ýa sen meni gepletjek bolýaň, ýa-da... A-haw, oglan, düzüw maşgala bolýan bolsa, Juma garyna ikinji heleý bolup barmaz-a.

– Ähtimaldyr. Ikinjisi şeýledir. Şekim ýok. Ýöne başdaşy asylly maşgala ýaly-la? Biz-ä tanamzok, dogrusy.

– Weý, sen tanamasaňam, biz tanaýas ony. Başdaşyna asyllylyk sürtseňem ýokmaz. Tüýs Juma garynyň taýy. Ýurtýykan, darsdaban. Men o heleýi birinji gezek göremde tanadym. Juma garynyň alkymyna dykylyp, iki elinem bykynyna urup, bir zat öwredip dur eken. Bir-ä ärine zat öwredýän heleý, birem iki elini bykynyna urýan heleý düzuw däldir. Hergiz bilip goýgun, ýekäm.

– Çermegine gowşagrak diýdiň welin...

– Gowşagrak däl, gaty gowşak. Asyl çermeksiz.

– Sen ony birinden eşitdiňmi?

– Birinden däl, kän adamdan eşitdim. Görenem bar. Juma garynyň özem bilýär diýdiler.

Şundan soň Bazar ýekäniň iň soňky umudy hem puç boldy. Onuň ozalam sykyma gelen göwresi hasam kiçeldi. Gowşady. Onsoň ol dagy näme diýerini bilmän:

– Geň-taň göremzok – diýdi.

– Juma garyn sataşan bolsa gerek. “Deň etmän, duş etmez” diýýär. Duşmanyň heleý bolmasyn!.. Juma garynyň nädip prorab bolanyny eşitdiňmi, ýekäm?

Bazar ýeke höwessiz:

– Ýok – diýdi. Bu gürrüňi onuň diňläsiniň gelmeýändigi kesesinden görnüp durdy.

– Häzir men  derrewjik ýassymy okap alaýyn. Onsoň aýdyp beräýerin.

– Täretiň barmy? – diýip Bazar ýeke juda dymyp oturmazlyk üçin sorady.

– Täretim bar.

Artyk Gara namazlyga mündi.

Hezili gaçansoň, Bazar ýekäniň çaý bilen hoşy bolmady. Ellerini bykynyna tutup, üstüne abanyp duran haýýar aýalyň keşbi onuň oý-pikirlerinde ýigrenç gatyşykly düşnüksiz gussa döretdi. Öý eýesi namazlykdan düşen dessine ol gürrüňi başga ýana sowmak maksady bilen:

– Şepe, ine, şu namaz okalyp bolansoň, iki egniňe salam berilýär. Şoň näme manysy bar? – diýip, ýalandan gyzyklandy.

– Pah, şonam bileňokmy? Dawut pygamberden galan ol. Dawudyň kyrk ogly bolan. Kyrk ogluna ymam bolup, namaza durar eken. Onsoň bir gün namaz okap durka "Ýer ýüzünde men ýaly kyrk ogluna ymamlyk edýän adam barmyka" diýip, men-menlik edýär. Namazy gutaryp gezekli-gezegine iki eginiň üstaşyry yzyna seredýär. Seredýär welin, kyrk oglunyň kyrkysam seždä gidipdir-de, gatap galypdyr. Ana, şondan galan. Ana, men-menlik etseň! Hudaýyň gazaby güýçli. Juma garyn Hudaýyň gazabynyň müňden birinem görenok entek. Hojagulam görenok. Görerler. Bihasap zat barmy nä?

Bazar ýeke "Hojaguly nireden geld-aý bu gürrüňe" diýip pikir edip otyrka Artyk Gara oslagsyz sowal berdi:

– Ýekäm, sen Juma garyny nämüçin soranyňy aýtmadyň-la ?

Bazar ýeke gümp-samp etdi:

– Aý, gerekdi bir zat üçin.

Şu ýerde Artyk Gara çyn gatyşykly degişme sowal bilen:

– Ýa oň heleýine-zadyna göwnüňi böläýdiňmi? Ä? – diýip myhmanyň ozalbaşky niýetini bildi oturyberdi.

Gönümel turup gaýdybermäniň ebeteýini tapman oturan Bazar ýekäniň ýüzi boz-ýaz boldy.

– Şepe, aýaly ölen men bolsamam, heleý seň ýadyňa düşýär. Bu ýaşdan soň heleý alyp bolasy ýok, çagalaň göwnemejegi bes-belli. Men ýöne o tüki Juma garyn edara ketdesi diýensoňlar, seňem ony oňat tanaýanyňy eşitdimde, öýdeş ogluma bir işjagaz soraly diýjek boldum – diýip ol ýalan sözledi.

– Päh-heý, ýekäm, oňardyň-ow. Juma garyn çözenog-a ony, başlyk çözýär. Juma garyn ketde däl, prorab, gemriji prorap. Nädip prorab bolanyny aýdyp bereýinmi?

Bazar ýeke "Aýdyp berme" diýip biljek däldi. Artyk Gara-da şepesiniň gürrüň gińlemäge höwessizdigini göze dürtülip duran hem bolsa, eger-eger duýanok. Ine, şular ýaly biri üçin gyzykly, beýlekisi üçin ejirli pursatlaryň birinde daşarda it üýrdi we itden gorkan çaganyň "Wä-ä!" diýen sesi eşidildi. Onsoň ýa-ha biri gelip, iti kowdy, ýa-da çaganyň çirkin sesinden gorkdy öýdýän, itiň sesi çykmady.

Artyk Gara gapydan kellesini çykaryp:

– Küç-aýt, ýat keläňi galdyrma!.. Kim, haw, sen? – diýip gygyrdy.

Aňyrdan itden gorkan oglanyň sesi eşidildi:

– Artyk kaka, atam ýaranok welin, kakam gelip gidäýsin diýýä, ýagdaýy agyr diýýä.

– Kimiň ogly, haw, sen? Şirli agaň agtygymy?

– Hawa. Kakam aýdýa, ýasyn okap bersin diýýär. Gaýrat etsin diýýär...

– Bor, köşek, ine, bardym, häzir barýan.

Artyk Gara eýýämhaçan gitmäge hyýallanyp, ýerinden turan Bazar ýekäniň ýüzüne seredip durşuna:

– Ýasyn okatjak bolsalar irräk äwmeli eken. Giçden soň bolarmyka? – diýip öz-özi bilen gürleşdi.

Muny özünden soraýandyr öýdip pikir eden Bazar ýeke:

– Ýasyndyr-da. Hawa bolar. Iri-giji bolmaz-a – diýip jogap berdi. Yz ýanyndanam duýdansyz peýda bolan Şeýtan şübhesinden ätiýaç edip:

– Men-ä bilmedim, şepe, özüň gowy bilýäň bolaýmasaň – diýdi.

– Näçe gün bäri başyny saklap otyrlar welin, biz ýaly bigeleň ýok, halyny soramaga-da barmadyk, indem ýasyn okamaly... Hany, ýör onda, bileje baryp gaýdaly.

– Men barmaýyn, şepe, bir hili görerler. Ertir ir bilenjik baraýaryn men. Sen özüň her zeýilli bir neme...

Garaňky çatrykdan olaryň hersi bir tarapa sowuldy.

“Şü deýýus Nurgylyjam it ýylgyryşyny edip, ýaman ýeser gürleýär welin, düzüw adam däl” diýip, Bazar ýeke gaharly pikir etdi.

*Ýanwar, 2011. Mary.*

## UKY PILLESI

*Hekaýa*

Kimdir biri meniň egnimden tutup, yralady:

– Tur-eý, şepe, bärde beýdip ýatma!

Allajanlarym, nirede ýatyrkam? Nädip ýatyrkam?

Düýn gyzar ikindinler aňrybaş azgynçylygy üçin önelgesiz aýalymy zäherläp öldürmegi ýüregime düwüpdim. Muňa öňem üç gezek dagyn synanyşypdym, emma het edip bilmändim. Şu gezek welin ýüregimi bire bagladym. Awyny onuň içýän suwuna goşup, wakanyň soňunyň näme bilen gutarjakdygy barada pikir etmän öýden çykyp gaýdypdym. Soň çola garbanyşhanalaryň birinde ýarygijä çenli oturyp, çakyr içdim. Köp içenimi bilýän, gabanyşhanadan çykyp gaýdanymy bilýän, ýolda, bir ýerde ögäp, gusanymy hem bilýän. Ondan soň nirä gidenimi, näme edenimi bilemok.

Ýene-de biri egnimi yralap, şaňňy ses bilen:

– Işigaýdan uzak gije şu ýerde ýatdymyka? Tur-eý, bar öýüňe gidip ýat – diýdi. Men bu sesiň eýesinden kömek sorap bir zatlar diýmekçi boldum welin, hiç dilim diýen etmedi. Edil häzir ýerimden turmalydygymy bilýän welin, halysalla gözümi açyp bilemok. Mejalym ýok. Kelläm

güwläp, beýnim çogup barýardy, süňklerim, süýeklerim yzalydy, göwrämde ysgyn-mydar galmandy. Gursagymda düşnüksiz agyry bardy, çep tarapym şeýle bir agyrdy welin, men özbaşdak aýak üstüne galyp biljekdigime şübhe edip ugradym.

Uklapdyryn.

– Elleme! Eliňi degirme diýýän saňa! Ölen bolsa nätjek?! – diýen sese oýandym.

Muňa edil gulagymyň düýbünden başga bir ses jogap berdi:

– Ölmändir. Ölübermeli bormy? Demi gelip-gidip dur-a.

Çaky, kimdir biri üstüme abanyp duran bolmaly.

– Näme bolupdyr? Kim o ýatan? Tanaýaňyzmy? – diýip, bilesigeliji aýal sesi gyzyklandy.

– Tanamzok, bilemzok – diýip oňa gysga jogap berdiler.

Aýal, garaz, anyklamak isledi öýdýän:

– Içip, köçede ýatyp-turup ýören serhoşyň biridir-dä. Şeýlemi?

Oňa hiç kim jogap bermedi. Ýa-da jogap berendirler-de, men eşiden däldirin. Sebäbi uka gidipdirin. Oýanamda kimdir biri aýagymdan tutup, süýreýän ýaly boldy, üzlem-saplam sesler eşidildi.

– Aňkap dur, içip-içip, agzy gyşaryp gidipdir.

Öňem içýärdim, ýöne agzym gyşaran ýeri ýokdy. Köp içen wagtym ertesi ir bilen kelläm hüňleýärdi welin birki bulgur jyňkydardym. Onsoň dünýäm düzelerdi. Häzirem şeýdäýsem, näderkä? Düzelermikä? “Düzelmez” diýip içimden bir ýerden ses gelen ýaly boldy. “Gözümi açyp bilermikäm onda?” diýip, şol sesden sorasym geldi. Entek soramankam “Hiç zadam edip bilmersiň. Indi seňki

gutardy” diýip, ol ses heşelle kakdy. Onsoň: “Nämüçin? Sebäbini aýt!” diýdim. Bilemok diýdi. “Sen kim onda?” diýdim.

Şol wagt başga biri sögünip, tüýkürindi:

– Ö-ök, tfu-u, hapysa haramzada, gusup üstünde ýatypdyr-a. Tfu-u!

Ine, şu sözlere öler ýaly namys etdim. Utandym, gözümi açyp bilmeýändigim bähbide çekdi, gözüm açyk bolan bolsa, ýer ýarylmazdy, menem girmezdim.

Ýagdaýym öwerlik däl ýaly. Ony duýup ýatyryn. Meni näme-de bolsa bir zat etmelidiler. Belki, lukmana görkezmelidir, heý, bu adamlaň içinde maňa kömek etjegi tapylmazmyka? Çep gursagymdaky güýjeýän agyry bilen agzymyň gyşaranlygy baradaky gürrüň mende duýdansyz gorky döretdi. Böküp ýerimden turaga-da, näme-de bolsa bir zatlar edesim geldi. Ýöne, ol-a böküp turmak ekeni, hatda gözümi-de açyp bilmedim.

– Muň öýi-öwzary ýokmy? Çaga-çugasy, heleýi-hossary bardyr-a? Hany, tanaýan barmy şuny? – diýip, biri sorady.

Meni tanan ýok bolara çemli, hiç kimden ses çykmady. Gözüm açyk bolan bolsa, ähtimal, meni tanan tapylardy, tanamasalar hem gözüm bilen ümläp, ýagdaýymy düşündirerdim.

– Bular ýaly-da öý-öwzar, çaga-çuga, heleý nireden bolsun – diýip biri akyl satdy.

Dogry, çaga ýokdy, kireýine ýaşaýan-da bolsam, garaz, sümülere külbäm bardy, zäher içip ölmedik bolsa aýalymam bar. Barmyka? Ýa öläýdimikä? Düýn samsyklyk edäýdim öýdýän. Zäher bermeli däldim. Azgynçylyk etse-de, bihaýa bolsa-da, aýalymyň ýüregi ýumşakdy, dözümsizdi, maňa örän mylakatlydy. Aslynda öňki edişim

ýaly onuň bilen aýrylyşyp oturybermelidim. Iki ýyl mundan ozal ýeňlesligi üçin ony kowup, başga birine öýlenipdim, ýöne pahyryň ömri gysga boldy, ýarym ýyl töweregi ýaşaşanymyzdan soň, keselläp öldi. Onsoň nesibe çekip, muňa ikinji gezek öýlendim. Bir sebäp bilen ajaldan gutulan bolsa, onuň meni tapyp, ýygnajakdygna ynanýan.

– Ulagyň aşagyna düşüpmi? – diýip, meniň ýagdaýymdan bihabar biri sorady.

Öte eşiden başga biri:

– Ulagyň aşagyna düşüpdir. Haramzada kakybam durman gidendir – diýip, näbelli birine nähak gargyndy.

Oňa şo bada ýerli ýerden jogap berdiler:

– Ulag geçýämi şu ýerden?

Ulag kakan bolsa, yzy-beýlekisi bolmaly. Heý, şu ýerde ulagyň yzy görünýärmi?

Ýene-de uklapdyryn. Oýanamda bir ýyly eliň ýüz-gözümi sypaýandygyny, gabagymy galdyrjak bolýandygyny duýdum.

– Ýagdaýy gowy däl. Hany, köwşüni çykaryp, dabanyny gyjyklaň – diýip, dury sesli erkek adam gorkunç gürrüň etdi. "Bu adam lukman bolsa gerek" diýip öz ýanymdan çak etdim. Şu çaklama mende "Iň bolmanda keselhana äkiderler" diýen umydy döretdi. Şujagaz umydy söýget edinip ýatyrkam:

– Gyjyklamak nämä gerek? Sowuk suw guý üstünden oýarjak bolsaň – diýip, sesi ýaňy ýognan ýetginjek samsyk gürrüň etdi.

Birbada hiç hili ses eşidilmedi. Meniň bu bolup ýatyşymdan üýtgeşik tomaşa tapyp bilmedik adamlar işli-işi bilen bolup dagadylar öýdýän. Ýok, dagamandyrlar. Dury sesli adam hem gitmändir.

– Aý, ýok, ýagdaýy gowy däl. Gyjyklanyňy hem bilenok. Aýaklary buz ýaly. Insult diýen ýaly bir kesel bolaýmasa... Kakam pahyryň keseli – diýip, ol howsala düşüp habar berdi.

Bu ýakymsyz, elhenç sözler meniň ýaşaýyşa bolan ähli umydymy püçege çykardy. Çaky, ol dabanymy gyjyklapdyr. Menem ony duýmandyryn. Aýagym sowap başlapdyr. Boldy. Gutardy. Hemme zat gutardy. Ölüm pillämi gelipdir. Ýerimden böküp turagada, nämedir bir zatlar diýip gygyraýasym geldi. “Azara galma. Häli aýtdym. Hiç zat edip bilmersiň. Indi seňki gutardy” diýip içimden şol öňki ses gaýtalady.

– Ýok, men lukman däl, başym çykanok, kakam pahyram şeýdip ölüpdi, şondan bilýän – diýip, sesi dury adam kimdir birine düşündirýärdi.

Ýene-de irkilipdirin.

– Eý, Hudaý, bendeleriňe Özüň rehim edeweri! Eý, Hudaý, ýazykly bendeleriň bilen deň bolmaweri! Eý, Hudaýjan-eý, Özüň ýalkaweri! – diýip, haýsydyr bir takwa kişi gulagymyň agzynda samyrdady.

Bular ýaly adamlara men belet. Bular ýöwsel, ejiz adamlar. Bardygy, ýokdugy näbelli bolan Hudaýy diliniň senasy edinip, özleriniň ejiz taraplaryny gizleýärler, ynanjaň adamlaryň arasynda takwasyrap, kemter ýerlerini ýapara bähbit araýarlar. Meniňem dilimiň gysga ýerleri bardyr. Edil beýleki adamlar ýaly, menem bularyň Hudaý diýýäninden zyýan-a çekmedim welin, ýöne peýda-da görmedim. Ýogsa, aýdyşlary ýaly, kömegi degýän bolsa, rehim edýän bolsa, meni gözden salmaly däl. Men ýerden ýeke çykan, hossarsyz, kimiň dünýä getirenini bilemok, bilýän zadym, şu çaka çen elpe-şelpe durmuş görmedim. Ýaşaýyş ugrundaky göreş meni kän kösedi. Onsoň şular

ýaly agyr güne düşemde derdinere ýürekdeş gözleýän. Häzirem tarsa ýerimden galaga-da, şu takwa kişä ajaldan gorkmaýanymy aýdasym gelip dur welin, kem-kemden güýjeýän gursakdaky agyrym bilen çogup barýan beýnim hiç maý berenok.

Ahyry aladaçyl biri tapylyp, töwregindäkilere:

– Lukmana habar etdiňizmi? Çagyrmaly ekeniňiz-dä – diýdi.

– Lukman nämesine gerek munuň. Gowusy, polisiýany çagyrmaly – diýip, meniň ýagdaýymdan bihabar biri öz pikirini aýtdy.

– Garaz, lukman bolsun, polisiýa bolsun, habar etmeli-dä. Bu ýerde beýdip ýatsa bolmaz-a. Haýsy bolsa-da biri ýygnamaly bolar-a – diýip, ýaňky aladaçyl adam aýtdy.

Şu ýerde başga bir akylsyz kişi:

– Polisiýa-da bizar bolaýmasa bular ýalydan. Haýsy bir içip, ýolda ýykylyp ýatany ýygnasyn?! – diýdi.

Muňa içinden çykmaz ýaly içikdirip diýmeli sözler taýyn welin, arman dilim diýen edenok. Asyl dilimiň bardygyny duýamok. Nätanyş bir argynlyk, süňňümden çykmaýan, gaýta gitdigiçe möwjeýän ýiti agyry-yza ähli ygtyýarymy aldy öýdýän. Ýere siňip barýan. Hiç kim azar bermese, irkilsem, uklasam, agyrylarym azalýança ýatsam, dynjymy alsam...

*Dekabr, 2012. Mary.*

## NAMYRAT

*Hekaýa*

Gyşdy. Çille döwrüdi. Daşarda şatlama aýaz hojaýynlyk satýardy. Bulutlar sähra guşlaryny, süri-süri gargalary goýnunda gizläp biljek derejede ýere juda golaý gelipdiler. Ýüzüni garaňka tutup, gyýalap, tozgalap, uşaklap, gyşyň ilkinji ak gary ýagyp başlapdy.

Aňzakda gulagy-burny çym-gyzyl bolan Nedir iki elini owkalap, hababaýlap işden geldi. Daş işikde durup, aýagyny tarpyldatdy, köwşüniň, üst-başynyň garyny kakyşdyrdy. Howlukmaç içeri girip:

– Öwhe-eý, gyş-a gazabyna tutup ugrandyr, Bagtym! – diýdi. Haşlap, kesege dönen ellerini demi bilen ýylatjak boldy.

– Üşäpsiň. Artyp, birden sowaýdy-la, gyz!

Öten tomusdan bäri Nedir bilen bir düşekden bile örýän Bagty gelin kynlyk bilen ör turup, pejiň ýanyndan ärine ýer berdi. Ol toýlydy, aýagy agralyp başlapdy, ilkinji perzendini dünýä getirmek üçin gün-günden gabarýardy.

Nedir daşky eşiklerini çykaryp, asawaçdan ildirdi.

– Geçen ýyllaram şular ýaly sowuk bolýamydy?

– Adam pahyryň janyna ýaranma barmy nä? Gyşa sowuk diýýä, tomsa yssy diýýä, tenekar diýýän-ä ýok –

diýip, Bagty gelin çäýnek bilen käsäni äriniň öňünde goýdy.

Nedir pejiň alkymyna dykylyp oturyşyna:

– Bagtym, tenekar näm-aý? Kän gaýtalaýaň şu sözi – diýip, düýbünden başga zadyň gürrüňini etdi.

Bagty gelin garaşylmadyk sowala jogap tapyp bilmän, bir pursat oýurgandy. Ol tenekaryň nämedigini anyk bilmeýärdi. Onsoň sowaly jogapsyz galdyrmazlyk üçin:

– Tenekarmy? Janyňa ýaramly zat-da. Gowy zat. Tenekar diýilýä-dä şoňa – diýip, çaklap urdy. – Ejem pahyrdan geçipdir. Şo kän gaýtalardy.

Süňňüne biraz ýyly ornansoň, Nedir dyzyna galyp, äpişgeden daşaryny synlady.

– Bah, gaty uşaklaýar-ow biý-ä. Ertire çenli ýagaýsa gerek. Ýaganam doňar. Ertir iş bir bolarmyka?

– Ertir nan bişirmeli. Nan gutaryp barýar. Artyp, odunam çyg çekendir...

Onsoň ikisem az salymlyk dymyp, ünjä gitdiler. Hersi bir zadyň pikirini etdi.

– Naharymdan habar tutaýyn men. Süňk asdym bu gün – diýip, birazdan Bagty gelin turup gitdi. Derrew dolanyp geldi-de, oturyp uly jama gatap ugran çörek dograp başlady.

– Nahar-a taýyn bolýar häzir... Neme, bir zad-a aýdaýyn diýip durdym, gyz. Artyp, eýýäm şu ikarada Şeýtan kakyp aldy-da dilimden.

“Gurduň agzy iýse-de gan, iýmese-de diýen ýaly, Şeýtanam bir gara ýakyn bedibagt. Näme bolsa şoň boýnuna ýüklenäýýär” diýip, Nedir oýlandy. Daşyndan başga zat diýdi:

– Şeýtana gerek bolsa, bize zerurlygy ýok. Jähenneme gitsin! Hany, ýassyk okla maňa. Pej-ä meýmiredip ugrady.

Bagty gelin ýassyk oklady. Unudan zady güpbe ýadyna düşüp, gyssanmaç gürledi:

– Wiý, wiý, ana ýadyma düşdi. Häli ho-ol Akym diýilýän adam geldi. Öňräk türmeden boşap gelen Akym bar-a...

– Hä-ä, Akym kel. Kelte kel. Geler ol... Gelmeli-dä.

– Nämüçin gelmeli ol?

– Geler ýaly etdim-dä.

– Hm, karz pul sorandyr. Senem ýüzünden geçip bilmän ýüzlekligiňi edensiň. Şeýlemi? Bildimmi?

Nediriň gaşy çytyldy. Ýüzüne solgun reňk çaýyldy. Ol ýasama ýylgyryş bilen:

– Bagtym, ýüregiň ýaman gara seň – diýdi. – Derrew müňkür gidýäň. Akym kele karz bererlik puluň ýokdugyny bilýäň-ä sen.

– Onda nädip geler ýaly etdiň?

– Birki günlükde gabat gelip zeýrendi ol. Menem, näme, özüň bilýäň, ýürek ýuka, nebsim agyryp, seni öýerjek diýdim. Edarada başy boş ýaş gelin bar, şony alyp berjek diýdim. Üsti gyzyl el, kileň heleýi ölenler ýa heleýi bilen aýrylyşanlar yzyny üzmän ideşip ýörler. Heleýini kowup, aljak bolýanam bar. Ýöne o gelniň özi göwnänok diýdim. Telpegi agana özüni rowa görenok. Öýlenmedik boý ýigit bolsa barjak diýýä. Ine, sen tüýs şoň diýýäni, ýöne göwnärsiň öýdemok diýdim.

Bagty gelin agzyny açyp, ilkinji gezek görýän ýaly, ärine aňalyp seretdi.

– Gyýw, masgara, heleýleň etmeli işlerine-de garyşyp ugradyňmy indi?

– Ýa-heý, Bagtym, seňem tüýs köprüden idip geçiräýmeli türk janyň bar-ow. Güpür-tapyr ynanýaň oturyberýäň.

Bagty gelin çalarak ýylgyryp:

– Ýa aldadyňmy ony? Ynandymy onsoň? – diýdi.

– Ilki ynanmajak boldy. Ýöne ynandyrdym men.

– Işini tükeden diýerler saňa... Oň ýanynda-da Nedir şa bilen atdaşdyryn diýip gomaldyňmy onsoň?

Nedir oýa çümdi. Kellesini silkeledi.

– Be-eý, bilmedim-dä, ýadyma düşenok... Diýsem, diýendirin. Kim bilýä? Diýenem bolsam, ýalan däl.

– Indi näme jogap berjek oňa?

Nedir ýene oýa batdy. Birazdan çykalga tapdy.

– Jogap berip-bermän, näme... Seni pukara görýä, ene-atasy göwnänok diýäýmeli. Ýa-da gijä galdyň. Sen gozganýançaň, ana biri eýýäm aparypdyr ony diýsemem bolup dur.

Bagty gelin bir eli bilen ýakasyny, beýleki eli bilen agzyny tutup:

– Gyýw, o görgüsiýamany beýdip oýnap ýörşüňe bir zadyň üstünden baraýma. Birden edaraňa baryp, sorap-idese nätjek? Onsoň o gelin halar öýdýärmiň? – diýdi.

– He-eý, Bagtym, seňem şol tüntligiň-ow... A-how, oňňaly gelin ýog-a edarada. Asla uzyn etekliden hiç kim ýok. Men ony ýöne asmandan alyp, diýip goýberdim. Äý, Kel hanyň biraz göwni göterilsin diýdim-dä. Azajygam bolsa, birki günlügem bolsa, özüni dul gelniň ýyly gujagynda ýaly duýsun diýdim. Ýa oňarmandyrynmy?

Bagty gelin bir agyz:

– Oňarmansyň! – diýdi. Dograp oturan çöregini taşlap, bir meýdan gözüni süzüp oturdy.

– Şu sowukda kellesi ýalaňaç, saçam syrylgy, egninde-de köne gök penjek, pahyr digdenekläp... Sen beýdip oň üstünden gülüp ýörme. Oýnalýanyny bilip, gaharyna seni

bir zat edäýmesin. Öňem adam öldürip, türmä gitdi dämi? Men-ä gorkýanam...

– Adam öldürip, ol ganhor däl-ä. Sähet agalaň köne haýatyny ýykanda düýbünde bir çaga oýnap otyr ekeni, o-da görmändir. Iş wagty tötänden bolan zat ol.

Bagty gelin pikirlenmän-zat etmän:

– Eger göwnese, Akyma laýyk biri bar. Äri ölen... – diýdi.

Nediriň gözleri uçganaklady. Höwesli dillendi.

– Kim ol?

– Gelnejemleň atasy öýi tarapda. Ýöne biraz ýaşy giden-dä. Akymdan ulumyka diýýän. Iki sany çagasam bar. Göwnärmikä?

– Göwnär. Gitjek ýeri ýok göwnemän. Bu ýetimligi, bu pukaralygy bilen pylança ýyl türmede oturyp gelensoň, kaýyl bolman nirä gitsin. Endamynyň ýylysy gitmedik uzyn etekli bolsa, Akym gözüne sürme etmeýämi?!

– Görgüliň jaýam bir meňki bolsun diýer ýaly däl. O ýykylmyş tünekde düşek-beýlekem bardyr öýdemok – diýip, Bagty gelin halys ýürekden gyýyldy.

Akymyň ýeke otagly garyp tünegi göz öňüne gelip, Nedir şo bada pikirini üýtgetdi, ýaýdanmaç gürrüň etdi:

– Ä-äý, Bagtym, gowusy goşulma. Özüňe hossa bolar. Erteki gün diliňi gysga etmesin! Öý şekilli öýi bolsa käşgä.

Bagty gelin zenan dözmezligi bilen Akymyň şum täleýine, waý halyna çyndan gyýyldy, ýüreginiň bir ýerlerinde ejir çekdi. Nediriň wada eden başy boş gelni, ähtimal, şu pille Akymyň bagtyna öwrülendir. Aýagy ýere degýän däldir. Uçandyr. Ganat kakyp, güw gidendir. Ýedi gat asmana çykyp, pel-pelleýändir. Ganat ýaýyp, gaýýandyr. Bir çümmük bagt! O-da waglaýyn. Ojagaz bagtynyň ogurlanjagy ikuçsyz. Ynha, Nedir sypaýy sözler

bilen ol gelniň nesibesiniň başga ojaga çekenini aýdar welin, Akym neresse şo bada ganat-perden aýrylar, ýokardan kelemenläp gaýdar-da, patlap ýere gaçar. Mahaly bilen özüne gelmez. Ýene öňküsi ýaly sust gezer. Akymyň bagtyny uzaldyp boljak gümany ýok.

Çöregini dograp bolup, Bagty gelin başyny galdyrdy.

– Bilse, Akym entek howlukmaly däl. Sen oňa neme diý...

– Bagtym, bar guýaý-how indi naharyňy. Gyzyl aç men. Akymam gününi görer.

Bagty gelin jamyny göterip, aşhana gitdi. Nahar getirdi-de, özem äriniň çat maňlaýynda oturdy.

Edil şol wagt daşarda it üýrdi. "Jy-ýy-yk" edip, daşky gapy açyldy. Eýwana otuz çemesi ýaşlaryndaky bir erkek kişi gelip girdi. Ol başgapsyzdy. Täzelikde syrylan kellesi ýaňy garalyp ugrapdyr. Egninde sary giden köne, gögümtil reňkli penjegi bardy.

Gysga boýly bu kişiniň ýüzi garaýagyz bolup, özi çenden arrykdy, küýküräkdi. Çekinjeňligi, ebeteýsizligi kesesinden mälim bolup durdy. Gözleri öçügsidi, nursuzdy, olarda düşnüksiz gam bilen mysapyrlyk bardy. Ýüzi agyr, aladaly, tutukdy. Onuň serini agyr-agyr oý-pikirleriň basandygy şübhesiz. Adatça şeýle adamlar içgussa bolýar. Zoraýakdan ýylgyrýar. Dymmalyk olaryň keseline öwrülýär. Ir ýadaýar. Onsoň şular ýaly göwresi sykyma gelen argyn adamlary gören wagtyň: "Beh, munuň ýürek diýilýän zadynda gaýgy-hesretden ýaňa arzuwa, umyda ýer bir galdymyka?" diýýärsiň, ýylgyryşy ajy bolansoň, gülküsiniň çyndygyna güman edýärsiň...

...Ol eýwanda, gapydan giräýen ýeriňde bir sekunt diňşirgenip duransoň, ysgynsyz, gyryljak ses bilen:

– Nedir! Öýdemiň? – diýip gygyrdy. Jogaba-da garaşman, köwşüni çykaryp, Nedir bilen Bagty gelniň oturan otagyna ýöneldi. Indi gapyny açyp, otaga giräýmelisi galypdy. Şol wagt içeriden:

– Bir gaýynenesi söýen-ä geldi. Ýagşy ýigit aş üstüne diýen ýaly... Kimkä?.. Geliber, how, kimem bolsaň – diýen ses eşidildi. Bu Nediriň sesidi.

Ol gapynyň tutawajyna ýetip barýan elini çekip aldy. Hyrra yzyna döndi. Ýasawyna gelişmeýän çalasynlyk bilen köwşüni aýagyna gowaldaň ildirip, wawwasy bar ýaly daşky gapyny açdy, wawwasy bar ýaly edibem daşyndan ýapdy. Gapy açylanda-da, ýapylanda-da barybir öňki edýän jygyldawuk sesini gaýtalady.

Otaga wagty bilen hiç kim girmänsoň, Nedir:

– Bagtym, ikigat bolsaňam, men ýaly ýadaw dälsiň sen, bar gör, kim geldikä? – diýdi.

Başgapsyz, köne, gök penjekli kişi it üýrüzip, köçä garşy ýöredi. Daşarda bolsa, bu kişiniň aýak yzlaryny tizräk ýitirmek üçin gyşyň ilkinji ak gary gyýalap, bol ýagýardy. Syraýardy, tozgalaýardy.

Şeýlelikde, ýegşerilip barýan ol kişini hiç kim görmedi.

*Fewral, 2013. Mary.*

## SAWÇY

*Hekaýa*

Öwez aýaly bilen ýüzüni garaňka tutup, ýat oba sawçylyga gitdi.

– Gyýw, baraňsoň mysapyrsyrap oturmagyn, bolrak geplegin, bolrak – diýip, aýaly Aýnabat ýolda öwüt berdi. – Bu zamanyň adamsy eli ýukaň ýüzüne seretmez, nämeligiňi bildirme-de, aş gatyklaber agzyňda. Senden hasabat sorajak ýok.

Öwez ulagyň roluny eýläk-beýläk aýlap oturyşyna gatyrgandy.

– Han-ow, akyl satma. Beh, nämeligiňi bildirme diýip, nirämkem ilden?

Bardylar. Garşy aldylar.

Öý bikesi aýal synçylygy bilen çagyrylmadyk myhmanlaryň matlabyna düşündi-de, Aýnabat bilen bir otaga, onuň äri Annagylyç bolsa Öwez bilen beýleki otaga geçdiler.

– Çagalar ýetişip ugrady. Bir ýandan öýeribermeli indi. Gudaçylyga çykdyk – diýip, Öwez oturyp-oturmanka habar berdi.

Annagylyjyň bu meselede gürrüň edesiniň gelmeýäni kesesinden görnüp durdy.

– Hümm, hä, şeýledir, dogrudyr. Bu zatlar aýallaň işi – diýip, ol sowuk-sala gürrüň etdi.

Öwez goldady.

– Hawa, şolaň işi. Erkegiň oňarjak işi däl – diýdi.

Öwez garşysynda oturan daýaw pyýadany assyrynlyk bilen içgin synlamaga başlady. "Ýüz-ä ýaman agyr muň. Ýasawy şeýlemikä ýa gudaçylyga gelneni üçinmikä? Nädip gepletmeli muny?"

– Tutly obadan diýdiňmi? – diýip, öý eýesi juda dymyp oturmazlyk üçin gepbaşy sorag berdi.

– Hä, hawa. Tutly oba.

– Näme kär edýän diýdiň?

– Kireýdir biziňki. Senem kireý edýäňmi?

– Öň kireý edýädim. Ulagy satyp, mala öwürdim. Pul malda bar, malda.

– Hawa, kireýem özüňi aldamak-da. Gazananyň ulagyň özüne siňýär. Artdyrýan zadyň ýok.

Öwez bu ýerde zeýrenmeli däldigini duýan dessine başga hörpden gopdy:

– Ýogsa, kireýe galan günümizem ýok. Oňat, Hudaýa şükür! Jandurmazlykdan ediläýýär. Galjaň-da özüm...

Öý eýesiniň beýleräginde duran küldana gözi düşüp, Öweziň çilim çekesi geldi.

– Öýde çilim çekýäňmi?

– Hawa-la. Çekiber. Gaýta maňa-da ber birini.

Çilim otlandylar. Dymdylar.

– Tutly bolanda bi jaryň ilersindäki oba bolýarmy?

– Edil özi. Kimi tanaýaň?

– Äý, ýok, tanaýanym ýok. Baryp gören obam däl. Käte jara balyga giden bolýan. Şonda üstüňizden geçýän. Bi çaklarda balyga-da el degenok.

Öweziň: “Ine, nesip edenden garyndaşlyk açarys welin, baryp görersiň” diýesi geldi. Gürrüňdeşine ýakmaz öýdüp, sesini çykarmady.

– Oh, bir bagşy bolmalydy şol obadan – diýip, Annagylyç bir zatlary ýadyna salyp ugrady.

– Kimkä ol? Dutarda aýdýarmy? Ady?

– Ýok-la, dutar däl, liňk-liňk bagşy. Garsak ýaly keltejik bagşydyr-la. Be-e, ady nämedikä şoň? Häý, indi şoň ady ýadyma düşäýse... Aý, indi bagşyçylyk edýändirem öýdemok. Meň diýýänim irräk döwür. Ýaňy gullukdan gelen wagtlarymyz bolmaly. Biziň oba toýa gelip, urlup gidipdi. Öz-ä bir garly gündi.

Urlup gidipdi? Gar ýagan güni! Toýda. Kelte boýly. Baý-bo-ow! Muň urlup gitdi diýýän bagşys-a, ine, ýazzy maňlaýynda otyr! Päheý-de welin!.. Öwez-dä şol urlup giden. Gyşda. Gar ýagyp durka. Toý sowlansoň. Beh, Öwezmikä şol? Başga biri bolmasyn? Bagşy gytmy?.. Aý, ýok, başga hiç kimem däl. Öweziň şol gezekden başga toýa gidip urlan ýeri ýok. Häý, haramzada!

Şo döwürler Öwez bagşyçylyk ederdi. Toýdan toýa gatnap ýörenliginde, mundan birzatlar çyksa çykardam. Ýöne kän idäbermediler. Şol garly gün mazaly ýenjilenden soň-a özüniňem toý bilen kän weji bolmady. Göwnüne baran toýunda “Owadan gelni” aýdyp ber diýip yrsararlar öýtdi. Ýenjilerinden gorkdy. Ätiýaç etdi. Şeýdip bagşyçylyk galyşdy.

Annagylyç sag eli bilen tüňňi maňlaýyny owkalap, gözüni ýumup oturyşyna hakydasynyň bir ýerlerinden köne taryhy dörüşdirýärdi.

– Häzir adyny tapsam, hä diýersiň.

“Hä diýäýmen. Asyl diýmen. Tanamok diýerin.”

Şo gezek Öwezi üç bolup urupdylar. Onuň sebäbi häzirem ýadynda. Ilki haýsydyr bir aýdymy aýdyp ber diýip yrsaradylar. Wah, Öwez görgüli aýtjak-la. Näler aýtjak. Ýöne bilenok. Repertuarynda olaň diýýän aýdymy bolmasa nätsin? Onsoň "Owadan gelne" isleg bildirdiler. Bu anyk ýadynda. Öwez bu aýdymy hem bilmeýän eken. Ana, şo-da bahana boldy. "Baý-buww, "Owadan gelni" aýdyp bilmeýän bolsaň sendenem bir bagşy bormy? Bu bolşuňa nädip ile çykýaň?" diýip, üstüne dübllediler, herreldiler. Soňam giçden soň obadan çykan ýerlerinde saklap, Öweziň oňatja eýini ýetiripdiler. Sazandalaryna, kömekçisine degmändiler... Şol ýenjilip duran pursatlary Öweziň gözüniň öňünden üç hatar geçdi. Indi bu doňuz şol üçüsiniň haýsyka? Öwez gözüni süzüp, beýnisiniň doňup giden, ýiteňkirlän öýjüklerini dörüşdirdi. Öňünde oturan ýylçyr kelle pyýadanyň özüni ýenjip duran ýaş ýigit keşbini anyk göz öňüne getirip bilmän kösendi. Üstünden pylança ýyl geçen wakany seljerer ýaly Öwezde nä huş barmy?

Öweziň bolup oturşyna öý eýesi özüçe düşündi.

– Tanabilmediňmi? – diýdi.

– Aý, ýok, Tutlydan däldir ol, başga obadan bolaýmasa – diýip, Öwez ýalan sözledi. – Ýogsa, men ony tanaýmaly ahyryn.

– Şeýlemikä ýa? Tutlydanmyka diýýärdim. Äý, bolup biler. Kän wagtam geçdi-dä. Görgüliň günäsem ýokdy welin, bizem bir tüýs zannyýaman-da. Agzyny-burnuny gan ýalan ganjygyňky ýaly edýänçäk, demimizden düşer ýaly däl.

– Beh, gaty zalym ekeniňiz-aý! Günäsi bolmasa dagyn nämüçin beýtdiňiz?

– Sesi zorruk. Aýdym aýdyşyny halamadyk. Ýok, dur, ýalňyşdym, bir aýdym aýdyp ber diýdik welin bilenok eken. Öz-ä bir halk aýdymy bolmaly. Ady ýada düşse diý...

“Seň ýadyňa düşmese-de, meň ýadymda ol. “Owadan gelin” bolmaly.

– ...Bar bahanamyz şol. Ýenjip durkak o neresse: “Erkek bolsaňyz, ýeke-ýekä çykalyň” diýdem welin, hany, diňleýän barmy ony? Gaýta öjügip, beter edýäs. Içgiň etdirýäni-dä, kelle düzüw wagty adama pitik çaljakmy men? Şo gezek oňam ýumruk iýmek nesibesi bardyr-da. Soň-a ökünip, esli mahal gynanybam gezdim pahyra.

Öweziň hykga damagy doldy. “Şol sebäpsiz, esassyz urup goýberen bagşyňyz-a men diýäýsem näderkä? Diýip bolmaz, diýip bolmaz. Deýýus tanap oturybermesin birden” diýip, ol ýöwsel pikir etdi. Boguk ses bilen:

– Aý, näme, ýaşlyk-da – diýdi.

– Adam ýaş wagty gaty guduz bolar ekeni. Ýeri, bagşy bilen näme işiň bar? Häk... – diýip, Annagylyç kesesinden ökünýän ýaly gürledi.

Öwez onuň ökünjine ynanmady. Başga wagt, başga ýagdaý bolanlygynda ynansa, ynanardam. Ýöne edil şu wagt onuň köňlüne bilniksiz rehimsizlik aralaşdy-da, nähilidir bir ar almak duýgusy peýda boldy. Niçe ýyllar mundan ozalky oglan kemsitmeleriniň ahmyryndan çykasy geldi. Bu oturanyň beýleki şepelerinem tapaga-da, ömür içlerinden çykmaz ýaly, içikdiräýsem diýdi. Şo-ol birmahalky “Erkek bolsaňyz, ýeke-ýekä çykalyň” diýen sözüni häzirem gaýtalasy geldi. Köýüp ýatan ary Öwezi ber-başagaý etdi. Ýogsa, ählisi ýatdan çykypdy. Unudylypdy. Adamyň ýasawy gaty täsin. Ol geçen ýyllaryň säwliklerini el bilen düzedäýsem diýýär. Yzda galan günleriniň gowuz ýerini soň ýadyna düşen pillesi

doldurjak bolýar. Bolmaz-a. Ýaşyňdan habar al, Öwez, ýaşyňdan! Ogluňy öýerjek bolup ýörsüň, özüňem gudaçylyga geldiň! Ar aljak kişiňem, ynha, çat maňlaýyňda gözüni mölerdip otyr, özem nesibe çekse, gudaň bolmaly!.. Bolaýarmyka? Indi şu giň dünýede gel-gel, ala-böle şu oturan deýýus bilen, nähak ýere göwnüňde arman goýan haramzada bilen guda bolmalymy? Bolaýmaz şol-a!

Bir-birine höwessiz gep atyşyp, ýene biraz oturdylar. Aýnabadam kän eglenmedi. Turdular. Öý eýeleri köne däbe eýerip, myhmanlary ýola saldylar.

– Erbet ýerler-ä däldir. Eneş salgy beripdir. Ýöne sorap-idemeli bor – diýip, öý bikesi sawçylaryň ulagynyň yzyndan seredip durşuna ärine habar gatdy. Onuň pikirini biljek boldy.

Annagylyç ýüzüni küşşerdip, parhsyz gürledi:

– Garyşyp-gatyşyp gider öýtseň, daşyny dola-da berip goýber.

Ýola düşenlerinden Aýnabat saçagyny sermeleşdirip oturşyna dylym-dylym etdi:

– Sorap-idäris diýdiler. Göwneşäýjek ýaly öz-ä. Göwnär ýaly etdim-dä.

Öwez ýasama dabara bilen:

– Oňarypsyň – diýdi. – Bolmanda-da bulaň göwnejegi belli. Ýöne, ine, biz göwnärismi, şo belli däl.

Aýnabat joşgunly gürledi:

– Göwnäris. Esasy zat ogluň halasyn gyzlaryny. Birem galyňy ýeňil bolsun diý. Agyr salsa nätjek? Ilden çykmasa kaýyl men.

– Doly bilip-bilmän düwünçegiňi düwüberýäň-aý. Howlugyp edilýän iş däl. Entek sora-ide, gör, bil. Pylan zat diýme.

– Howlugýan barmy, gyz? Howlugaňda-da edip biljek zadyň ýok. Entek jemlenmeli. Häh-mäh edäýer ýaly, hany, arta-süýşe zadyň barmy? Ýöne tamdyr gyzanda ýap diýjek bolýan.

– Onda birbada goý muny.

– Ä?

– Birbada goý diýýän şuny. Ätiýaçda goý. Başgasyny gözle.

Aýnabat geňirgenme gatyşykly gorky bilen:

– O nähili ätiýaç? Dur, gyýw, masgara! Biri bilen arany açman, başga ýere barsaň... Ätiýajyň näme, gyz?.. Waý, sen-ä muny kinodaky ýaly edip barýaň – diýdi.

Aýalynyň haýsy kinony göz öňünde tutýandygyny ýadyna saljak bolup, Öwez gözüni süzdi.

– Ýok, sen nämüçin göwnemejek bolýaň? Şony aýt maňa – diýip Aýnabat halys ynjalykdan gaçyp sorady.

– Birinjiden-ä ara uzak. Soňam gatnaşmaly ýeriň. Aňsat düşmez...

– Meň nä atam öýüm ýakynmy? – diýip, Aýnabat äriniň sözüni böldi.

– Dur, how, dur-a bir. Diňl-ä ilki meni.

– Diňleýän. Ýöne uzak diýýäniň hasap däl. Onyň bahana.

– A bor onda. Mensiz çözüp bilýän bolsaň, meni nämüçin äkidýäň? Bar git-de, guda bol, sähediňi belle-de, galyňyny geçir.

Äriniň gep uruş äheňi ýaramasa-da, Aýnabat sabyr etdi.

– Onsoň? – diýdi?

– Näme onsoň?

– Ara uzak diýdiň-ä ýaňy. Bar bahanaň şomy?

– Dogrymy aýdaýynmy, Aýnabat? – diýip, Öwez ýalan sözledi: – Men esasan kakasyny halamadym.

Aýnabat üşerildi.

– Nämesini halamadyň? – diýip anyk jogaba garaşdy.

– Nädip düşündirsemkäm indi saňa?.. Bilýäňmi, käbir adamy halys aňryň alanok. Saňa ýagşydan-ýamandan hiç zadam eden däldir welin, şonda-da ýigrenýänsiň şony. Hiç iniň söýýän däldir. Görmeseň, gowudyr. Daş duranyňy kem görmersiň. Çagasynda günä-de ýokdur welin, atasyny ýigrenseň, nädip gelin edinjek? Bilýän, "Oň bilen ogluň ýaşaşmaly" diýersiň. Ýenäniň ýenesi bar diýen ýaly, şo ýylçyr kelle doňuz kakasy boljak bolsa... Aýnabat, meň ýüregim bir erbetligi syzýar. Birbada goýaly şuny. Oýunjak iş däl bi.

Nije ýyllaryň dowamynda äriniň agzyndan bular ýaly çynlakaý gürrüňi ilkinji gezek eşidýändigi üçin Aýnabady nämälim gorky basdy. Ärine şunça beledem bolsa, ýagdaýy doly syzmaga onuň aýal duýgurlygy ejiz geldi. Dile getiräýmeli sowallaryň telimsini ýuwdup oturşyna ol:

– Waý, bilmedim men-ä. Sen menem gorkuzýaň şular ýaly gürrüňler bilen – diýip, howatyrly seslendi. Uludan dem aldy. Dem alşynda düşnüksiz gam bilen argynlyk bardy.

– Galanam näme, kim maňlaýyna ýazylan bolsa, şo bor-da. Ikimiziň edip biljek zadymyz bolmaz – diýip, Öwez Aýnabada göwünlik bermek üçin aýtdy.

– Hawa, maňlaýyna ýazylany. Dogry aýdýaň.

Öweziň aýalyna ýüregi awady. Şular ýaly meselede özi bilen kejeleşip durman ylalaşýandygy üçin Aýnabada minnetdar boldy. Köňli welin kanagat tapmady. Bikarar boldy. Öz ýanyndan uruş yglan etdi. "Senjagaz, ýylçyr kelle, duruber bakaly, ojagaz edeniňi ýerine salaryn entek"

diýip, şol ýenjilen gezegindäki ýaly Annagylyja gaýybana haýbat atdy. Jara balyk tutmaga baran wagty üstüni basyp, gürpbasdy etmek hyýalyna mündi. Gypynç etmedi. Arman çekdi. Pylança ýyl bäri köýüp ýatan aryny wagtynda ýerine salmandygy üçin özüni kötekledi. Alaçsyzlygyna içi ýandy, agysy tutdy.

Öýüne baransoňam ynjalmady. Daş çykdy. Çil ýakada çommalyp oturşyna ala-burugsy bolup çilim çekdi. "Owadan gelin" agyr aýdymmyka? Kynmyka? Öwez nämüçin öwrenmedikä? Şindiki bagşylar aýdyp ýör-ä. Äý, ýok, gep aýdymda däl, "Owadan gelni" aýdyp berenem bolsa, Öwez şol gün ýenjilerdi. Aýdym häki bir bahana.

Bir ýerlerden göz agyrysy ýaly tapylyp, çaga pişik geldi-de, myrlap, gaharly oturan hojaýynynyň aýagyna süýkenmäge başlady. Öwez poslan kepje bilen ony urup, seňseletdi-de, turup hol beýleräkde oturdy. Çala demi gelip-gidip duran pişige seredip "Kepje o diýen gowy degmedi. Ykjam degen bolsa, bir uramda ölerdi" diýip oýlandy. Onda pişiklere garşy myrtar ýigrenç bardy.

Öwez sandyr-sandyr edip, ýene çilim otlandy. Ýene Annagylyç ýadyna düşdi. "Çilimem diläp çekýär deýýus" diýip, eşdiler-eşdilmez hüňürdedi.

*Fewral, 2013. Mary.*

## EJEMIŇ AGLAN GÜNI

*Hekaýa*

Kakamyň ejemden başga-da aýaly bar ekeni. Obada.

Baýak bir gün adaty bolşy ýaly, galmagal edenlerinde ejem kakama ýüzlenip:

– Bolman seň ol sygyr ýaly symyşlap ýatan heleýiňden zat artýarmy? – diýdi.

Men surat çekip ýatan ýerimden assyrynlyk bilen kakama seretdim. Ol asuda ses bilen:

– O heleýimden zat artmaýan bolsa, sizi ekläp bilmezdim-ä. Ekläp otyryn-a, ine – diýdi.

– Minnetiň näme, gyz? Näme diliňe çolan bolýaň? Ekleýämişin-ä... Bökersiňem eklemän.

Men gorky bilen ýene-de kakamyň ýüzüne seretdim. Birden ejemi ýenjibermesin diýip howatyrlandym. Sebäbi ozal şular ýaly galmagal edenlerinde kakam ejeme: “Ýenjerin. Gaty gidiberseň, suwasalma ýenjerin” diýipdi. Eger şo diýýänini edäýse, özümiň näme etmelidigim barada öňünden pikirlenip ugradym. Kakam pikirlerimi duw-dagyn etdi.

– Onda akyllyja bol. Keseli diläp alýan ýok. Oň ýerinde özüňem bir goýup gör.

– Keselem bir bahana – diýip, ejem hüňürdedi.

– Seň şu guşbeýniň näme pikir edýärýkä? Keselli diýip, başdaş heleýimi kowaga-da, seni oba göçürip äkider öýdýäňmi?

– Guşbeýni özüň. Guşbeýni bolmasaň, oba göçjegimi, göçmejegimi bilerdiň.

Şol gezek kakam gaharly çykyp gitdi.

Şol gezek men ejemden:

– Guşbeýni näme? – diýip soradym. Ol gözýaşyny gizläp:

– Lal bol – diýdi, guşbeýniň nämedigini aýtmady. Men muny keýpi kök wagty kakamdan sorap bilerin.

Biz şäherjigiň çetinde, köne jaýyň ikinji gatynda ýaşaýardyk. Öýde galapyn ejem ikimiz bolýardyk. Ejemiň aýtmagyna görä, men indiki ýyl mekdebe gatnap başlamalydym. Şoň üçin kakam maňa suratly kitap bilen depder, galam getirip berdi. Kakam köplenç gijelerine öýde bolmazdy. Gündiz gelerdi. Giç agşama çenli ejemiň ýanynda bolardy. Meň bilenem oýnardy. Kakam ikimiz köplenç surat çekerdik.

Başga bir gezek nämedir bir zadyň üstünde gygyryşanlarynda kakam indi gelmejekdigini aýdyp, ejemiň gaharyny getirdi. Şonda ejem:

– Onda ogluňam alyp git. Maňa çaga gerek däl – diýip, samsyk gürrüň etdi.

Men möňňürip aglap, ejemiň boýnundan aslyşdym.

– Gitjek däl. Seň ýanyňda galjak – diýdim.

Gapydan çykyp barýarka kakam:

– Akmak heleý diýerler saňa. Çagaň zähresini ýardyň. Ýürejiginde gorky kesel galsa nätjek?! – diýip, ejeme käýindi. Ejem onuň yzyndan gygyryp galdy:

– Şermendelik etme! Eşidýäňmi, çagany bahanalan bolup, meni haýalçyratjak bolma. Ojagaz tilki sapalagyňa men beletdirin. Sypatyň gursun, sypaty guramyş!

Şol gün agşam ýatmak üçin ýerimize girenimizde men ejemden:

– Eje, meni kakama berip goýbermersiň gerek? Kowmarsyň gerek? – diýip soradym.

Ejem meni bagryna basyp, ýaňagymdan ogşady.

– Bermen, oglum, bermen. Hiç kime bermen. Bal oglum, ballar oglum, gül oglum, güller oglum! – diýdi.

– Häli özüň çaga gerek däl diýdiň-ä.

– Ony gaharyma diýäýendirin, oglum.

– Indi diýmegin, eje, gaharyň gelse-de, diýmegin – diýip men öwretdim.

Ejem başymy sypady. Eli bilen saçymy daraklap ýatyşyna:

– Saçyňam örübermeli bolupdyr. Kiçeltmeli – diýip, gürrüňi başga tarapa sowjak boldy.

Men ynjalykdan gaçyp:

– Kakamam kowmarsyň gerek? – diýdim.

– Kowman, oglum, kowman – diýip, ejem jogap berdi. Biraz dymyp, tirsegine galdy-da, edil uly adam bilen gürleşýän ýaly äheň bilen gürrüňine düzediş berdi. – Men kowamog-a ony. Özi gitjek diýýär. Men hiç wagtam kowmadym.

– Nämüçin gitjek diýýär?

– Bilmedim.

– A sen ony goýberme. Gitme diý. Sakla.

– Nädip saklaýyn? – diýip, ejem gaty kyn sowal berdi. Nädip saklamalydygyny bilmänim üçin:

– Sakla-da bir zat edip. Goýberme – diýdim.

– Saklamasak-da, gidip bilmez. Hälem oýun edip diýendir. Gitmez – diýip, elem arkaýyn gürrüň etdi. Halys ynjalygym bolmansoň, men:

– Çyny bilen diýen bolsa näbilýäň? Birden ertir gelmese, nätjek? – diýip soradym.

Şu sowalym ejemi birneme oýlandyrdy öýdýän. Ol esli wagt sesini çykarman pikirlenip jogap berdi:

– Geler, gitjek ýeri bolmaz. Hany, ýat indi.

– Birden gelmedi-dä, nätjek?

– Gelmese, gözläp taparys.

– Eje, o heleýi sen gördüňmi?

– Haýsy heleýi?

– Şo obadaky heleýi? Sygyr ýaly symyşlaýa diýdiň-ä? – diýip ejemiň ýadyna saldym.

– Samsyk çaga! Ululaň gürrüňine goşulma diýmedimmi saňa?.. Ýat indi. Ukla. Ýogsam, şo heleýe bererin seni – diýip, ejem ýalandan haýbat atdy.

– Eje!

– Ýat diýýän indi.

Ejem çygjaran gözlerini eliniň aýasy bilen süpürip, beýlesine öwrüldi. Göz ýaşyny gizleýär diýip, men pikir etdim.

Şol gezek kakam bäş günläp gara bermedi. Çaky, öýkelän bolarly.

– Kakam-a gelmedi welin, gözlemäge gidelimi? – diýip men ejemden soradym.

– Hany, şu günem garaşyp göreli, gelmese, ertir gidäýeris – diýip, ejem meni begendirdi.

Nireden gözlemelidigini bilmesem-de, kakamy tapjakdygymyza men berk ynanýardym. Ýöne gözlemäge gitmeli bolmadyk. Şol gün öýlänler kakamyň özi geldi. Ol gapydan giren dessine ejem:

– Azaşman neneň tapdyň? – diýip ýalňyş sorag berdi. Sebäbi kakamyň azaşmajakdygy bes-bellidi. Men onuň häzire çenli öýmüzi tapman azaşan gezegini bilemok. Ähtimal, kakamyň bäş gün mundan öň öýkeläp gidenini ejem häzir bilýän däldir, bilse-de, bilmediksireýändir.

Kakam sesini çykarmady. Meň ýanyma geldi-de:

– Hany, salam et – diýip elini uzatdy. Men salamlaşdym. Ol meniň ýaňagymdan öpdi. Onsoň ejem bilen kakam beýleki otaga geçdiler. Olaryň pessaý hümürdileri eşdilip durdy. Seslerinde gödek äheň duýulmaýardy. Ýogsam, ejem häzir kakamyň üstüne gygyryp başlar öýdüp garaşýardym, emma o çakym çykmady. Ol kakamdan ownuk pul alyp, maňa berdi-de:

– Oglum, bar dükana gidip, çörek alyp gel – diýdi. Soň meni geýindirdi.

Gapydan çykyp barýarkam:

– Köçeden geçeňde seresap bolgun! Puluňa-da gaýym bol, ýitirip, gaçyryp ýörme. Iň gowusy, jübiňe sal – diýip berk tabşyrdy. Şol wagt ýadyma düşdi-de, yzyma dönüp:

– Eje, surat depderem alaýaýaýyn – diýdim.

Ejem maňa ýene biraz ownuk pul berip goýberdi. Men öýmüzden gaty uzak bolmadyk ýerde – köçäň aýagujynda ýerleşýän dükana gitdim. Çörek aldym, surat depder aldym, ýene biraz pul galdy welin, oňa-da galam aldym. Ýolboýy ejem bilen kakamyň sögüşmezligini diledim. Eger sögüşmeseler, kakamyň obadaky aýaly barada soramagy ýüregime düwdüm.

Öýe gelsem, kakam aýbogdaşyny gurup, meniň içi suratdan doly depderimiň sahypalaryny agdaryşdyryp otyr. Ejem onuň dyzyny ýassanypdyr-da, bir eliniň barmaklary bilen kakamyň köýneginiň iliklerini dyrmalaýar, beýleki eli bilen bolsa onuň arkasyny

sypalaşdyrýar, ýuwaş ses bilen bir zatlary süýjüdip gürrüň berýär. Kakamam diňleýär. Gürrüň arasynda ikisi hem ýuwaşja gülýär, käte ýylgyrýar. Ejemiň gülüp duran gözlerinde, mähir çogýan ýüzünde juda seýrek gabat gelýän, üýtgeşik ýakym gördüm. Häzir onuň özüni juda bagtly duýýandygy barada gep-gürrüň bolup bilmez. Elbetde, bu ýagdaýa men şeýle bir begendim, hiç aýdyp-diýer ýaly däl.

Kakam meni ýanyna çagyrdy-da, çeken suratlarymdan birini görkezip:

– Bular kim? – diýip sorady.

– Biý-ä ejem, bu-da sen – diýip, men düşündirdim.

– Hany öz suratyň? Özüňi çekmediňmi?

Dogrudanam öz suratymy çekmek kelläme gelmändir. Ejem bilen kakamyň ýanyndan öz suratymy çeksem, has-da gowy boljakdygyna düşündim. Onsoň:

– Häzir çekjek, kaka. Täze depderime çeksem bolarmy? – diýip soradym.

– Hawa, gowy bolar. Täze depderiňe çekiber indi.

Şatlykdan, begençden ýaňa meniň ýüregim gürsüldäp durdy. Onsoň bu bagtyýar pursaty uzaltmak üçin men kakamyň bizi taşlap gitmese gowy boljakdygyny, eger gidäýse-de, ejem ikimiziň ony hökman gözläp tapjakdygymyzy, bu barada ejem bilen maslahat edendigimizi aýdyp bermek kararyna geldim. Ejemiň halamazlygy-da mümkin, emma barybir onuň hol gün iki gezek dagyn menden gözýaşyny gizläp, aglandygyny hem kakama gürrüň bermegi ýüregime düwdüm. Birem guşbeýni nämekä? Şuny hem kakamdan soraýsammykam?

*Mart, 2013. Mary.*

## SURATKEŞ

*Hekaýa*

Ülkä belli suratkeş goşgy heserine ulaşdy. Surat çekýän galamyny döwet galamyna çalşyp, dünýäni unudyp, şygyr sungatynyň näzini çekip başlady. Gündiz çaý-naharyny sowatdy, gije ukyny gysgaltdy. Irkildi, ymyzgandy, ýöne çuň uka çümüp bilmedi. Surat çekýän döwürleri görýän düýşleri dagy ýele ýanyndanam geçmedi. Şeýdip, bir aý diýlende küti depderi goşgudan dolduryp, edebi gazetiň redaksiýasynyň gapysyndan ätledi.

Suratkeşi onda-munda kän görünýän, ýaňy adygyp ugran ýaş şahyr – bölüm müdiri garşylady.

– Ine, şuňa goşgy diýerler. Gazetiňde güzlediber birýanyndan. Suratym bilen bile bererin diýseň, onam getirjek – diýip, suratkeş bir aýlyk zähmetini patladyp bölüm müdiriniň stoluna oklady.

Goşgy, şygyr diýilse, işdäsi açylyp, ökjesi ýeňleýän ýaş şahyryň gözleri uçganaklady.

– Beh, dogrudanam? Öz goşgyňyzmy? Hakyt özüňiz ýazdyňyzmy? – diýip, ol çyny bilen sorady.

– Weý, dagy kim ýazsyn?! Elbetde, özüm ýazdym.

Bölüm müdiri depdere işdämen topulyp, sahypalaryny gyssanmaç waraklap oturyşyna geňirgenmesini gizlejegem bolman:

– Men sizi diňe suratkeş diýip tanaýardym welin, asyl siz şahyram oguşýan! – diýdi.

– Pah, bu goşgular gursagymda garrady, ýogsam, bireýýäm ýazylmalydy. Suratçylyk işim birneme päsgel berdi. Ynha, indi elim boşaşdy, bir aý bäri diňe goşgy bilen gidişýän. Entek mende ýeterlik güýç-kuwwat bar, gaýratym egsilenok. Goşga bolan hyjuwym dyňzap dur, ýüregim joşýar. Nesip bolsa, şu-gün erte düýpli bir poema ýazyp başlajak.

Ýaş şahyr agzyny açyp diňläp otyr, suratkeşe gözügidijilik bilen seredýär. Gör-ä, ülkäň iň bir atly suratkeşi! Eserleri sergiden sergä gatnaşyp ýören, dünýäň köp ýerinde tanalýan beýik zehin, tapylgysyz ussat, tanymal suratkeş indi şygryýetde öz güýjüni synaýar. Suratçy halky synçy bolýar, gözelligi duýmaga ökde, tebigat, peýzaž, daşarky dünýädäki sazlaşyk suratkeşiň gözünden sypanok, ol dürli reňkler bilen görýän zatlaryny kagyza geçirýär, her eserinde çuňňur mana ýugrulan pelsepe bar, olary synlap, manysyny çözlemek özüňe bagly. Bu adam goşga-da uçursyz ökdedir. Eýse näme, gözelligi duýup bilýän adamdan erbet goşgy çykmaz!

Bölüm müdiri suratkeşiň häsini ýetirdi, gop berdi:

– Tüweleme! Poema başlasaňyz, näme, şowly bolsun! Höwri köp bolsun! Ýazmak siz bilen, çap etmek biz bilen!

– Okamak paýam okyjyňky! – diýip, suratkeş üstüni ýetirdi.

– Onda näme, depderiňizi goýup gidiň, üç-dört günden habar tutuň, menem okaşdyraýyn, başlyklaram okasyn, hökman çap ederis – diýip, bölüm müdiri tüýs suratkeşiň garaşýan jogabyny berdi.

Çykyp barýarka suratkeş:

– Nememi, suratymam berjekmisiňiz ýa hökmanam dälmi? – diýip sorady.

– Bereris, hökman bereris. Indiki geleňizde suratyňyzam alyp geliň.

Suratkeş hoş bolup çykyp gitdi.

Bölüm müdiri hem depderi açyp, goşgularyň birýan çetinden girdi. Girişi ýalam lapykeç boldy. Keşde çeken ýaly sünnälenip ýazylan owadan setirler goşgy däl-de, gury bir sarnama ekeni. Ne tagam bar, ne tagsyr. Duýgam ýok, pikirem. Bogun ölçeglerinde-de deňlik saklanmandyr. Setirleriň ahyryndaky sazlaşygy gaty pes. Üstesine-de durşy bilen öwüt berýän sözler. "Wah, jan agam, goşguda akyl satmaklykdan haçan eýýäm oba göçdi, okyja akyl gerek däl, goşgy gerek, goşgy! Beýtme ahyryn! Wah, wah!" diýip, ol suratkeşe gaýybana ýalbardy. Kejikdi. Suratkeşlikde uly sungat döreden zehiniň şular ýaly goşga meňzeş pes setirleri ýazyp biljekdigine ynanasy gelmedi. "Heý bir üýtgeşijek setir, delje detal, iň bolmanda täze kapyýa dagy ýokmuka?" diýip, sahypalary agdaryşdyryp ugrady, goşgy yzyna goşgy okady. Hamana, şeýdende gowy goşga öwrüläýjek ýaly, ýerinden turup, edil sahnada çykyş edýän dek ellerini hereketlendirip, labyz bilen gaty sesde daşyndanam okady. Okadygyça-da körkeýp boldy. Depderi stoluň üstüne taşlap, duzsuz, ýuwan nahar iýýän ýaly işdäsi tutuldy, seňrigini ýygyrdy.

"Indi näme etmeli?" diýen sowal ýaş şahyra ejir berip ugrady. Ýaňy kellesiniň gyzgynyna "Hökman çap ederis" hem diýäýdimi? Şu öl ýere biten dil diýmeli zadam diýýär, diýmesiz zadam. Ahyry bir zadyň üstünden baraýan bolsaň gerek! Ýeri, indi nätjek? Bulary täzeden işläp, her bendinde bir setiri, ýa bäş-üç sany sözi üýtgedip, tasa getirerdenem daş. Tutuşlygyna täzeden ýazsaň-a bolaram

welin, bi suratkeşiň öňünde nädip durjak? “Hany, meň goşgym?” diýse, näme jogap berjek?

Ýaňy bir gepinde suratymam beräýseň diýjek boldumy? Haý, işigaýdan! Adamyň ýaşy gaýdyşsa işem gaýdar ekeni. Ýa işi gaýdansoň ýaşy gaýdýarmyka? “Işigaýdan, ýaşy gaýdan! Ýaşy gaýdan, işigaýdan!” diýip, bölüm müdiri ikibaka gezmeläp ýörşüne hümürdedi. “Ýeri, goşgy ýazmak nireden kelläňe geldi? Çekiber-dä suratyňy!” diýip, öz ýanyndan suratkeşe igendi. “Jan agam, goşgyny, ine, şeýle ýazmaly!” diýip, haýran galdyryjy, ajaýyp bir şygry döredesi geldi. Nusga görkezäýsem diýdi. Görkezjek nusgasynyň ýaşuly suratkeş tarapyndan gara şaýa alynmajagyna üşügi ýeten dessine: “Ýok, munyň-a bolanok, han ogul, munyň çykalga däl, çykalga däl! Başgarak bir zat tap” diýip pälinden el çekdi.

Onsoň bölüm müdiri ýatyp-turup, oýlana-oýlana, ahyry çykalga hökmünde bir pirim oýlap tapdy.

Suratkeşiň geljek gününe gabatlady-da, bir petde ak kagyzy öňüne alyp, özüçe surat çekip başlady. Çem gelen zadyň suratyny çekdi. Ugralla çekdi. Birinji kagyza tes-tegelek çyzyk çekdi, ikinjä süýri tegelek, üçünjä üçburçluk, dördünjä bäşburçluk, bäşinjä ýene bir zat... Galamy haýsy tarapa ýöräsi gelse, ýöretdi, ýaýdanmady, gypynç etmedi. Sähelçe wagtyň dowamynda telim “surat” çekdi. Çeken “suratlaryny” iş otagynyň diwaryna ýelmeşdirdi. Az gördi. Ýene çekdi. Ýene-de diwara ýelmäp ugrady. Ine, şeýdip, ber-başagaý bolup ýörkä-de ardynjyrap, gapydan suratkeş girdi. Salam-helikden soň ol äýneginiň üstaşyry diwardaky “suratlara” göz aýlap:

– Pah, pah, bu kagyzlar näme? – diýip sorady.

Bölüm müdiri göwnübir jogap berdi:

– Kagyz däl olar, surat!

– O nähili surat? Kimiň suraty?

Bölüm müdiri gülmän-yşman:

– Surat-da. Meň çeken suratlam. Geçen gezek gelip gideniňizden soň mende suratkeşlige höwes döredi. Höwes däl, höwes diýseň, bärden gaýdýar, söýgi döredi. Şu günler goşgyny goýup, diňe surat çekýän. Kiçijik çaga wagtlarym hem surat çekerdim. Ýöne goşga başlap, suratdan elim sowady. Indi, nesip bolsa, surat bilen goşgyny bile ýöretmekçi. Ýeri, nädýär, boljakmy? – diýdi.

Suratkeşiň gözleri tegelendi. Üşerildi.

– Beh – diýip, ol bir “suratlara”, bir bölüm müdiriniň ýüzüne seredip, aýdara-goýara söz tapmady.

– Suratkeşleň sergisine gatnaşmak üçin näme etmelikä? Men gatnaşaýsam diýýän – diýip, bölüm müdiri gökden düşen ýaly aňalyp duran suratkeş üçin mojukdan mojuk gürrüň tapdy.

Ýaşuly suratkeş şübhesini ýaşyrmady:

– Çynyňmy ýa oýun edýärmiň?

– Agam, siziň ýadyňyza oýun düşýär. Men bolsa... Siz gowy bilýänsiňiz, şo sergide çeken suratlaryňy gowja bahadan satyp bolýarmyş. Çynmy şol? Men näme etsem...

Suratkeş bölüm müdiriniň sözüni böldi:

– Haý, inim-m! Akmak oglan ekeniň. Akyllyja, üşüklijemikäň diýýärdim welin...

Bölüm müdiri hem suratkeşiň gepini soňlatmady:

– Weý, agam, näme boldy? Ýa halamadyňmy suratlarymy? Ýa-da ol sergi diýýänim ugursyz gürrüňmi?

– Seň özüň ugursyz! – diýip, suratkeş gaharly janykdy. – Oglan, akmak bolmasaň sered-ä! Suratmy şü? Ine, şü suratmy? Ynha, şu çeken zadyň nämesi surat?

– Ýaşuly-y! Nädiberýäň-aý, ýaşuly? Meň gije-gündiz ýatman çeken azabym-a bular. Gül ýaly suratlar, sergä

niýetläp çekdim – diýip, bölüm müdiri ýasama gahar bilen çytyldy. Ynjydylan çaga ýaly kesä bakdy.

Suratkeş bolsa köşeşer ýaly däl. Gahary joşup, gitdigiçe beleň alýar:

– Şu ýaşyma sen ýaly gepe düşmez tünte duşmandym. Indem duşurmasyn! Ýagşam bir iş eden ekeniň. Saňa kagyz zaýala diýseň! Ana, seň başarýan işiň! Häý, nadan!

Ine, şu ýerde bölüm müdiri: "Amatydyr-da, Alla!" diýip, goşguly depderi eline aldy-da, kesgitli:

– Ýaşuly, me, depderiňi al! – diýdi.

Suratkeş äýnegini gözünden aýryp, täzeden dakdy, aljyrady.

– Ä? – diýdi.

– Depderiňi al diýýän, goşguly depderiňi – diýip, bölüm müdiri depderi suratkeşiň eline tutdurdy.

Bu wakanyň soňunyň nähili gutarany belli däl. Her hili gutaryp biler.

*21-nji aprel, 2013-nji ýyl. Mary.*

## EŞEK WE KÄBIR BEÝLEKI ZATLAR BARADA

*Hekaýa*

Bekki goňşy obadan eşek satyn alyp geldi. Daýaw, gök eşek. Mada däl. Şaýy-july bolmasa-da, tamam esbaby tükel. Arabasy, agyzdyrygy, keçesi, gaňňasy, hemmesi ýerbe-ýer.

Ozalky eýesi muny satmakçy däl ekeni. Zerura düşüpdir. Ogly gyz alyp gaçypdyr-da, gyssagara toý şaýyny tutmaly bolupdyr.

Bekki hem zerura düşüp aldy. Bakyda duran bäş-alty baş gara malyň iýjek ot-çöpüni meýdandan galtak bilen daşaýmak aňsat däl. Aýlanyp-dolanyp aldajy gyşam gelip dur. Dokuzyňy üçe ýetirmek üçin oňam öňünden gaçmaly. Köneje-de bolsa, bir ulag edinibilse, kemje-kerdem boljak däl welin, Bekkiňem çagalary ýetişip gelýär. Okatmaly, öýermeli, çykarmaly. Wagtynda öýerip-çykarmasaň, biri gyz alyp gaçarmy, ýene biri ýüzüne gara çekip, äre gaçyp gidermi, nädermi?

Eşek getirilen güni ondan-mundan eşidip-görüp, goňşy-golam Bekkilere üýşdi. Bekki ilkibada: “Beh, eşek alamda şunça adam üýşýän bolsa, täze maşyn alaýsam dagy nähili bolarka? Bulara çaý-suwam bermelimikä?” diýip, öz ýanyndan biraz gaýga-da çümdi. Ýöne adamlaryň çaý-suw azaryna däl, gelen ilki bilen eşegiň daşyndan böwür berip, terslin-oňlyn aýlanýar-da, ur-tut bahasyny

soraýar. Bekki hem aýdýar. Onsoň dileg edýärler, gutlaýarlar:

– Nesip etsin!

– Haýryny bersin!

– Gutly bolsun!

Bekki zol "Taňyrýalkasyn! Aýdanyň gelsin!" diýip, jogap berýär. Arasynda ýeňsesini gaşap, ýeserlik bilen: "Nätjek? Boljakmy özi? Ýa oňarmandyrynmy?" diýip, adamlaryň pikirini bilmek üçin soraýar. "Oňarmansyň" diýýän ýok.

– Oňarypsyň.

– Sazlapsyň.

– Derdiňe ýarasa, bolanlygy şol.

Eşegem ýat oba düşdüm diýip, ýadyrgap duranok. Öňüne oklanan ot-çöpe äwmezlik bilen agyz urup, gaty arkaýyn. Gelenler mahaly bilen dagabermänsoň, ol birki gezek hynçgyrdy-da, özüniň hakyky eşekdigini tassyklamakçy bolýan ýaly, adamlara gep-üýn alyşdyrman, diň-gögüne garap uzy-yn aňňyrdy. "Ana-da, ana!" boluşdylar. "Gördüňmi ediberşini!" diýişdiler.

Gelenleriň biri:

– Nesip etsin welin, indi sen muň bilen näme iş etmekçi bolýaň? – diýip, Bekkiden sorady.

Bekki:

– Öňde-de bir eşek bilen düýäni toýa çagyrypmyşlar – diýip, tymsala tutdurdy. – Eşek begenip, aňňyryp, mesirgäp, bolmajysy bolupdyr. Şonda düýe: "Ýer-ow, uzyn gulak, ýaman hyzzyn atýaň-la? Näme boldy?" diýip sorapdyr. Eşegem: "Ikimizi toýa çagyrdylar. Men-ä şuňa begenip, iki bolup bilemok. Sen näme begeneňok?" diýipdir. Düýe näme diýendir öýdýäňiz? Ha-ha! "Häý, eşek dost! – diýipdir. – Oň üçin tanapyňa towsup, gaňňaňy

garnyňa alma, ikimizi toýa çagyrýan bolsalar, men-ä guýudan suw çekmeli bolaryn, senem odun daşarsyň” diýipdir. Ha-ha-ha!

Bu gürrüňi öň eşiden bolsa gerek, Atabaý çypar gülmän-yşman, göz-gaşyny çytyp:

– Obada ýene kimde eşek bar? – diýip, başga zat sorady.

Bada-bat:

– Mälikde bar – diýdiler.

– Ýene kimde bar?

– Ho-ol Toýlyda bar. Ýöne oňky mada eşek. Deme gelen wagty golaýyna eltenok.

– Ýene?

Juda derwaýys zadyň jogabyny gözleýän ýaly, her kim oýa batdy, obany öýin-öýin hyýalyndan geçirip, başga eşek tapmadylar.

– Ýaňy-ýaňylaram her öýde bir eşek bardy. Üýtgeşik jandardyram öýdülmezdi. Ynha, indi Bekkiň eşegine edil muzeýiň eksponaty ýaly seredýäs. Döwür üýtgäp gidip otyr. Gerekmejek zatlary aýryp zyňýar, ýerini başga zatlar bilen doldurýar – diýip, Çary mugallym köpmanyly gürledi.

Bekki: “Eýse, men indi döwrüň zyňan, gerekmejek zadyny aldygym boldumy? Özüni oňarmaýan ysnat boldummy? Onda nämüçin...” diýip, pikir edip ugrady welin, gapdaldan Jepbar çykyp, onuň pikirini bulaşdyrdy.

– Dogrudanam şo eşekler nirä ýitirim bolduka? – diýip, ol gyzykly sowal berdi.

Atabaý çypar:

– Hm, şonam bileňokmy? Şäheriň haýwanat bagyndaky ýolbarslar iýip gutardy – diýdi.

Duranlaryň içinde muňa ynanany az boldy. Heý, ýolbarsam eşek etini iýermi? Haýwanlaryň şasyna ýaraşjak zatmydyr şü? Ynha, keýik ýa gulan iýer diýseň, hä diýse bor.

Häliden bäri çetde bir özi gürrüňçilige goşulman oturan, Şamyrat aga nasyny gapdala tüýkürdi-de:

– Hany, şü eşegi duşap biljegiňiz barmy? – diýip, hiç kimiň garaşmadyk sowalyny orta atdy.

Üşerilişip, dymdylar.

Şamyrat aga oslagsyz sowallar bilen adamlaryň sustuny basmagy gowy görerdi. Ilden tapawutly görünmek üçin hemişe adamlary haýran galdyrmaga çalşardy. Niçikmi, gürrüňdeşiniň osal ýerini tapdygy bes, sypdyrmazdy. Hüjüm ederdi. Öwünmegi halaýardy. Häzirem ol tüýs jaý pursatda hereket etdi. Biraz eglense, adamlaryň dagap gitmegi mümkindi.

– Barmy? – diýip, Bekki Şamyrat aganyň sowalyny gaýtalady. – Menem bilemok şony. Öwrenmeli-hä bolar. Araba goşman-a öňki eýesinden öwrendim.

– Inim Bekmyrat! Bular eşek duşamany bilmez. Gaňňa salmanam bilmez. Araba goşmanam bilýändirler öýdemok. Sen bulardan eşegiň haýsy tarapyndan münüp, haýsy tarapyndan düşmelidigini sora, şonam bilýän däldirler – diýip, Şamyrat aga igendi.

– Hakyky zat, bilemzok – diýip, Jepbar boýun aldy.

Çary mugallym nägilelik bilen:

– Bilmek geregem däl. Nämä gerek? Eşekdir-dä – diýdi.

Şamyrat aganyň muňa girre gahary geldi:

– Çary-y! Gerekdir, gaty gerekdir. Eşekdir-dä diýip kemsidýäň welin...

Ol demsalym oýurganyp durdy-da:

– Gaýraky tutly ýaby kimiň çekenini bilýäňmi? – diýip, Çary mugallymdan sorady.

“Bu sowal nireden geld-aý bu ýere?” diýýän ýaly, her kim geňirgenme bilen Şamyrat agaň ýüzüne seretdi.

Çary mugallym bilmeýän ekeni.

– Bilemok – diýip, ol gysgajyk jogap berdi.

– Bilýäňizmi? – diýip, Şamyrat aga beýlekilerden sorady.

Hiç kimden ses çykmady.

Ýaşuly ähmiýetini artdyryp esli dymansoň:

– Bilmeýän bolsaňyz, bilýän otyr ýanyňyzda. Kiçilik bilmän, soraň – diýdi. Diýdi welin:

– Kim çekdi? – diýişdiler.

– Kakam pahyr çekdi – diýip, ol aşak seredip dymdy.

Duranlar tutly ýap bilen eşegiň näme baglanyşygynyň bardygyna düşünmän, ýene soragly nazaryny Şamyrat aga gönükdirdiler. Ýaşuly olaryň wajyp gürrüňi diňlemän, dagabermeginden ätiýaç edip:

– Nädip çekenini bilýäňizmi? – diýip sorady.

– Kimiň çekenini bilmesek, nädip çekenini näbileli? – diýip, Atabaý çypar takat etmän, kineli dillendi.

– Kakam pahyr ummadan akylly adam bolan – diýip, Şamyrat aga köne zamanyň gürrüňini edip ugrady. – Bir gün, ine, şü gaýraky tutly ýaby çekmeli bolýar. Ýerem nätekiz. Ýap çekmek kyn däl, nätekiz ýeriň arasy bilen suw çykarmak kyn. Şo gezek Batman aga aljyrapdyr. Batman aga diýýänim şo döwrüň başlygy. Aljyrap, näderini bilmän, kakama ýüz tutupdyr. Kakam, näme, ömürboýy o zatlaň içinde gezip ýörensoň, darykmandyr, “Arkaýyn bol!” diýipdir. Onsoň noburyň sakasyna barakgetdin, horjunyň iki gözünem çägeden dolduryp, eşegiň gerşine basypdyr. Ýene bir haltanam çägeden dolduryp, keseligine eşegiň

ýagyrnysyna ýükläpdir. Onsoň “Byssymylla! Hyh, janawer!” diýip, eşegi kowup goýberipdir. Özem eline pilini alypdyr-da, eşegiň ýörän yzyny çapyklap gaýdyberipdir. Başlyga-da “Meň pilimi uran ýerim boýunça gazyp gaýdyber ýabyňy” diýipdir.

Şamyrat aga bir gulaga öwrülip diňläp oturan adamlara seredip kanagat tapdy. Ardynjyrap, täze açyş eden ýaly, dabaraly gürledi:

– Hergiz bilip goýuň! Üsti ýükli eşek hiç wagt beýik ýere tarap ýöremez. Ýeriň pesini adamdan gowy bilýändir.

Jepbar:

– Bäh, kellä geljek zat däl-aý. Adamdan emel gutulmaz – diýip, çyny bilen geňirgendi.

Amaty gelenini bilip, şu ýerde Şamyrat aga bireýýäm ölüp giden aslyny öwmegi hem ýadyndan çykarmady:

– Kakam pahyryň bilýänini kagyza geçirseň, bir tam kitap bolardy. Ummadan akylly adam bolan pahyr. Indi ol adamlar ýok. Biz şolarça bolup bilemzok. Adamlar üýtgedi.

Şamyrat aga barmagyny çommaldyp, beleň aldy:

– Hany, obada eşek münübilýän ulugyz barmy? Ýokdur. Tapmarsyňyz. Öň eşek münübilmeýän ýokdy, indi tersine. O-ol eşek münüp, meýdanda kätmen urýan gyzlar indi oral aýal boldular.

Hamana şu duranlar günäkär ýaly, Şamyrat aga adamlara gaharly göz aýlady.

– Ikindiň wagty girdi, men ýöräýin – diýip, Jepbar Güne seretdi.

Şamyrat aganyň muňa-da az-kem gahary gelen ekeni.

– Sen, Jepbar, şu ýere gelip, eşegi ellediňmi? – diýip ol ýene-de bir syrly soragy berdi.

– Ýok, ellämok. Ony nämüçin soraýaň?

Jepbar böwrüne doňuz diňini salyp, Şamyrat aga gürläp başlamanka jogabyny üýtgetdi.

– Dur entek, elledim öýdýän. Sypaladym öz-ä.

– Hä-ä bolýa – diýip, Şamyrat aga töwereginde kejikdiriji duýgulary döredip, dymdy.

Jepbar ýerinden tursa-da gidip bilmedi. Ýaşuly bir zat diýmekçi bolýar. Ony bilmän, gidib-ä bolmaz.

– Hawa, Şamyrat aga, ýekeje gezek sypalap gördüm. Ýuwaş eşek ekeni. Hä, sypalamaly däl ekenimmi?

– Ýok, sypala, sypalaber. Ýöne ikindini okajak bolsaň, täretiňi täzelegin diýjek bolýan.

Şeý diýip, Şamyrat aga hiç zat bolmadyk ýaly, hiç hili geň gürrüň etmedik ýaly, kesä bakyp dymdy.

Jepbaram bir tünt ekeni.

– Täretim bar-a. Öýläni okamakam täret kyldym-a – diýip, günortanky eden işini ýatlady.

– Ýene täzelemeseň bolmaz. Eşege eilini degireniň täreti bozulýandyr – diýip, Şamyrat aga başyny belent tutdy.

Bekki Şamyrat agaň ýüzüne seredip, myssa ýylgyrdy. “Ýeri, bu gürrüňi nireden oýlap tapdyň? Häzir bu duranlaň biri subut et, ynanamok diýse nätjek?” diýip pikir etdi. Eýse, onuň ýaşulyny ýalançy edesi gelmedi, dilini dişledi.

Şamyrat aganyň bolsa töweregindäkileriň ählisiniň agyzlaryny öweldişip, aňkarylyp duranlaryny görüp, ýüregi joşdy. Adamlary ýene bir gezek haýran galdyryp bilenligi üçin buýsandy.

– Eşegiň aslyny bilýänsiňiz-ä. Ýa onam bileňzokmy? Onam aýdyp bereýinmi? – diýip, ol süründi.

Aýtsa, aýdyp bererdem welin, şu ýerde öý eýesi Bekki garasöýmezlik etdi-de, adamlary tiziräk dagytmak maksady bilen:

– Weý, hany, beýdip eşegiň ýanynda durmalyň-la! Öýe gireliň-le! – diýdi.

Adamlar: “Ýok-la öý bolmaz. Işim kän. Ýene bir gün” diýişip şo bada hersi bir tarapa dagaşyp gitdiler. Jepbaram ýeňsesini gaşap, iňkis bilen öýüne gaýtdy.

Şamyrat aga-da ýerinden turdy. Aýtmaly möhüm bir zady unudyp, indem ony hakydasyna getirjek bolýan ýaly eşege seredip biraz oýurganyp durdy. Aýdara degerli zat ýadyna düşmänsoň, Bekkä ýüzlenip:

– Eşeg-ä meňem edinesim gelýär welin, arman elim ýuka. Işigiňde gannyzyny titredip, hynçgyryp duran eşegiň bolaýsa! Menem bardyryn haw diýip, obany ýaňlandyryp aňňyryp dursa-da! Şuňa şeýle bir höwes edýän welin, hiç zadyň çaky däl. Häk... – diýip, arman bilen başyny ýaýkady. Şol wagt ol Bekkiniň gözüne “Şu eşegiňi maňa beräý. Eşegiň gadryny men senden has gowy bilýän” diýerli göründi.

Soň Şamyrat aga:

– Setdaram ýaman kejeňek. Hol arada eşek alaly diýsem, “Ýykylyp bir ýeriňi döwdürersiň. Hany indi eşek çapyşyk geçirilýämi öňki ýaly. Indi gezek atyňky. Eşek däl-de, at çapylýa indi” diýýä. Hamana, men o zatlary bilmeýän ýaly – diýip, öýdeş oglundan zeýrendi.

Bekki: “Beh, bi işigaýdan eşegi nätjekkä? Meňki ýaly ot-çöp daşara mal-garasy ýok. Eýläk-beýläk gidere oglunyň suw ýaly aýagulagy bar. Ýaşam ýetmişden aňyrda” diýip pikir etdi. Näçe pikir etse-de, eşegiň ýaşula nämüçin gerekdigine teý düşünip bilmedi.

Ýetirilmesi derwaýys habar ýadyna düşdi öýdýän, “Hä, dur entek” diýip, Şamyrat aga dikeldi. Eşegiň öňündäki suwly bedrä garap:

– Aýyn bolmasa, at diýýändirler. Atam gowy janawer, şekim ýok. Ýöne eşekden egsik ýeri kändir – diýdi.

Bekkiniň kellesinde "Haryň işi hardyr, dostlar, müň magtasaň atça bolmaz" diýen setirler biygtyýar gaýtalanyp ugrady.

– Ine, şü janaweriň suw içýän bedresinden senem içip bilersiň – diýip, Şamyrat aga dowam etdi. – Ýöne atyň suwa ýakylýan bedresinden suw içmek haram bolýar, bilseň. Sebäp näme diýseň, ady eşegem bolsa bi janawer suwy dişinden syzdyryp içýär. Bedresine demi düşýän däldir. Emma welin, at muň ýanynda halamadyr. Içýän suwuna pyşgyrýandyr. Sarkdyryp, dökan-saçan edýändir... Häk, ýaňky Jepbara aýtmalydym şuny.

Şamyrat aga kädisini çykardy-da, düýbüne pitikläp, umumy gürrüň etdi:

– Eşegem bolsa, hyzmatyny görjek bolsaň, janaweriň göwnüne ýetmelidir. Bilmedik zadyň bolsa, soramak aýyp däldir, arkaýyn sorabergin. Öwrederin.

Bekki gysgajyk:

– Bor – diýdi. Ol geplemsek bolsa-da, Şamyrat aganyň ýanynda kän gürlänokdy.

Şamyrat aga nasyny atdy-da, öýüne gaýtdy. Dodagyny müňküldedip, nasyň pinegini görüp gelşine bir wagtlar kakasynyň eşekden düşüp, täretini täzeleýänini ýa täzelemeýänini göz öňüne getirjek boldy. Hiç ýadyna salyp bilmedi.

*Maý, 2013 ý. Mary.*

## ÝOLDA ÝOLUGAN

*Hekaýa*

Düzüm-düzüm durna uçdy, hatar-hatar gaz geçdi. Topar tutup gelen gara-gara gargalar şüdügär meýdanyň üstünde dynuwsyz gagyldaşdylar.

Guran ot-çöpleri rehimsiz dalap, şahalardaky soňky ýapraklary aparyp, agaçlary ýalaňaçlamak üçin giçki güýzüň sörtük şemaly şuwlap başlady.

Agyr ýüküň astynda ýegşerilip gelýän bulutlar ýere juda golaýlady. Gözýetimi çalymtyk duman örtüp, sähranyň üstüne ýukajyk perde çekildi. Çisňäp, ýagyş ýagyp başlady.

Ýagşa ezilmezlik üçin bir bölek karton kagyzy depesine tutup, Baýram uly ýola çykdy. Geçýän ulaglara goluny salgamaga başlady. Kän garaşmady. Goýy gyzyl reňkli ulag gabadynda saklandy. Orta ýaşan sürüji boýnuny süýndürip, aýnasyny açdy-da, Baýramyň

salamyny howlukmaç alan dessine nirä barýanyny soramazdan-zat etmezden:

– Mün, mün, ýedi ýoluň üstünde ezilip durma, mün! – diýdi.

Baýram ulagyň öňki gapysyny açyp, mündi. Ýerleşdi. Yzky oturgyçda ýeke oturan garry aýala salam berdi. Şondan soň sürüjä ýüzlendi:

– Şähere barýan. Ugrumyz bir bolsa...

– Ugrumyz bir – diýip, sürüji onuň sözüni böldi. – Bizem şähere. Men-ä inimiň täze alan jaýyny gutlaýyn diýip barýan. Näzik eje-de şäherde ýaşaýan oglunyňka myhmançylyga barýar. Ýok, ýalňyşdym, myhmançylyga däl, agtygynyň geňeş toýuna barýar.

Yzky oturgyçda oturan Näzik eje gozganjyrady, müçesine mahsus bolmadyk dury hem ýiti sesi bilen:

– Geňeş toý dä-äl, Akat jan! – diýip, sürüjä düşündirdi.
– Geňeş toý nireden kelläňe geldi? Bu bir häki maslahat.

– Tapawudy näme? Türkmeniň maslahatynyň yzam toýa ýazýar-da. Maslahat bilen geňeş ikisem bir zat ahyryn.

– Näbileli, jan dogan. Gyz agtygym üçin eli saçakly gelýän bar diýensoňlar, oturybilmedim. Halaşypmyşlar. Tanaman-bilmän halasy ýok-la welin, şonda-da bir habar tutmasam, ynjalmadym.

Az salym dymdylar.

– Zamanasyna görä ýörelgelerem üýtgäp barýar – diýip, birhaýukdan Näzik eje köne döwri ýatlady. – Öňki zamanlarda öýlenjek oglany dürli hili ýol bilen synap görer ekenler. O mahallar, näme, şindiki ýaly taýyn demir ojak bolmandyr. Asyl ýaňy-ýaňylaram gazany gazma ojakda atarardylar. Onsoň giýew boljak ýigidiň işe çulumlygyny barlamak üçin ojak gazdyryp görüpdirler.

Akat çyny bilen geňirgenip:

– Beh, äl-aýt, üýtgeşik synag ekeni. Onsoň ojak gazyp bilmedige gyz bermedilermikä? – diýip sorady.

– Öý-işik nesibesi bolanyň müjerret öteni ýokdur-la. Her kim deňini tapyp alandyr. Ýöne, näme, ojagaz synag kimiň nähili iş başarýanyny bes-belli edip dur-da. "Heleý hamyrda belli, sölite suwda" diýen ýaly, giýew boljagyňam kimdigi ojak gazanda tanalýan bora çemeli.

"Hä, hümm" edişip, ýene biraz dymdylar.

Ýene Näzik eje gürrüň bilen ýol kesdi:

– Indi zamana üýtgedi. O-ojagaz synaglaň möwriti ötdi. Indi giýew boljak ýigide ojak gazdyryp, synagdan geçirmegiň derkary ýok. Indi ýigidiň bilimine, üşügine seredýärler. Eli hünärli bolsa, çagasynyň aç-ýalaňaç gezmejekdigine her kimiň gözi ýetip dur. "Hänärli är hor bolmaz, dost-duşmana zar bolmaz" diýipdirler. Könekileň aýtmadyk zady barmy?!

– Gaty dogry aýdýaň, Näzik eje! – diýip, Akat hem gürrüňçilige nakyl bilen at goşdy. – "Hünärli ýigit – miweli agaç" diýipdirler-ä. Ýaşlykda hünär edinseň, çöregiňi gury çeýnemersiň!

Näzik eje uludan demini aldy-da, içki aladasyny ýaşyrman, diline getirdi:

– Akat jan, ynha, menem şoň endişesini çekip gelýän. Gyz agtygym halaşypdyr, taň edipdir. Şäher ýerinde oturan beýnisi bekemedik gyzyň ömürlik ýoldaş diýip saýlany adam çykýan ýerlerden bolaýsa, ne ýagşy! Maňlaýyndan çykjak ýigit bikär bolman, günemasy üçin ýüwrüp ýören galjaň, halal iýýän oglan bolawersin diýip dileýän. Esasy zat, elinde hünäri bolsun diýýän.

– Hemme zat göwnüňe görä bolýandyr, Näzik eje. Niýetiň ýagşy bolsa, päliň düzüw bolsa, nädäýersiň, basan

ýerinden ot çykýan, gyzyl ýaly köreken duşaýsa! – diýip, Akat göwünlik berdi.

– Belki, şeýle bolsun-da!

Akat ýene bir zatlar diýmäge çemlenip otyrka ulag bir näsazlyk tapynyp, siltenip ugrady.

– Beh, bi nädýär-aý? Muňa näme bold-aý? – diýip, Akat gözlerini elek-çelek edip, özündenmi ýa ýanynda oturan Baýramdanmy sorady. Oňa çenlem ulagyň motory öçdi.

– Ýangyjy gutarandyr, ýangyjy gutarsa şeýdýä dämi şü? – diýip, Näzik eje ulaga degişli bilýän ýeke-täk zadyny sorady.

– Ýangyjy bar-a. Ýaňy ýola düşmänkäk doldurdyg-a – diýip, Akat naýynjar äheňde jogap gaýtardy.

– Onda nämedenkä? Ýaňam-a gopuz ýaly işläp durdy bi haýran!

– Häzir bileris. Bilerisem, düzederisem.

Akat daşyna çykdy-da, ulagyň kapotyny galdyrdy. Entek howry gitmedik motoryň ýylysyna çoýunýan ýaly, eglip, ellerini öňe uzadyp, ulagyň hereketlendirijisine ýaýdanmaç seretdi. Kemini belli-külli bilmeýänligi onuň kesesinden äşgär boldy.

Baýram ulagdan düşdi.

Yzýany bilen Näzik eje-de çykdy.

– Bu-uww, daşary gaty sowapdyr-a. Ýalazy ýeriň şemaly edil içiňden geçip barýar... Akat jan, nämesi bozulypdyr? Düzeljekmi özi? – diýip, ol ulag eýesine gaty kyn sowal berdi.

– Düzeler-le. Düzelmän, gitjek ýeri nire?! – diýip, Akat giň göwrümlilige saldy. Emma niresinden başlajagyny bilmeýän ýaly, işe girişibermedi. Bir-de töweregine

garanjaklap, birde-de motoryň eýlesini-beýlesini elleşdirip, güýmeň-süýmeň etdi.

Ýagyş bolsa güýçlendi. Gitdigiçe güýjeýän şemalam ýagşyň iri damjalary bilen öňünden çykan ähli zady şarpyldadyp, urup başlady.

Baýram uzak saklanyp bilmedi.

– Agam, rugsat ber, menem bir göreýin-le şuny! – diýip, ýüzüni eňşedip duran Akata ýüzlendi.

– Şeýtsene! Görsene! Eýesiz haýran, uzak ýoluň orta gürpünde bozulaýmalymy?

Baýram penjegini çykaryp, ýeňlerini çermedi. Wagt ýitirmän, motoryň tok geçirijilerini barlaşdyrdy. Şol ýerdenem kemini tapdy.

– Üýtgeşik bolan zat ýok, agam, ine, şu ýerleri biraz çyg çekipdir. Wagtyň geçmegi bilen gowşap, könelýär-dä. Onsoň şular ýaly ýagynly howada bozuljak bolup dur. Häzir muny, ynha, şeýdip, dakarys welin, edil sagat ýaly işlär durubiýr...

– Dogrudyr. Ähtimaldyr. Eslije wagt münüldi. Könelendir. Howa-da bulaşdy duruberdi – diýip, Akat üzlem-saplam hümürdedi.

– Hany, agam, indem bir otlap gör.

Akat otlap gördi. Ulagyň motory guratlygyny mazamlap, dury ses bilen işlemäge başlady.

Gaýtadan ýola düşdüler.

– Ömrüň bolsun, inim! Edil Hydyr ata bolup ýetişdiň. Sen sataşmadyk bolsaň, Näzik ejäni gaty kösejek ekenim. Janawer, demir-dä. Dili ýok ýetmezini aýdar ýaly. Ýogsa, mähetdel etjekmi men?! Näme kär edýän diýdiň, inim?

– Ulag bejerýän, agam.

– Ana, ana, gördüňmi? – diýip, Akat joşgunly gürledi. – Jaý wagtynda duş geldiň. Seni bize Hudaýyň özi duçar

edendir. Sowukda kösenmesinler diýip, ulag ussasyny bize ýoldaş edendir.

Näzik eje-de Baýramyň öwgüsini ýetirip, alkyş aýtdy.

– Asyl, Akat jan, bu oglan muny dem salymda düzetdi oturyberdi. Hünärine hötde gelýäniň iş edişi şular ýaly bolýar. Taňryýalkasyn, guzym! Eliň gözüň dert görmesin! Hudaýym, ak gyz ýoldaşyň bolsun!

– Ullakan eden işimiz ýok-la. Bular ýaly näsazlyklary elujundan düzedip bolýar. Onuň hiç bir kynçylygy ýok – diýip, Baýram pespällik bilen sypaýy gürledi.

Ondan-mundan gep atyşyp, ýene biraz ýol geçensoňlar, ulag şäheriň çetinden girdi.

– Akat jan, onda ilki bilen meni düşür. Gözi ýolda galandyr bulaň – diýip, Näzik eje düşmeli ýeriniň salgysyny bermäge başlady. Şonda Baýramyň ýüzünde geňirgenme gatyşykly bilesigelijilik peýda boldy.

Hakykatdan hem ogly-gelni, agtyklary Näzik ejä garaşyp duran ekeni. Onuň ýüküni düşürmäge kömekleşýän wagty uýaljyrap duran uly gyzy görüp, Baýramyň ýüzi gyzardy. Tolgundy. Galdyrap, gabak astyndan garaýan gyzyň gözlerinden: “Enem bilen nähili gabatlaşdyň? Ýa öňden tanaýardyňmy?” diýen sowaly okap, syrly ýylgyrdy.

Uzak eglenmediler. Akat bilen Baýram hoşlaşyp gitdi.

Näzik eje bolsa gysgajyk salam-helikden soň gelnine gürrüň berýärdi:

– Häli gelmelidik. Ýolda düşen günümizden habar al! Akat janyň maşyny bozulyp, tas meýdanda galypdyk. Howa-da sowuk. Eşek öldüren şemal içiňden geçip barýar. Ýagyşam, sadagaň gideýin, edil bedreden dökülýän ýaly guýup dur. Entegem, ýaňky oglanjyk dadymyza ýetişäýdi. Maşynyň motoryna elini degren dessine, hemmesi düzeldi

duruberdi. Asyl ol demriň piri bolsa, nätjek. Çynar janyňam maňlaýyndan şolar ýaly il derdine ýaramly, eli hünärli biri çykaýady-da! Jan, Allam, ýatsam-tursam, dilegim şo!

Durşy bilen bir gulaga öwrülip, enesiniň gürrüňlerini diňläp duran Çynar gyzardy, bozardy, edaly ýylgyrdy.

*2-nji noýabr, 2013-nji ýyl. Mary.*

## BALYKÇY

*Hekaýa*

Derýa boýunda bir balykçy ýaşaýardy. Gojalypdy. Soňky wagtlar onuň işleriniň weji ýokdy. Tory köplenç boş çykýardy.

Balykçynyň kempiri lagşan öýüň gapysynda oturyp, "ah-wah" edýärdi, kembagallykdan zeýrenýärdi. Goja ony köşeşdirjek bolup, her näçe jan etse-de, peýdasy ýokdy. Kempiriň gün-günden gygy ajaýardy.

"Ertekidäki ýaly tylla balyk toruma düşse, menem bu güzaplardan dynsam!" diýip, goja balykçy öz ýanyndan arzuw ederdi. Äriniň toruna ähli islegiňi ýerine ýetirip duran jadyly balygyň düşjekdigine kempir kes-kelläm ynanmaýardy.

Goja ömürboýy günemasyny balyk bilen aýlady. Ýaş wagtlary tory bir gezegem boş çykmandy. Aýalyna: "Gazanyňy ataryber. Men tory boşadyp gaýdaýyn" diýip, çykyp giderdi-de, salymyny bermän, eli täze balykly yzyna dolanardy. Ýaňy-ýaňylaram güzerany hiç neneň däldi. Buruljyrap, aç ýatany ýadyna düşenok. Onsoň işleriň şowuna bolmadyk wagty goja: "Şo ýyllar derýada balyk ummasyz köp bolandyr. Indi mundan bereket göterilendir, rysgal-döwlet gidendir" diýip pikir ederdi. Käte bolsa: "Soňy görünmeýän zat barmy näme? Dyngysyz tutup otursaň, näçe bol bolsa-da, bir gün teýi tükenmeli bolar. Kempir ikimiz munuň ähli balygyny gara bokurdakdan

ötüren bolmagymyz hem mümkin. Eger şeýle bolsa, indiden beýläk nädip ýaşamaly?" diýip, gaýga giderdi.

Balykçynyň muşakgatçyl kempiri bolsa barmagyny gezäp: "Sen töňňe! Sandan galan nalajedeýin bolmasaň, iki eliňi burnuňa sokup, boş dolanarmyň?" diýip, gyjalat bererdi. Goja kempiri bilen sanaşyp oturmazdy. "Eýse, kempir galat aýdanok. Töňňe kemim galmandyr. Hiç zadyň alnyndan bolmaýan gury san bolaýdym öýdýän" diýip, maňlaýyny ýumruklap, özüni köteklärdi. Wagt-wagt bolsa "Ýeri, atan torum boş çykyp dursa, men nädeýin? Eliňe, diliňe düzelýän zatmydyr bi? Aw diýilýän zat nesibe ahyryn! Nesibäňde bolmasa awuň oňmaz!" diýip, içini geplederdi.

Şular ýaly, kejikdiriji, gara günleriň birinde ir bilen kempir:

– Aňkasy aşan, mahaw! Ikarada söw syryp, boş gezip ýörme-de, bir zat getir. Yzyňa boş dolanma! Asyl boş geljek bolsaň, öýe gelýän ýodany ýadyňdan çykar! – diýip zabun gürrüň etdi.

Goja pelekden dat edip, derýa boýuna gitdi. Baryp, toruny çekdi. Görse... ine, toruň içinde bir zat ýatyr. Goja ony eline alyp, seretse, çüýşe! Agzynda-da jebis dykysy bar. Ilki hyýaly muny eliniň tersi bilen çykan ýerine zyňmakdy. "Hany, agzyny bir açyp göreýin, içinde näme barka?" diýen pikir kellesine gelip, dykyny çekdi. Şo bada çüýşäniň agzyndan zogdurylyp, çal tüsse çykdy. Tüsse gitdigiçe ulalyp, jadyly ertekidäki ýaly, sähel salymda gojanyň üstüne abanyp duran äpet mahluga öwrüldi. Onsoň howada asyl-asyl bolup duran ýerinden:

– Pah-pah, dünýäň ýüzi üýtgäp gidipdir-ow! – diýip, haýran galyp, adam dilinde gepledi.

Haýran galmakdan ötri gojany wehim basdy. Gorkudan ýaňa onuň eli sandyraýardy, aýaklary tibirdeýärdi.

– Balykçy, sen gorkma! Men saňa kyrk müň ýyl garaşdym – diýip, çüýşeden çykan tüsse geň-taň gürrüň etdi.

– Sen kim? – diýip, goja sorady.

– Men – jyn! Aslym tütünem bolsa, özüm gowy jyn. Emma şunça ýyl çüýşede ýatmaly boldum.

– Günäň näme? Kim seni beýtdi? – diýip, goja biraz özüni dürsänsoň gyzyklandy.

– Biler bolsaň, balykçy, meniň iň uly duşmanym aýalymdyr. Meni çüýşä salanam şol – diýip, jyn kyrk müň ýyl mundan ozalky geçmişi gürrüň bermäge durdy. – Biz jynlar taýpasynyň atasy Abyljynyň neslinden bolarys. Ýaşymy aýdyp bersem, özüň hasap et! Men seniň toprak aslyňdan has uludyryn. Hatda Azazyl Şeýtan hem menden kän kiçidir. Aýalym ikimiz okumyş jynlardandyrys. Men bir-ä gaýypdan bihabardyryn, birem çüýşeden çykmagyň tärini bilýän däldirin. Gaýry ähli zadyň syry maňa aýan. Men muňa ylym bilen ýetdim. Emma okumyş bolsa-da, aýalymyň okuwy meňkiden pesdir, ylmy telperdir. Ol menden ökde çykjak bolup, her jüre işlere baş goşup gördi. Ýöne her gezek asgyn geldi. Onsoň göriplikden ýaňa näderini bilmän, ahyrynda hilä ýüz urdy. Bir gün gelip: "Kiçelip, şu çüýşäň içine sygmagy başararmyň? Başarsaň, seniň ylmyň güýçlüdigine boýun bolaýyn!" diýdi. Men oňa ynanyp, çüýşäň içine girip, görkezdim. Aýalym şo bada çüýşäň agzyny petikledi-de, suwa atyp goýberdi. Men çüýşede akyp, dünýäň ähli ýerine aýlanyp çykdym. Derýalaryň, kölleriň, deňizleriň, ummanlaryň içinde meniň görmedik ýerim ýokdur. Suwuň astynda-da kän ýatdym.

Bir gün, Nuhuň eýýamynda bir kölüň ýakasyna akyp gelen wagtym özüň ýaly balykçyň çolpusyna ilip, suwdan çykdym. Emma çüýşeden çykyp bilmedim. Balykçy kelesaňlygyny edip, sögünip, gargynyp, dykysyny açmazdan, çüýşäni suwa zyňyp goýberdi. Eger meni çüýşeden çykaran bolsa, onuň islendik hyýalyny hakykata öwrüp berjekdim. Şundan soň müň ýyl gowrak ýatamsoň, suwuň astynda zümerret daşlaryny çöpläp ýören bir balyk meniň ýatan çüýşämi gymmat bahaly daşdyr öýdüp, ýuwutdy. O balygam bir gün tora düşdi-de, balykçynyň hem onuň akly gysga aýalynyň ajalyna sebäp boldy. Çünki balygyň içinde bir gysym zümerret daşy bardy. Balykçy: "Garran wagtymyz bizi hiç bir zada mätäç etmez. Hiç kime görkezme! Bir ýerde ýygşyryp goý!" diýip, bu daşlary aýalyna ynandy. Aýaly bolsa äriniň gepine gulak gabartmady. "Bular ýaly gymmat daş patyşaň hazynasynda-da ýokdur" diýip, ol goňşy aýallaryň ýanynda öwündi. Hakykatdan hem şanyň hazynasynda zümerret daşy ýokdy. Bu gürrüň günübirin ýurduň patyşasynyň gulagyna ýetdi. Ol öwezine hiç zat bermän, zorluk bilen gymmatbaha daşlary olaryň elinden aldy-da, aýalyna sowgat berdi. Patyşanyň aýaly daşlardan monjuk ýasandy. Emma ýasan monjugy boýnuna ýetmedi. Onsoň ol azyrganyp: "Balykçyny gyssa, olarda başga-da bardyr, senden gizleýändirler" diýip, ärine arzyny aýtdy. Patyşa balykçy bilen aýalyny çagyryp, azm urdy. "Gizlän zümerret daşlaryňyzy çykaryp bermeseňiz, başyňyz ölümli!" diýdi. Olar, elbetde, özlerinde ýok zady berip bilmediler. Patyşa bolsa gazap edip, balykçyny we onuň aýalyny ölüme höküm etdi. Eger şo gezek, balykçy çüýşäni suwa oklaman, meni azat eden bolsa, men olary ölümden gutaryp bilerdim. Adam diýeniň gözli kör bolar ekeni.

Elindäki bagtyny görmän, suwa zyňyp goýberäýýär. Ine, onsoň şunça ýyl ýatyp, ahyrynda-da seň toruňa ildim.

Goja jynyň gürrüňini agzyny açyp diňledi.

– Indi, balykçy, meni çüýşeden çykaranyň üçin nähili islegiň bolsa, bitirmäge taýyn. Möhümiňi aýt! Men howlukýan. Aýalymy tapyp, onuň jezasyny bereýin – diýip, jyn gojany gyssady.

– Beýle bolsa, meňem kempirime göz görkez. Ysmaz keseline duçar bolsun!– diýip, goja islegini aýtdy.

– Bolanymy? Bary şumy? Bu islegiň-ä bitdi, balykçy! Kempiriň ölmez-gülmez halda mum-helim bolup ýatyr – diýip, jyn şo bada gözden gaýyp boldy.

Goja bolsa toruny suwa atdy-da, öýüne gaýtdy. Gelip görse, hakykatdan-da kempiri ysmaz derdine ýolugyp, gözüni agdar-düňder edip ýatan ekeni. Balykçy ilki muňa begenmänem durmady. "Indi maňa beren ezýetiň üçin jezaňy çekersiň" diýip, içinden heşelle kakdy. Emma nähak begenen ekeni. Goja muňa biraz giç göz ýetirdi. Çünki şondan soň kempiriň azary artdy. Onuň iýjek tötegini hem balykçynyň özi agzyna tutup bermeli boldy. Şeýdip, gojanyň güni has-da agyrlaşdy. Ol öňküje mydarasyny hem ýitirdi. Onsoň bu ýagdaýa çydaman, bir gün eline hälki çüýşäni alyp, jynyň gözlegine çykdy. "Senjagaz, jyn, bir gabat geläýmezmikäň?! Emel bilen al salyp, ýaňadan çüýşä salyp, soňam boşadyp, täzeden arzy-halymy aýtmasam, boljak däl" diýip pikir etdi.

Eýse, gojanyň arzy-halyny diňläp, işini bitirmek üçin jynyň çüýşä gaýtadan girip-çykmasy zerurmy? Çüýşä girmände başarmaz öýdýäňmi?

*13-nji fewral, 2014-nji ýyl. Mary.*

## TELPEK

*Hekaýa*

Pah, bi telpekmi? Telpek dagyn däldir!

Munuň asly Demirgazykda, sowuk ülkelerde ýaşaýan haýsydyr bir suw jandarynyň derisi. Arzan däl. Ganymatja bahasy bar. Beýle telpegi her öňýeten şahyna ildirip biläýenok. Üstesine-de islän wagtyň islän ýeriňden tapdyrybam duranok.

Hasapçy munuň yşgynda kän gezdi. Öz ýanyndan muňa "Hojaýynlaň telpegi" diýip at berdi. Ýigrimi ýyla golaý wagtyň içinde edaranyň ýolbaşçysy telim çalyşdy. Emma ýaşyna, hüý-häsiýetine garamazdan, şular ýaly telpek olaryň hemmesinde bardy. Hasapçy dürli kärdäki adamlaryň başgabyna seredip, uly wezipesiniň bardygyny ýa ýokdugyny takyklamagy endik edinipdi. Çaky köplenç dogry çykardy. "Edara hojaýyn bolmak üçin hökman şular ýaly telpegiň bolmagy şertdir" diýen ynanç hasapçynyň ýüreginde bireýýäm şine urupdy. Onsoňam ol: "Başlyklyga göterýän şo telpegiň özi bolmasyn? Şony geýenleň içinde emel ýetmedigi barmy? Ýok! Ýöne-möne telpek däl şü. Göze görünmeýän bir gudraty bar. Ynha, menem bir gün bu telpekden edinerin. Onsoň ulurak kürsä münsem gerek" diýip soňky günler kän pikir edýärdi.

Hasapçy: "Gymmadam bolsa, edinmeli! Şu ýyl hökman edinmeli!" diýip, belli-külli karara gelensoňam, tä

gyş alkymlaýança telpegiň arzuwy bilen ýatyp turdy. Wah, özüne galsa, bu söwda hälä galmaly däl. Öýde ähli zadyň hasabyny ilik-düwme çykaryp oturan aýaly hem bar. “Men-ä, ynha, şuny şeýdäýendirin” diýip, ondan bigeňeş bir iş edip bolýarmy näme? Nädibem bolsa, gep-gürrüň bilen başyny aýlap, ilki hä diýdirmeli. Onsoň munuň puluny jemlemekde-de iş bar. Bahasy hele-müçük däl ahyryn. Gyş bolsa, ynha, gaşyny çytyp, ýüzüni asyp dur. Häzir gopmasaň, indiki ýyla çenli ýene şol öňki esgi papagyň başyňdadyr.

Hasapçy ahyry bagta töwekgellik etdi. Üç sany telpegi geýip-çykaryp, aýnaň öňünde ýarym sagat duransoň, saýlap-seçip, ine, şu telpege eýe çykdy.

Pah, bi telpekmi? Telpek dagyn däldir. Sen munuň ýylylygyny aýtjakmy, şar-gara tüýleriniň lowurdysyny diýjekmi, mymyklygyny wasp etjekmi? Esasy zat, haýbatyna seret, haýbatyna!

Hasapçy muny başyna geýdi weli boýy bir gez beýgelen ýaly bolaýdy. Asyl beýgeldi. Edil şu pursatda özüniň ýokary wezipeli bir edara başlygyna meňzeýändigine birjigem şübhe etmedi. Çünki telpek onuň küýkerip ugran göwresini dim-dik etdi. Ädim urşy göz-görtele üýtgedi, ol apaň-apaň basyp, özi bilmezden ýolugra gabat gelýän tanyşu-nätanyş adamlaryň käsiniň telpege gözügidijilik bilen garaýandyklaryna hoşal bolup, käsiniň bolsa oňa asla ünsem bermeýändigine biraz kejigip, öýüne geldi.

Aýaly “Nesip etsin! Toýa geý!” diýmegiň deregine:

– Bir aýlyk gazanjyňy berip alanyňam şümi? – diýip, dodagyny çöwürdi.

Ýeri, ähli zadyň gymmatyny puluň mukdary bilen ölçeýän heleýe nädip gep düşündirersiň? Hasapçy

aýalynyň sözleri üçin darygyp durmady. Ol täze telpegiň işdeşleriniň arasynda turuzjak şowhunyny göz öňüne getirip, eden söwdasyndan kanagat tapdy, ýeňil dem aldy.

Ertesi işe baranda ilki bilen aýallar egele bolup, hasapçynyň daşyna üýşdüler. Ýiti-ýiti synlap, munuň hakykatdan hem tapdyrmaýan gyt telpekdigine göz ýetirensoňlar: "Nesip etsin! Gutly bolsun! Toýda tozsun!" diýip gutladylar. Haýsy dükandan alanyny soradylar. Bahasy bilen gyzyklandylar. Gaznaçy gelinleriň biri süýnüp-sarkyp:

– Meňem öýdäki hojaýynyma bu çaka almalydyk welin, ol gara reňki halanok, çalyny gözleýär, tapsak, puluny gaýgy edemzok – diýip, öwünjek boldy. Emma hasapçy oňa geplemäge maý bermedi.

– Tapyp bilse, puluny sanabiljek kän, ýöne teýinde bolmasa, nätjek? Çal reňk-ä asylam gyt – diýip, onuň badyny aldy. "Her öňýeten muňa mynasybam däl" diýesi geldi. Ýöne çekindi. Gaznaçy gelin giň göwrümlilik bilen:

– Tapylýança garaşaýarys. Ölesimiz ýok – diýdi.

– Tapylarmyka? Bular ýaly telpegi tikmegi gadagan edipdirler diýibem-ä gürrüň bar. Men-ä eşitmiş welin, telpek tikýän edara indi possun tikýärmiş. Sebäbi telpeklik deri tapdyranok diýýär. Bi, how, gözüňe, söweýin, Gyzyl Kitaba girizilen gymmat jandaryň derisinden tikilen-ä. Tohumy tükenip ýören bolsa, näbilýäň? – diýip, hasapçy göz-görtele ýalan sözledi.

Emma bu gürrüňe ynanan bolmady. Aýallaryň käbiri ýaňsyly ýylgyrdylar. Käsi bolsa: "Ýalan sözläňde ýapa bir degir" diýýän ýaly, gaharlanyşyp, gaşlaryny çytdylar. Hasapçy:

– Ine, görersiňiz! – diýip, eşidiler-eşidilmez mydyrdady. Ol şular ýaly telpegiň tapylmazlygyny we ony geýýän adamlaryň köpelmezligini ýürejigi bilen isleýärdi.

Telpek işdeş erkekleriň hem nazaryndan sypmady. Olaryň käbiri halys ýürekden, käbiri ýasama ýylgyryp, gutladylar. Käbirleri bolsa, temegini diň-göge tutup, seňriklerini ýygryşyp, göripligini ýüze çykardylar. Başlyk bolsa: “Tüweleme! Senem şeýdip, käte bir tüýüňi täzele, how. Gowam gelişýär” diýip, adaty gürrüň etdi. Şeýlelikde telpek garaşylan gudraty görkezip bilmedi.

Emma hasapçy ruhdan düşmedi. “Herki zadyň öz wagty bar” diýip, özüne göwünlik berdi. Telpegiň hakyky güýjüni görmek üçin ýene biraz sabyr etmek gerek. Eýsem-de bolsa, ol şunça ýyl ýalňyş pikir eden däldir.

Emma hasapçynyň durmuşynda üýtgeşiklik bolubermeýärdi. Ol adatdakysy ýaly işe gelýärdi, telpegini ýanyndan goýmaýardy. Wagt geçdigisaýy iş ýerindäki adamlar telpegi ýatlaryndan çykardylar. Hiç kim ähmiýet bermedi. Telpegem şo bir durkunda durmaýar. O-da edil adamlar ýaly wagtyň zabun kanunyna boýun. Şeýlelikde ýyllar geçip, telpegem könelişýärdi. Emma hasapçynyň ynanjy çat açmady. Ol entegem umyt edýärdi. Bir nesibeli güne garaşýardy. Soňky ýyllar bolsa ol telpek bilen gepleşmäni hem çykardy. Dogry, telpek dil açanokdy, diňe hasapçynyň aýdýanlaryny sessiz diňleýärdi. “Meni uly kürsülere geçirjegiňe hiç hili şübhäm ýokdur. Meni ýokary götermeli sensiň. Men garaşýandyryn” diýip, ol telpege ýüzlenerdi.

Käte hasapçynyň günäsi sebäpli telpegiň hem çetine degilýän wagtlary bolýardy. Bir gezek bir toýda hasapçy ýaşyna gelişmeýän süwümsizlik bilen gelinleriň birine lak atdy. Gelin bolsa: “Telpegiň başyňy iýsin! Haram ölen

şagalyň derisinden tikilen şylhasynyň myrdaryny aşyryp!” diýip, telpegiň mertebesini peseltdi.

Telpegiň hut hasapça mynasyp görülmedik wagty-da boldy. Işdeş aýallaryň biri hasapçy bilen sözi azaşanda çekinmezden-zat etmezden, onuň bäbenegine barmagyny sokaýjak bolup: “Şüýem özüne erkek diýip, kellesine telpek geýip ýör. Heleýiň gyňajyny daň başyňa, bigaýrat!” diýipdi.

Bir gezegem hasapçy ömür etmeýänini edip, bir günlük telpeginden aýra ýatdy. Şonda ol bir meýlisde agdyk içip, serhoş boldy-da, öýüne gaýdanda telpegini ýadyndan çykaryp gaýtdy. Emma nesibesi aýrylyşmandyr. Telpegi oňa ertiriň özünde gowşurdylar.

Ýyl yzyna ýyl geçdi. Günlerde bir gün hasapçynyň kazasy dolup, o dünýä göç etdi. Ajal oňa telpegi bilen hoşlaşmaga-da maý bermedi. Telpek eýesiz galdy. Kän wagtlap derde ýaramajak, köne egin-eşikleriň arasynda ýatdy.

Ahyrynda öý bikesi muny tapyp aldy-da, ekin üstüne gidende ýany bilen äkitdi. Eltip, garantga geýdirdi. Garantgaň başynda ekiniň başyny alyp duran wagty telpek är işini bitirdi. Bakjany guş-gumrudan gorady. Emma güýzüň aýaklarynda telpek ýitirim boldy. Ony zibil dörüp ýören şäherli kemmagalyň biri utanman-yşman ogurlady. Zibil dörmekden başga-da ol adamlaryň iň bir gelim-gidimli ýerinde oturyp dilegçilik hem edýär ekeni. Şonda telpek onuň matlabyny aýan etmek üçin gerek bolupdyr.

Şeýdip, telpegiň durmuşynda ömrüň täze menzili başlandy.

*Fewral, 2014 ý. Mary.*

## ÝIGIDIŇ GAÝRATY

*Hekaýa*

Bir gezek Begli ussanyň ýanyna Gulla mergen geldi. Mergeniň dagda-düzde ýöreýän haýbatly ulagynyň bir ýerlerinde tykyrdy peýda bolupdyr-da, ol şony bejertmek üçin gelen ekeni.

– Ussam, gözüňe döneýin, şo tykyrdyny tap-da, kemini düzedeweri! Birigün awa çykjak. Ulagda tykyrdy bolsa, biri edil taýak bilen depäme urýan ýaly, hiç ynjalygym bolanok – diýip, ol möhümini aýtdy.

Begli ussa gurallaryny alyp, ulagyň daşyna geçdi. Eýlesini-beýlesini barlaşdyryp ýörüşine:

– Awa gitseň, näme, aw ganly bolsun! Nämejik awlaýsam diýýäň? Ýüzüň haýsy tarapa? – diýip, gyzyklandy.

– Ýüzüm-ä guma! Gumuňam tümüne! Awlajak zadymam nesibedir. Bilýäň-ä, şu pillä çenli elime tüpeň alyp, towhuldatman gaýdan wagtym ýog-a. Birem hatasyz

ok atanymy eşiden dälsiň – diýip, Gulla mergen şu ýerde birazajyk öwündem.

Awçylygyň tabyny mazaly ele alan Gullanyň uçursyz mergenligine belet bolansoň, Begli ussa onuň gaňryşyna gaýtjak bolup durmady. Tark-turk edip duran ýerinden dymyp oturmazlygy üçin gepiň gerdişine görä mergene gep atdy:

– Diýmek, aw etini iýesiň gelipdir-dä?

– Iýesim gelib-ä däl-le. Şükür, aw bolmanda-da açlyk-horluk ýok. Bu zatlar häki bir düze çykyp, göwün açmak-da.

Gulla mergen ulagyň radiosyny açdy. Dutarda ýerine ýetirýän bagşylaryň biri joşup, halk aýdymyny aýdýar eken. Aýdymyň bir ýerinde Gulla mergen süýem barmagyny gezäp:

– Ussam, diňle şu ýerini, oňatja diňle! – diýdi-de, bagşynyň sesine ses goşdy:

*Ýigidiň bolmasa, ow, ýaragy, aty,*
*Şony belli biliň, äý, äý, äý, ýokdur gaýraty!*

Begli ussa äm-säm bolup dikeldi-de:

– Behh! – diýdi.

– Heý bir many alybildiňmi? – diýip, Gulla mergen şowhun turuzdy. – Näme diýjek bolýanyny aňdyňmy? Ýa düşünmediňmi?

– Düşünmez ýaly zat ýok-la. At-ýaragy bolmadyk adamda gaýrat ýokdur diýýär.

– Ana, ana, seň üşügiň ýiti, ussam! Many alypsyň.

– Muň üçin ullakan üşük gerek däl welin... kim aýdypdyr muny?

– Weý, şu bagşyny tanamadyňmy? Häý, ussam, aýdym-saz bilen hoşuň ýog-ow.

– Bagşyny tanadym-la. Döwlet Ballykdyr bi. Meň soraýanym goşgusyny ýazan kim?

– Goşgusynymy? Goşgusyny Magtymguly ýazypdyr. “Magtymguly, öwüt bardyr sözümde” diýýän ýeri bar-a. Diňle!

Begli ussa kürtdürip biraz duransoň:

– Äý, Magtymguly ýazanam bolsa, birhili manysy nemeräk ýaly şuň. Diýýän zadyna sered-ä! “Gaýraty ýokdur” diýýä – diýdi.

– Ussam, seň özüň nemeräk bolaýma. Many çykaryp bilmän, Magtymgula bir zat diýjek bolup otyrsyň welin, goşgy-poşgy bir okaýaňmy sen? – diýip, mergen ussany haýalçyratdy.

– Goşgy bilen-ä kän aram ýokdur, gardaş. O-ol mekdep döwri kän okadyk, kän goşgy ýat tutduk. Magtymgulynam az okan däldiris.

– He-eý, ussam, okanyň bilen many çykaryp bilmeseň, peýdasy näme? Seň kelläňde demir-dümürden ýaňa goşga ýer ýok çaky.

– Many çykaryp, biz näme alymmy? Eýse, özüň many çykaryp biljekmi?

– Weý, elbetde! Gaýratly kişi boljak bolsaň, at bilen ýarag edin diýýär. Magtymgulyň döwründe bular ýaly ulag-a bolmandyr. Şoň üçin at diýýänine, ynha, şu meňki ýaly ulag diýip düşünmeli. Ýarag diýýänem tüpeň-dä. Meň-ä, özüň bilýäň, ussam, garry atamdan galan ýekenilim bar. Het-petegimem düzüw. Gullukda-da ýokary derejeli mergen diýip, hat berdiler. Onsoň, ine, käte-käte ýekenili alýan-da, dört tigirli “atyma” atlanyp, ýaňky aýdyma zowladyp, awa çykyberýän. Ýalňyşmy, eýse?

Begli ussa ýalňyş diýmedi. Gaharlanyp:

– Düşünjäň näteňed-äý? Ynha, meň ulagymam ýok, ýaragymam. Indi men bigaýrat boldummy? – diýdi.

Gulla mergen ýöwsellik edip, bada-bat gürrüňi başga tarapa alyp gaçmaga synanyşdy.

– Wah, gara gözüňe döneýin, ussam, sen düşün-ä! Men beý diýjek bolmadym. Ulagyňa münüp, tüpeňiň bilen düze çyksaň, aw etseň, dünýäň hözirini görseň diýjek bolýan.

– O diýýäniňi bilemok, ýöne goşgy ýalňyş. Ters pikir bar – diýip, ussa çürt-kesik gürrüň etdi.

– Hany, niresi ters, nämesi ýalňyş?

– Aý, how, adamyň gaýratyny at-ýaragy bilen ölçeseň bolmaz-a! Zanny bigaýrat bolsa, süri-süri at bolanda nä, set-müň ýarag dakynanda nä? Gaýrat diýilýän zat adamyň özünde bolmalydyr-a?

– Seň diýýäniňem dogry welin...

– Şony aýdýan-da...

Gulla mergene galsa, bu gürrüň şu ýerde gutarmalydy. Çünki ol entegem özüniňkini dogry hasap edýärdi. Ussanyň göwnüni ýykmazlyk üçin ol jedeliň soňuny gümmi-sümmä urdy.

– Aý, bilmedim-aý, ussam, men-ä.

Şeýdip, gürrüňçiligiň arasyna böwşeňlik düşdi. Gulla mergen-ä eline esgi alyp, ulagyň aýnalaryny süpürişdirdi. Begli ussa bolsa käte bir gurallaryny şakyrdadýar diýäýmeseň, sessiz işini edýärdi. Ine, wagtyň şular ýaly ümsüm pursatlarynyň birinde mekdebiň edebiýat mugallymy Nurmyrat köne ulagyny arladyp, bularyň ýanynda peýda boldy.

Gulla mergen:

– Mollam, seňkide-de tykyrdy köpeldimi? – diýip, onuň ulagyna ümledi.

– Ýok-la, tykyrdy-beýleki bilen oňuşjak-la. Tüsseçykaryna bir zad-a boldy. Sesi erbet. Halys gep-üýn alyşdyranok.

– Bar derdi şo bolsa, ynha, ussa häzir ony edil gopuz ýaly edip berer.

Begli ussa eliniň ýagyny esgi bilen süpürip:

– Tüsseçykaryň bir alajyny taparys, Nummat – diýdi. – Ýöne bu ýerde, ynha, bir düşnüksiz zat bar. Sen bize şony çözüp beräýseň!

– Başardygymdan. Ýeri, bakaly! – diýip, Nurmyrat mugallym ykjamlandy.

– Aty bilen tüpeňi bolmadyk adama gaýratsyz diýseň, dogry bolarmy? – diýip, Begli ussa gygyryp diýen ýaly sorady. Şonda onuň äheňinde içki dabarasy äşgär duýuldy. Ýüzünde bolsa "Ýok, dogry däl" diýen jogaba garaşýan alamat göründi.

Nurmyrat mugallym üşerilip, Gulla mergene seretdi.

– Dur, entek, ussam, beýdip soramasana! – diýip, Gulla mergen Beglä düzediş berdi-de, yzyndan Nurmyrat mugallyma ýüzlendi. – Mollam, Magtymgulyň bir goşgusy bar, "Ýigidiň bolmasa, ýaragy, aty, şony belli biliň, ýokdur gaýraty" diýýär. Men aýdýan, at diýýäni-hä, ynha, ulag bolmaly, ýarag diýýänem aw tüpeňidir diýýän. Guma çykyp, aw etseň, şu zatlar ýigidi ýigit edýär-ä. Dogry dämi, mollam?

– Nummat, sen şo goşgyň manysyny aýdyp ber bize! – diýip, Begli ussa soragy has-da anyklaşdyrdy.

Nurmyrat mugallymyň ýüzünde geňirgenme gatyşykly ýylgyryş peýda boldy.

– Pah-pah! – diýip, ol ussa bilen mergeniň ýüzüne taýly gezek seretdi. Soň edil mekdepde – okuwçylaryň öňünde sapak geçýän ýaly, agraslanyp, iki elini arkasyna

tutup, dodagyny müňküldedip, eýläk-beýläk ýöräp ugrady. Ussa bilen mergenem munuň gapdaly bilen ýöräp, agzyndan gaçjak sözi gapyp almak üçin gulaklaryny tutdular.

– Ozaly bilen bellemeli zat, her bir şahyryň döredijiligine öz döwrüniň nukdaýnazaryndan çemeleşip seretmelidiris – diýip, Nurmyrat mugallym resmi äheňde düşündirip başlady. Ol kitap dilinde geplemegi gowy görýärdi.

– Magtymgulyň ýaňky goşgusynyň ýazylanyna takmynan iki ýarym asyr wagt geçipdir. Diýmek, biz meselä iki ýarym asyr mundan öňki döwrüň gözi bilen seretmeli bolýas. Bize taryhdan belli bolşuna görä, o döwürler çapawulçylykly zamana bolupdyr. Siziň düşünmeýän ýaňky iki setiriňiz watan goragyna çykan ýigitlere degişlidir. At diýilýän janawer şo döwrüň iň bir ähmiýetli söweş ulagydyr. Ýaragam näme, ýarag-da. Ýaragsyz söweşe girip bolýarmy? Il-ýurdy ýagydan aman saklamak üçin at bilen ýarag iň bir zerur serişde bolupdyr. Indi gaýrat barada. Gaýrat sözüniň many örüsi örän giňdir. Bu sözüň çägine tutanýerlilik, erjellik, gaýdywsyzlyk, batyrlyk, edermenlik ýaly düşünjeler girýär. Şeýle bolansoň, biz ýaňky iki setire watançylyk jähtden seretmelidiris. Ata watanyň, ene topragyň öňündäki ogullyk borjy, has takygy, ýigidiň gaýraty onuň at-ýaragy bilen şertlendirilendir. Umuman, geçmişde biziň ata-babalarymyz bedew atyň gymmatyna naýbaşy derejede baha kesipdirler. “Atym bar – ganatym bar”, “Aty ýoguň – ady ýok” ýaly parasatly pähimler muňa şaýatdyr. Magtymguly bolsa muňa has-da önjeýli düşünipdir. Siz şahyryň “At ýanynda bellidir” diýen goşgusyny bilýäňizmi?

Nurmyrat mugallym gitdigiçe gyzyşýardy. Häsini berseň, joşup, labyz bilen goşga okamaga-da taýyndy.

Elbetde, Begli ussa bilen Gulla mergen üçin düşnüksiz zat galmady.

*15-nji mart, 2014-nji ýyl. Mary.*

## AÇAR

*Hekaýa*

Şol gezek ejem bilen kakam mellekde işläp ýördi. Menem tamyň kölegesinde ouryp, bir jam erik iýipdim-de, yzyndan ber-başagaý şänik döwünjek bolýardym. Şonda telpegini çümre geýen nätanyş bir adam gelip, esasan kakamyň ýüzüne seredip, bir zatlar diýdi. Aralyk eslije ýer bolansoň, onuň näme habar getirenini men anyk eşitmedim.

Nätanyş gidip-gitmänkä ejem bilen kakam pillerini alyp, gyssanmaç işige ýöneldiler. Olaryň aljyraňňy hereketlerinden, galagoply ýüzlerinden nirädir bir ýere şaýlanýandyklaryny soraman biläýmelidi. Elbetde, men kakamyň "goçguzusy", ejemiňem "erkesi" bolanym üçin hiç wagt olaryň ýanyndan galmaýardym. Şo gezegem üstümiň gumuny dagam kakman, hasyr-husur kakamyň motorynyň gozagyna aslyşyp mündüm-de, joňkarylyp oturyberdim.

– Erkäm, sen Hajar bilen oýnaber. Hany, şänikleriňi nätdiň? Erigiň barmy? – diýip, ejem meni gozakdan sogrup aldy.

Bularyň meni taşlap, birýaňa gitjeklerini gözüm bilenjik görüp durkam ömür Hajar bilen oýnarynmy?

– Menem gitjek. Menem gitjek siz bilen! – diýip aglamjyrap, nadaralyk edip ugradym.

Kakam pilini süpürişdirip oturan ýerinden:

– Hany, bi Okga dagy ýokmuka? Tabşyraý şolara. Birki sagat güýmäp bersinler! – diýip, ejeme maslahat berdi.

Ejemem bilguşagyny çözüp, teläriň üstüne atdy-da, golaý goňşymyzyň işigine seredip:

– Okga-a! Aý-uw, Okga-a! – diýip, gygyrmaga durdy.

Kakam biraz gatyrganyp:

– Beýdip gygyryp durma ahyryn. Beh... Ýanyna baryp, ýagdaýyňy düşündir, haýyş et! – diýdi.

Ejem goňşulara garşy ýönelen dessine men hemişeki gizlenýänje ýerime – aýakly sandygyň aşagyna girmek üçin öýe kürsäp urdum. Ine, şu ýerde-de penjiräň öňünde kakamyň motorynyň açarynyň ýatandygyna gözüm düşdi. Açary garbap aldym. "Muny jübüme salsam-a, derrew tapyp alarlar. Tapdyklary motora atlanyp, menem taşlap giderler. Eger men gitmejek bolsam, goý, onda ejem bilen kakamam gitmesin! Şoň üçin açary ýok etmeli" diýen pikir kelläme geldi. Ýöne açary nädip ýok etmeli? Nirä zyňmaly? Uzak oýlanyp durmadym-da, penjiräni açyp, tamyň arka ýüzünden geçýän suwly ýaba zyňyp goýberdim. Özümem aýakly sandygyň aşagyna girip, gizlenip ýatyberdim.

Meni derrew tapdylar. Emma açar tapylmady.

– Haýsy penjiräň öňünde goýupdyň? – diýip, ejem soraýardy.

Kakam bolsa birde bu penjiräni, birde-de o penjiräni salgy berýärdi. Açary takyk nirede goýanyny onuň özem bilmeýän bolarly. Birdenem ol:

– Oh! Ýadyma düşdi – diýip, atylyp, daşaryk çykyp gitdi. Elbetde, açary meň alanymy we suwly ýaba zyňanymy kakam görmändi. Emma şonda-da kakam açary tapar öýdüp, şo pursat öler ýaly gorkdum. Açar tapylsa, ejem bilen kakamyň meni taşlap gitjekdigine gözüm ýetip durdy.

Kakam okdurylyp daş çykanam bolsa, öýe girende ýüzüni aşak sallap, sust geldi.

– Ýog-a. Käte motoryň özüne dakyp goýaýýardym. O taýda-da ýok ekeni – diýip, ol pessaý ses bilen günäli ýaly dillendi.

– Jübiňde goýan-a dälsiň? Jübüleriňi barla hany! – diýip, ejem ýatlatdy. Onsoň olar iki bolup kakamyň ähli eşikleriniň jübülerini barlamaga durdular.

– Aý, ýok, men hiç wagt jübimde açar goýamog-a – diýip, kakam jübülerini çöwürýärdi.

Ejem bolsa:

– Onda haýsy arwah ýoguna ýandyka o artyp galmyşyň? – diýip jibrinýärdi.

Açar tapylmady. Ony nireden gözlejekdiklerini bilmän, ýaýdanyşyp durkalar birdenkä ýadyna düşen ýaly, ejem maňa garap:

– Hany, gönüňden gel, motoryň açaryny sen ýygnan-a dälsiň-dä? – diýip, dözümli sorady.

Men gözümi mölerdip, burnumy çekdim-de:

– Ýo-ok – diýip, sogduryp aýtdym.

Şonda kakam "Açary sen gizlediňmi, goçguzym? Köseme-de tapyp beräý. Görýäň-ä biz gaty gyssanmaç" diýýän ýaly, şeýle bir mysapyr, şeýle bir nebsagyryjy garaýyş bilen meniň gözüme seretdi welin, tas ylgap baryp, suwly ýaba özümi urupdym. Eger "Açary tapyp berseň,

senem äkidäýeris” diýen bolsa, gürrüňsiz boýnuma aljakdym.

Tizden goňşymyz Okga diýilýän aýal geldi.

– Gaýrat et, goňşy! Kän eglenesemiz ýok. Hä diýmän geleris – diýip, ejem meni Okganyň gujagyna berdi. Men elde-aýakda durman, sesimiň ýetdiginden zörledip aglamaga başladym. Okga bolsa haýyma-maýyma bakman, meni öz öýlerine alyp gaýtdy. Ana, şonda men ýene bir zada göz ýetirdim. Her näçe çarbaýlyk etsemem, sesim gyrlyp, göm-gök bolýançam çyrlap, aglasamam, dözüljek ýerleri-de bolýar ekeni. Hatda motoryň açaryny tapylmajak ýere zyňanam bolsam, ejem bilen kakamy ýolundan saklap bilmejek ekenim. Olary goýbermezlik ýa-da ýanlaryna goşulyşyp gidibermeklik meniň erk-ygtyýarymda däl ekeni.

Soň näme boldy? Soň Okgalarda sojap-sojap aglanymy, ýüzümiň çişip, gözümiň çym gyzyl bolanyny bilýän. Kemşerip, kemsitmä meňzeş garjaşyk duýgularyň yzasyny çekip ýatanym ýadymda. Ondan soňky zatlar ýadyma düşenok. Usurgap uklap galan bolmagym mümkin.

Elbetde, ejem bilen kakam mensiz nirä gidenem bolsalar, gidişleri ýaly yzlaryna köwlenipdirler. Olaryň açary tapandyklaryny ýa tapmandyklaryny, motorly gidendiklerini ýa gitmändiklerini bilemok. Ýadyma düşenok. Asla men şo zatlary şo gün unudypdyryn öýdýän. Hakydamyň gizlin bir ýerine salypdyryn-da, soňam büs-bütinleý ýadymdan çykarypdyryn.

Ondan soň kän gezek ýaplaryň suwy çekildi. Ondan soň durmuşymda bihasap agylar, sansyz gülküler boldy. Ondan soň telim sapar içimi tutup, awundym. Käte başymdan hasrat indi, käte şatlyga şärik boldum. Emma

şunça ýyllaryň dowamynda nämüçindir açar barada pikir etmändirin.

So-oň-soňlar ajal bilen ýaka tutuşyp, ahyry asgynlap ýan beren mähriban ejem elimde iň soňky demini sanap, hyrkyldap ýatyrka-da, ömrüni gara zähmet bilen daban azabyna pida eden jepakeş kakam gözüni müdimilik ýumjak bolanda-da bu wakajyk ýadyma düşmedi. Olar meni şo gezekki ýaly wagtlaýyn dälde, hemişelik taşlap gidensoňam, hatda bassyrmanyň astynda çaň basyp ýatan şol köne gozakly motory gören wagtymam açarly waka kelläme gelmedi.

Ýöne, ynha, üstünden kyrk ýyla golaý wagt geçensoň, şu gün – tüýdülen ýüň ýaly, bölek-büçek bulutlaryň gök ýüzünden alakjap geçip barýan wagty, sörtük şemalyň baglardaky gülleri aparmak üçin oýun baryny turuzýan wagty, golaýdan bir ýerden gül şiresini sorýan bal arysynyň wyzzyldysynyň eşdilip duran wagty, ýaşaýyş ugrunda göreşiň ýitileşen wagty... şo açarly waka ýadyma düşdi. Muňa uly ýoluň ugrunda durkam gapdalymdan wazlap geçen gozakly motor sebäp boldy. Motoryň üstünde kakama çalymdaş bir adam, gozagynda bolsa ejeme meňzeş bir aýal otyrdy. Ýüz keşplerini saýgarmaga maý bolmady, emma göwnüme bolmasa, ikisi-de kimdir birini bialaç ynjydan ýalydy, gerekli zadyny unudyp barýan ýalydy, bir derdi içine salyp, agyr aladanyň astynda galan ýalydy, ünjülidi, gussalydy. Bu surat, hamana, ejem bilen kakam bary-ýogy ýekeje gezek, bir pursatlyk maňa çalasudur görnüp geçmek üçin kyrk ýyllyk geçmişden çykyp, indem nirädir bir ýere gyssanmaç gidip barýan ýaly bolup göründi. Ine, onsoň olar meni ýany bilen alyp gitmeg-ä däl, hatda gabadymda göz açyp-ýumasy salym eglenmän gidendikleri üçin, diňe şoň üçin şo-ol birmahalky

suwly ýaba zyňlan açar, näderini bilmän, jibrinip ýören ejem, açaryny gözläp elewreýän kakam, ynha, şularyň bary göz öňümde edil ýaňyja bolup geçen deý janlandy. Şu ýerde hykga damagym doldy-da, hatarly kerwenden üzülip galan kimin, delminip, olaryň giden tarapyna aňalyp galdym.

Meniň şo-ol birmahalky özelenip aglap galyşym ýaly, olaryň yzynda-da biri boýnuny burup, dodagyny kemşerdip galan ýaly bolup dur.

*26-njy mart, 2014-nji ýyl. Mary.*

## ÝALAN

*Hekaýa*

Bir gezek, on iki-on üç ýaşly oglankam gyşyň aýaklarynda goýnumyz guzy taşlady. Kakam entek sowamaga-da ýetişmedik, birsyhly bugaryp duran we goýy sülekeýiň içinde sudury oňly saýgartmaýan guzujyga meňzeş zady eşeni bilen bile köne halta salyp, agzyny bogdy. Onsoň maňa ýüzlenip:

– Bar ýylyrak geýin-de, händege äkidip, üstüne gum sürüp gaýt! Çuňrak gömgün! – diýdi.

Kakamyň händek diýýäni obanyň bir çakrym gaýra tarapynda, ekerançylygyň gutarýan ýerindedi. Halta agyr däl ekeni. Üstüme hapasy ýokaşaýjak ýaly, ony emaý bilen göterip, men händege garşy höwessiz ýola düşdüm.

Howa sowukdy. Çakyr aýaz bolmasa-da, gaýradan ýüz-gözüňi dalap, içiňden geçip barýan şemal şuwlaýardy. Gök ýüzünde goňras bulutlar Günüň öňüni tutup, howa garalypdy. Güýz sürüminden soň tagt suwy berlip, azalyň daraw-daraw yzyndan nyşan galmadyk şüdügärlikden çüýrän dersiň we çygly topragyň ysy burnuňa urýardy.

Nämälim gorky zerarlymy, sowukda üşänim üçinmi ýa ýaltalyk etdimmi, bilemok, men şo gezek händege barmadym. Oglanlyk etdim. Orta ýola ýetemsoň, haltany

iki atyzy deň bölýän çiliň gyrasyna taşladym-da, öýe gaýtdym.

Ertesi kakam bir ýerlerden ýüzüniň ganyny gaçyryp geldi-de, ýüzüme dikanlap, gazap bilen:

– Düýnki haltany näme etdiň? – diýip sorady.

Meni şo bada galpyldy basdy. "Nädip bildikä?" diýip oýlandym. Başardygymdan özümi arkaýynlyga salyp:

– Gömdüm – diýip jogap berdim.

– Nirede?

– Händekde?

– Haýsy händekde?

– Şo diýen ýeriňde. Gaýrada.

– Hany, göniňden gel!

– Dogrym...

– Dogryňmy? Ýalan sözleýän bolsaň, boýnuňy sogyryn!

– Ýalan sözlämog-a.

– Hany, geýin... Ýör, gömen ýeriňi görkez!

Göwünli-göwünsiz geýindim. Kakam pilini egnine atdy. Händege garşy ugradyk. Öýden çykyp ugranymyzda:

– Häzirem bir pille, dogryňy aýt. Händege gitmän, ýolda bir ýerde taşlan bolaýma? – diýip, kakam şübheli sorag berdi.

– Ýo-o, taşlamog-a – diýdim.

– Onda näme etdiň?

– Gömdüm.

– Nirede?

– Händekde.

– Ýör, hany! Görkez!

Gitdik. Haltany taşlan ýerimden sowa geçmek üçin men atyzyň daşyndan aýlandym. Kakamam yzymda. Ol käte bir hüňürdäp, käýinýär, zeýrenýär, haşlap, uludan

dem alýar. Men bolsa “Häzir piliň ýeňse ýüzi bilen ýagyrnyma doňdursa gerek” diýip gorkýan. Özümem “Eýtmeli-beýtmeli, sözümde durmaly. Iki geplemeli däl. Ursa-da, öldürse-de, şo bir diýenimi gaýtalap durmaly. Başga ýol ýok” diýip pikir edýärin.

Händege bardyk.

– Hany?

– Şu ýerde gömdüm – diýip, men mydyrdap, hendegiň bir gyrasyny görkezdim.

– Gömen bolsaň, piliň-beýlekiň yzy bolmalydyr-a! Hany yz?

Men egnimi gysyp, ýüzümi sortduryp durun.

– Eýse, häzir şu ýerini gazsak, şo halta barmydyr?

– Bilmedim.

– O nähili bileňok? Şu ýerde gömdüm diýýäň-ä.

– Gömdüm öz-ä.

– Ýok, sen gömen bolsaň, gömdüm diý...

– Gömdüm, gömdüm.

– Ana, pil, gaz-da tap şo haltany – diýip, kakam dözüm bilen buýruk berdi.

Men pili alyp, gazmaga başladym. Haltaň bu ýerden çykmajagyny kakamdanam gowy bilýän. Şonda-da hyklap, gazyp durun.

– Hany? Halta hany? – diýip, kakam az salymdan gaharly sorag berdi.

Men aljyrap, iki ädim gaýra süýşdim.

– Şu ýeri öýdýän – diýip, täze çukur gazyp başladym. Kakam atylyp gelip, üstüme abandy. Gözi bilen iýäýerli göründi. Ýakamdan ebşitläp tutup, siltedi. Dişlerini gyjap:

– Nä pohuňy iýip dursuň, doňuz? – diýip, gygyrdy.

Men sandyrap:

– Pohumy iýemog-a... – diýdim.

Kakam gaýra çekilip, çilim otlandy. Birazdan:

– Şo haltany näme edeniňi aýtmasaň, şu händege gapgaryp, özüňi gömýän häzir – diýip, haýbat atdy.

Agaç ýuwdan ýaly, gözümi mölerdip durun.

– Näme etdiň? – diýip, kakam erjellik bilen sorady.

– Gömdüm – diýip, menem şo bir sözümi gaýtaladym.

– Nirede?

– Şu ýerde – diýip, göz-görtele ýalan sözläp, duran ýerimi görkezdim.

Kakam meni tanajak bolýan ýaly, ýüzüme çiňerilip durşuna, sandyr-sandyr etdi. Sesini peseldip, edil uly adam bilen gepleşýän ýaly ýüzlendi:

– Eý, men düşünemog-eý saňa. Ýalan sözlemäni kimden öwrendiň? Nämüçin dogryňy aýdaňok? Nämüçin kakaňy aldajak bolýaň? Hä?

– Aldamog-a.

Kakam ýüzüni eňşedip, başyny ýaýkady. Aýdara-diýere söz tapmady. "Ugra şu ýerden" diýen üm bilen elini salgady. Duran ýerinde aşak çökdi-de, çilimiň tüssesine boglup, ýüzüni aşak salyp oturyberdi. Maňa tarap seretmedem, sarsmadam. Onuň o ýerde, ýalazy meýdanda, sowuk hem çygly topragyň üstünde näçe wagt oturandygyny bilemok.

Men haltany taşlan ýerime tarap ylgaşlap gaýtdym. Niýetim, ony nädibem bolsa, tiziräk görer gözden, esasan kakamdan gizlemekdi. Emma, barsam, goýan ýerimde halta ýok ekeni. Onsoň: "Kakam haltany görüp, özi bir ýerde gömendir" diýip çak etdim.

Ertesi daň bilen meni kakam yralap oýardy. Onuň ýüzi öňküsinden biraz çişgindi, gabaklary ýellenendi. Garaýşynda ýadawlyk, argynlyk bardy. Ol ýasawyna mahsus bolmadyk mylaýymlyk bilen:

– Haltany näme etdiň, oglum? Dogryňy aýt! – diýdi.
– Gömdüm.
– Nirede?
– Händekde.
– Hm... Bolýa, ýatyber...
Şondan soň kakam halta barada dil ýarmady.

Soň görüp otursam, meniň haltany taşlan ýerime Källi aganyň iti sümsünip barypdyr. Haltany süýräp, Källi agalaryň samanhanasyna eltipdir. Ony pers-ala edip, içindäkini çekeläp, çeýnäp ýatyrka-da üstünden Källi aga barypdyr. Elbetde, ol jaý wagtynda baran bolmaly. Ýogsa, itiň çeýnäp ýatan zadynyň biziň guzymyzdygyny nireden bilsin? Onsoň Källi aga kakamyň ýanyna gelip: "Goýnumyz guzy taşlady diýýäň welin, ony näme gömmänmidiň?" diýip sorapdyr. Kakam: "Gömdük. Hol händege äkidip gömdük" diýipdir. Källi aga bolsa: "Beh, onda bi biziň itimiziň çeýnäp ýatan guzusy kimiňkikä?" diýip, köpmanyly sorag beripdir. "Hany, ýör göreli" diýip kakam gyzyklanypdyr. Baryp görse, ine, şo maňa berip goýberen haltasy tüýt-müýt, guzujygyň läşi bolsa sülekeýini akdyryp öňünde ýatyr. Şol ýerde ol meniň buýrulan ýumşy bitirmändigimi bilipdir. Elbetde, Källi aganyň öňünde kakamyň ýüzi gyzarandyr. Men zerarly bigünä halyna özüni ýazykly duýandygyna aklym ýetip dur.

Bu wakanyň üstünden kän ýyllar geçdi. Ýalan dünýäň ýüregine düşünse-de, ýalan sözi ýüregine sygdyryp bilmedik kakamam bireýýäm gara ýeriň astyna girdi. Emma kän zatlar undulsa-da, şol waka ýatdan çykyp gidibermedi. Her gezek dogduk obama, uçurym bolan höwürgäme salama baran mahalym kakamyň diwardan asylgy çarçuwaly suratyna nazarym kaklyşýar-da,

aljyraýan. Kakamyň biraz gussaly gözleri, nähak ynjydylana çalym edýän ýüz keşbi uly alada bilen: “Haltany händege eltip gömmedigiň-ä şo wagt belli boldy. Ýöne sen ýalan sözlemäni kimden öwrendiň? Hany, dogryňy aýt!” diýip soraýan ýaly bolup dur. “Men zerarly endişä galyp, göründe-de rahat ýatyp bilýän däldir” diýen ünji beýnime urup, ýüregime yza berýär. Şoň üçin suratam bolsa, men oňa uzak seredip durup bilemok. Çünki ýalan sözlemäni kimden, nädip öwrenenim hakydamda däl. Ilkinji gezek haçan ýalan sözlänim hem ýadyma düşenok. Indiden soň ýadyma düşäýjegi-de gümana.

*12-nji aprel, 2014-nji ýyl. Mary.*

## JIGIM

*Hekaýa*

Gyzylja ýüzi mürşeripjik duran bir oglan jigim bardy. Kiçijikdi. Ejemiň ony akja gundaga dolap, öýmüze getirenine ýaňy bir hepde bolupdy. Menem dört-bäş ýaşlarymdadym.

O döwürler kakam bir ýerlerde garawulçylyk edýärdi, günaşa ýatymlaýyn işe gidýärdi-de, ir bilenjik gelýärdi.

Bir gün, kakamyň işe giden güni gijara jigim bir zatdan bimaza bolup çyrlap-çyrlap aglady. Ejem ony elinden düşürmän, her näçe küşşüklese-de, goýar ýerde goýmady.

Ak saçlary gulagynyň arkasyndan hüwjerip çykyp duran goňşymyz Sadap daýza gelip:

– Aýna gelin, bi näme dynuwsyz çyrlaýa-la? Ýaramajak bolýamy? – diýdi.

– Näbileýin, daýza, Gün ýaşaly bäri bir zatdan-a tebil tapyndy şü. Näme etsemkäm? – diýip, ejem haraý isläp, Sadap daýzadan sorady.

– Gulajygyna süýt sag, gulagy agyrýandyr.

– Wah, sagdym-la, iki gulagyna-da sagdym – diýip ejem jogap berdi.

– Onda näme bolup biler? Göz-dil degen-ä däldir-dä hernä?

– Gözmonjugy bar-a, ine! – diýip, ejem jigimiň gundagyna berkidilen ala monjugy görkezdi.

– Be-e, ýa çile düşäýdimikä?

– Bilmedim-dä...

– Zäk ýakyp gördüňmi?

– Ýok.

– Ýak! Zägem ýak, ýüzärligem tütet! – diýip, Sadap daýza maslahat berip gitdi.

Ejem arasyny üzmän aglaýan jigimi sallançagyna saldy-da, birki gezek tapbatlady. Birbada jigimiň sesi galdy.

– Gel, jigiňi üwre birsalym – diýip, sallançagyň bagyny elime tutdurdy. – Ýöne ýüpüni gaty çekip, gaçyryp oturybermegin!

Ejem daş çykyp gitdi-de, biraz wagtdan içinde ýüzärligiň goýy tüssesi tütäp duran köne jamy alyp geldi. Ony ilki-hä jigimiň üstünden üç-dört gezek aýlady, soňundanam ajy tüsseden ýaňa tä gözümiz ýaşarýança öýüň içinde burugsatdy. Arasynda sallançaga ýanap jigimi emdirdi. Soň bir ýerlerden zäk tapyp gelip:

– Ýeri, indi muny nädip ýakmalyka? Men-ä ugruny bilýän däldirin. Häk, ýaňy Sadap daýzaň özüne ýakyp ber diýäýmeli ekenim – diýip, öz-özi bilen gepleşdi. Oňa çenli jigim ýene aglap başlady. Ejem ony eline alyp, bir daş çykyp, birde içeri girip, şunça höre-köşe etse-de, peýdasy degmedi. Jigim elde-aýakda durman, dygysyz gaty ses bilen aglaýardy.

Biraz wagtdan gapdal goňşymyz Maýsa daýza geldi.

– Aýna goňşy! Bäbejigiň sesi ýaman yzaly çykýa-la? Üşeden-ä dälsiň-dä? Hany, maňa ber – diýip, ol gele-gelmäne jigimi eline aldy. Lak atdy. – Posalajygyň göwnüne kim degdi? Kim aglatdy seni? Ä? Niräň agyrýar, moşalajyk?

Jigim agysyny kesdi-de, ýene çyrlap başlady.

– Birazajyk gyzgynam bar ýalymy? Ýa göwnümemi? Çagajyk göm-gök bolupdyr-da. Maňlaýyndaky damarjyklaryna çenli görnüp dur. Ýüregiň daşdanmy, gyz, sesine neneň oturybilýäň şeýdip?! Derrew dogtora göter! – diýip, Maýsa daýza ejeme maslahat berdi.

Ejem ýaýdanyp:

– Kakasy işde ahyryn. Dogtora nädip gideýin? – diýdi.

– Waý-eý! Hökman kakasy äkitmelimi? Özüň dogtory tapaňokmy?

– Kakasy gelmese, gymyldap bilmen-ä, jan dogan!

– O nämüçin?

– Özi ýokka nädip gideýin? Bolmaz-a!

– Onda kakasynyň yzyndan adam iber.

– Kimi ibersemkäm? Gelermikä?

Maýsa daýza agysyny kesip, köşeşen jigime seredip durşuna başyny ýaýkady.

– Çagany köseme, gyz, bar, dogtora git.

– Ynjalaýjak ýaly-la. Hany, ertire bir çykaly!

Jigim hakykatdan hem ynjaldy. Käte bir yňranjyraýar diýmeseň, asuda dem alyp, uka gitdi. Ejem bilen pessaý sesde hümürdeşip, az salym oturansoň, Maýsa daýza-da öýlerine gaýtdy. Şondan soň menem oturan ýerimde uklap galypdyryn. Näçe wagt ýatanymy bilemok, jigimiň iňňä-iňňä sesine oýansam, ozalkyja ýatýan ýerimde, ejemiň çep ýanynda ýatan ekenim. Ejemem ymyzganan borly, ol hasyr-husur dikelip oturdy-da, jigimi gujagyna aldy. Emdirdi. Huwwalady. Ejemiň hüwdüsi bilen ýaňy uka gidip barýarkam, ýene jigim aglap başlady. Uky her näçe süýji bolsa-da, jigimiň çasly sesine ýatyp bilmedim. Ejem ony eline alyp, öýüň içinde terslin-oňlyn aýlanmaga başlady. Men bolsa daşky çyranyň ýarymaçyk penjireden

düşýän ölügsi ýagtysyna gözümi çüýjerdip, ejeme seredýärdim. Onuň nädibem bolsa, jigimiň sesini goýduraryna garaşýardym.

Şunça höre-köşe edilse-de, wagty bilen agysyny kesmänligi üçin ahyry jigime gaharym gelip başlady. Göwnüme bolmasa, ejem oňa birki şarpyk çalsa, sesini sem edäýjek ýalydy. Az salymdan, alagaraňkylyga öwrenişemsoň, jigim bilen bile ejemiňem aglap oturanyny saýgardym. Ol gözüniň ýaşyny syldy-da, "Näme edeli? Kakaň yzyndan adam iberelimi, ýa ertire garaşalymy? Dogtora gidibersek, ertir kakaň gelip näme diýer?" diýip, maslahat salýan ýaly meň ýüzüme seretdi. Men näme diýeýin? Sesimem çykarmadym. Beýlemä düňderilip ýatyberdim. Özümem şo pursatdan başlap, tükeniksiz iňňildisi bilen ejem ikimizi ukudan goýup, hunaba baryny ýuwutdyryp ýatan jigimi ýigrenip ugradym. "Bular ýaly aglak jigi maň-a gerek däl. Aglamaýan, akyllyja jigi getirmeli ekeniň-dä!" diýip, öz ýanymdan ejeme-de igendim.

Şu ikarada ýene uklajak bolupdyryn. Oýanyp seretsem, ejem sessiz gözýaş döküp, jigimi gujagyna gysyp, birsyhly yralap oturan eken. O bolsa, demini alman diýen ýaly, çyrlaýar. Şol wagt men "Öläýmese, sesini goýmaz bi. Ölüp, dynsa, ejemem başga bir aglamaýan jigi getirse!" diýip arzuw etdim.

Şo gije men jigimiň ölümini iki sagatlyk uka çalyşmaga kaýyl boldum. Şo gije bagryndan öndüren perzendini ajalyň eline beresi gelmedik ejem elewräp, azar baryny çekdi. Şo gije jigimem şirin janyndan aýrylmajak bolup, kiçijik elleri bilen ejemiň ýakasyndan berk ýapyşyp, çyr-çytyr aglady. Şo gije ýaman uzak boldy.

Daňa golaý bolsa gerek, uklap galypdyryn. Jigim bolsa, ertire çykman, ölüpdir. Meniň uklabilmän ejir çekip oturşyma gözi gyýmaýan ýaly, gara bagyr ejemiň uzak gijeläp çekýän jebrine dözmeýän ýaly sesini kesip, ölüpdir.

Men bu ýitgini şo wagt duýmandyryn. Ýogsa, şondan soň ejem maňa başga jigi hem getirip bermedi. Ýeke ösdüm. Ulaldym. Bekedim. Wagtyň içinden parran geçip barşyma aglap-aglap, ölüp giden şojagaz jigimi hem ýyllarboýy ýatdan çykarypdyryn.

Men şo ýitgini indi-indiler duýup ugradym. Ugurly-ugursyz gowgalar başymy hekem edinip, maňlaýymy daşa uran wagtlarym, soňsuz aladalar bilen çörňeşip, alaç tapman aljyran çaglarym, ýeriň arkasynda, gögüň garnynda gonara mesgen, ganat ýaýara mekan tapmadyk mahallarym ölüp giden şojagaz oglan jigimi küýseýän. Indi onuň deregini hiç kesiň tutup bilmejegini süňňüm bilen syzyp, arman edýän, ah urýan. “Eger şo gezek jigimiň ölümini dilemedik bolsam, belki, onuň täleýi başgaçarak bolardy. Ulalardy, adam bolardy, köpelerdi, köl bolardy, ýykyljak wagtym söýenerdi, entän günüm goltugyma gop bererdi, ejem bilen kakamyň ýel atyna atlanan güni tenha galmazdym, özümi arkaly saýardym” diýip, şo gijeki bibat arzuwym, betha dilegim üçin puşman bolýan.

Elbetde, bu zatlar jigimiň maňlaýyna ýazylandyr. Bu dünýä seýran etmek üçin oňa bary-ýogy bir hepdelik ömür berlendir. Jigimiň ömrüniň dowamlylygy meniň islegime bagly däldir. Bolmalysy şeýledir.

Onda nämüçin men jigimiň ölümi üçin özümi günäli saýyp, ejir çekýän?

*24-nji iýul, 2014-nji ýyl. Mary.*

## JERIME

*Hekaýa*

Çatrykdan sowlup ýaňy bir bat alyp ugradym welin, Ýol gözegçilik gullugynyň işgäri “jü-ürt” edip, ala taýagyny galdyrdy. Ulagy sakladym.

– Şäher ýol gözegçilik gullugynyň işgäri, seržant Ýolgulyýew – diýip, ol sag elini papagynyň gaşyna ýetirip, özüni tanyşdyrdy. – Dokumentleriňizi göräýsek...

Resminamalary çykaryp, uzatdym. Görüşdirdi-de:

– El tormozyň işleýärmi? – diýip sorady.

– Howwa-la. Işleýä... – diýip, çekip görkezdim.

– Ýangyn söndürijiň barmy?

– Bar. Görkezeýinmi?

– Ynanýan. Derman gutyň?

– I-ii-i, ana şo ýok. Gutyň özi bar-da, içinde zat ýok. Aslynda bardy. Hol gün...

Ýolgulyýewiň bulutly ýüzünde Aý göründi. Ol badabat sözümi böldi.

– Ýeterlik şu. Jerime ýazmasak bolanok. Hiý, derman gutusyz ýola çykylarmy? Ynha barýarkaň gan basyşyň

ýokary galyp, başyň aýlanyp, gözüň goşa görüp ugradyda...

– Hudaý diýeweri, Ýolgulyýew! – diýip, menem onuň sözüni böldüm. – Mende dawleniýe diýen zat ýok. Hiç wagt başym aýlananok. Suw ýerine arak içen wagtlarymam gözüm goşa görmändi.

– Içgil-ä dälsiň-dä sen? – diýip, Ýolgulyýew betgüman boldy. – Hany, şu gutujyga üfläp goýber.

Üfledim. Ol gutujygy işdämen ysgap görensoň, gaşlaryny çytyp:

– Howwa, näme edeli indi? – diýip, maslahat saldy.

Elbetde, näme etmelidigini bilipjik durun, bir gyzyl onlugy eline tutduryp, eňibermeli. Eňibermeli welin, mende şo gyzyl onluk ýok-da. Pul bar, palas ýaly, epin görmedik ýüzlük syrtky jübimde gös-göni bolup ýatyr. Ýöne onça puly muňa berip, togsan manat gaýtargy alyp boljagyna ynamym ýok. Onsoň samsyklyga salyp, şelaýynsyradym:

– Näme etmekden Hudaý saklasyn! Ynha, şu ýerden dermanhana sürüp, gutyny dolduraryn.

Muňa Ýolgulyýewiň gahary geldi.

– Onda öňinçä men jerime ýazyp bereýin.

– Dur entek, beýtme! – diýip, men ýalbarmaga başladym. – Jerime ýazmasyzam oňuşarys-a.

Ýolgulyýewiň gözleri ýiteldi.

– Bol-da oňuşjak bolsaň!

– Wah, şu wagt ýanymda kör-köpük pul ýok. Ýöne sen gaýgy etme. Men ertiriň özünde saňa elin gowşuraryn.

– Ýo-ok, han aga, munyňdan emel bolmaz. Bu meselede meň ädim ýanandyr. Öň üç-dört gezek uçugymy aldym. Muny nesýe etmäli! Ertirki gaýmakdan şu günki

süýt gowy. Men saňa on diýip durjak däl, bäşlijek goý-da, gidiber.

– Wah, sen bäşligiň gürrüňini edýäň, Pul bolsa nemedip durjak däl-ä. Jübim edil bilbiliň ketegi ýaly şu wagt.

– Weý, jübiňde bolmasa, telefonyňda bardyr-a. Geçir meň nomerime. Tapawudy näme?

– Oh, dogrudanam, ine gowy pikir! Häzir, häzir-r... – diýip, şo bada hasyr-husur el telefonyma ýapyşdym. Ýöne telefonymyň özi hem dilden-agyzdan galyp, pulsuzlygyň zaryny çekip ýatan ekeni.

– Gapyşd-ow! – diýip, Ýolgulyýew alaçsyzlykdan hyrçyny dişledi-de, igenmäge durdy. – Siz ýaly syrnyhlara akylym haýran. Nä sandykda saklanyňyz bilen köpelýämi puluňyz? Nädip pulsuz ýola çykyp bilýäňiz? Utanaňokmy? – diýip, ol meni utandyrdy.

– Utanýan-la, wah...

– Onda näme bu ýerde set-müň gepiň başyny agyrdyp dursuň? Sen, how, düşün-ä, şo berjek puluňy men öz jantaýyma urup, hezil edinip ýörendirin öýdýäňmi? Bizde nä öý-öwzar, çaga-çuga ýokmy? Olary kim eklemeli? Tomsuň yssysynda güne ýanyp, gyşyň aňzagynda syňsyraklap, günuzyn ýolda durup... Aňsatmy?

– Aýlygyň...

– Samsyk gürrüň etme! Bir aýlygy nämä ýetireýin men? Başlygym gum ýalap oňmalymy? Başlygymyňam başlygy bar. Olar aç ölmelimi?

Şu ýerde onuň halyna çynym bilen nebsim agyrdy.

– Edil seň diýşiň ýaly taňrygargan-a däl bizem. Pulum bar. Ýöne bölek däl-dä – diýdim.

Ýolgulyýewiň ýüzi ýagtyldy.

– Iri pulmy? Näçelik? Ellilikmi? Ýüzlükmi?

– Ýüzlük.

– Böleris onyňy. Sen ony gaýgy etme! Men saňa togsan manat gaýtargy bersem, bolýar dämi? Al, hany bärik.

Çykaryp berdim. Ýolgulyýewiň keýpi görnetin göterildi. Ol dim-dik bolup duran puly iki epläp, jübüsine saldy.

– Hälden şeýtmeli-dä. Häzir, agam jan, gaýtargyňy berýän, ine, häzir... – diýip, ol beýleki jübüsinden eplem-eplem bolup ýatan pullary çykaryp, sanamaga başlady. Laýyk segsen manat çykdy. Muňa has-da kejikdim.

– Hany, beýleki jübüleriňem gowja dörüşdir – diýip, nägile hüňürdedim. Nädäýersiň ýeke jübüsinden ýeke apbasy çykmasa!

– Indi nätsekkäk? – diýip, ol kyn sowal berdi.

Elbetde, men bir jerimäň öwezine on manat artyk töläp biljek däldim. Şonuň üçinem:

– Çykalga bar – diýip teklip etdim. – Uly ýoluň ugrunda dursuň, ulag bary geçip dur, sakla ýeke-ýekeden, gabat geler-ä men ýaly hudaýuranyň biri. Al elinden onlugyny-da, ber maňa!

– Gaty gowy pikir. Seň kelläň işleýşi erbet däl – diýip, ol ala taýagyny galdyryp, jürlewügini çasly jürledip, geçip barýan ulaglary saklap ugrady. Ýöne gapyşsa, gapyşýar ekeni. Ýolgulyýewiň saklan sürüjileriniň hemmesi dereksiz bolup çykdy. Birem bir manat goýup gitmedi. Syrnyh ekenler. Ýürekleri daşdan ýaly, hiç biri Ýolgulyýewiň ýagdaýyna düşünmedi. Ýogsa, o görgüli käbirlerine janygyp, düşündirjegem boldy. Düzgüni bozmaňda-da, ähli resminamalaryň düzüw bolanda-da, utanç ýagşy!

Menem uzak oturmaga takatym ýetmedi.

– Gowusy, ertir geläýeýin. Gyssanmajyrak şu wagt – diýip, Ýolgulyýewe ýüzlendim.

– Wah, şony şeýtseň-ä, hasam oňat boljak, agam. Men saňa on manat bergili. Ýöne nagt berjek gümanym ýok. Ynha, ertir düzgüni bozaňda hutma-hut bolarys – diýip, Ýolgulyýew meni ýola salyp goýberdi. Şeýdip, entek bozulmadyk düzgüniň jerimesini töläp gaýtdym.

*23-nji awgust, 2014-nji ýyl. Mary.*

## TOÝDA

*Hekaýa*

Men ony ilkinji gezek on bäş-on alty ýaşly ýetginjek mahalym gördüm. Görşüm ýalam aşyk boldum. Tutaşdym, lowladym, ýandym, bihuş bolup söýdüm. Onuň görkli synasy, ýalkym atyan husny jemaly, ýuka gabaklary, okarasynda mähir çaýkanyp ýatan gara gözleri, pökgerip duran dodaklary, ter ýaňaklary, ak alkymy... ýüregimiň bir ýerinde öň görlüp-eşdilmedik bir süýjülik döretdi-de, entirekläp ýören akylsyz bendiwana döndüm.

Ol iki-üç aýlykda goňşy obalaryň birinden biziň obamyza, iki köçe gaýramyzda ýaşaýan Hekim agalara gelin bolup düşüpdi. Nesibe ony Hekim aganyň äpet ýük ulagyny sürýän ogly Tagana ömürdeş etmek üçin getiren ekeni. Ýogsa, Tagan kim, o kim?! Tagan bilen onuň bir ýassygy paýlaşyp, bir öýden örlemegini-hä däl, ikisiniň bir köçeden ýöremegini hem näler islämok welin, elimden geljek zat ýok.

Şonda-da söýdüm. Birbada ýaşyryn söýdüm. Hekim agalaryň şo çaka çenli bardygy-ýokdugy meň üçin des-deň bolan köne tamy mukaddes bir öýe öwrüldi. Ol öýi zynatlap ýören uz ýaşmakly, bars bilek gelin bolsa oglan höwesimdäki ham hyýallaryň, arzuw-isleglerin çür başyna çykdy. Şoň üçin olaryň öýleriniň töwereginde kän

gaýmalap başladym. Şoň üçin ähli oý-pikirlerim bilen gapylan garaklarymy olaryň gapysynda amanat goýdum. Girse-çyksa, bärsine bakdyryp, ünsüni çekmek üçin, iň bolmanda golaýdan synlamak üçin pelesaň urdum, heläk boldum.

Bir gezek melleleriniň aýagujundan geçýän akar ýapdan suw aljak bolup durka tasdan-da baryp: “Getir bedräňi, suw daşap bereýin” diýipdim. Başarmadym. Sussum basylyp, bognum ysmady.

Başga bir gezek gapylarynda pete-pet gabat gelende bogazymy arçap, özüme zor salyp, salam berdim. Ýaşmagynyň astyndan baş atyp, salamymy alyp-almanka:

– Hekim aga barmyka? – diýip soradym. Şonda:

– Hekim agany nädersiň? – diýip, arkamdan bir ses eşidildi. Görsem, iki ädim golaýymda egrelip, iki elini arkasyna tutup, ýaşulyň özi ýüzüme jiňkerilip dur. Amanat mülke giren gündiz ogrusy ýaly şagga der basdy. Aljyrap, salamy-beýlekinem unudyp:

– Hekim aga, Tagan ýokmudy? – diýip soradym.

Hekim aga meniň kimiň ogludygymy tanajak bolup, boýdan-başa synlansoň:

– Taganmy? – diýdi.

– Howwa.

– Tagan-a işde.

Men gus-gury bolan dodagymy ýalap, içeri ýumlugyp barýan gelniň kamatyndan gözümi aýryp bilmän:

– Haçan gelerkä? – diýip, Hekim agadan soradym.

– Gün ýerine girmän, Tagan gelmez.

– Hä, bor. Giçlik geläýerin – diýip, o ýerden tizräk öwüsmek bilen boldum.

– Tagany nädersiň, haw? Eýgilikmi özi? Bir zat sorajakmydyň? A biz bar-a, ine. Aýdyber näme habaryň

bolsa. Kimiň ogly sen? – diýip, Hekim aga yzymdan gygyryp galdy.

Birki günden Tagan gabat gelip:

– Meni sorap gaýdypsyň-la, how? Keýpinemi? – diýdi.

– Kim? Menmi? Men seni sorapdyrynmy? Behh. Ýok, ýok-la, how. Başga biridir. Men nämüçin soraýyn? Men-ä bilemok. Men-ä däl – diýip, haňk-huňk edip, derrew onuň gözüniň öňünden üýtgedim.

Öýleriniň töwereginde Hekim aga bilen Taganyň gözüne kän ilibersem, eýgiligiň üstünden eltmejekdigini huşum göçenem bolsa, bilipjik durdum. Şonda-da maý tapdygym, toý eşiklerimi geýerdim-de, erkimiň jylawyny islegimiň boýnuna orap, şolaryň töwereginde köwejekläbererdim. Her gün bir sebäbi bahana edinip, goňşularynyňka barardym. Güýmenip, dümtünip, her edip, hesip edip, gögele aklymy aparan şo gelniň nazaryna iljek bolardym. Nazaryna ilerdimem. Ýöne onuň maňa biparhlygyna, ugrunda oda-köze düşüp ýörşümi aňmaýşyna kejigerdim. Kejikdigimsaýy utanjyň serhedini, uýadyň çägini unudýardym.

Bir günem gyzar ikindinler olaryň mellegaralaryndaky tuduň elýeterdäki çybyklaryny ýalaňaçlap, şapbat ýaly ýapraklaryny tänderip, tüýdüşdirip, sary-sadylla yranyp durkam ahmal galyp, Hekim aga üstümi basdyrdym.

– Sen, inim, şu töwerekde bir zadyňy ýitirdiňmi ýa meň göwnümemi? – diýip, ol meni burça gabady.

– Göwnüňedir, Hekim aga. Men-ä Ilmyrada garaşyp durdum. Olam geler ýerde gelmedi. Menem ýaman gyssanmaç. Gelip, meni sorasa, aýdaýarsyň-da garaşyp gitdi diýip. Indiden soň gelesem ýok-la – diýdim-de, öňküsinden has agralan gussamy arkamy alyp, ýegşerilip,

öýmüze gaýtdym. Şondan soň gündizlerine şo töwerekde kän görünmedim.

Gijelerine welin, ot gorsaýardym. Irgözinden ýorgangala urduryp girerdim-de, uzak gijeler oglan başymy tükeniksiz hesrete goýan gelniň zaryny çekerdim. Ýaşymyň ondan ep-esli kiçidigine, onuň dokuz-on ýyl ir dünýä inendigine, ýa-da özümiň şonça ýyl giç doglanyma ahmyr edip, tä göm-gök bolup, ganjarýança aşaky dodagymy dişläp, ah urardym. Üstesine-de Taganyň şo gelniň gyzgyn gujagyna girip, ak gollaryny ýassanyp, sapasyny görýändigi ýadyma düşende tisginip, iki egnimden demimi alybererdim. Ne ölüp bilýärdim, ne-de aýňalyp. Hyýalymda Tagan bilen dikleşip, dünýäde tenha özüme mynasyp saýan bagtymy onuň elinden alardym, bagryma basardym. Tä hyýalym düýşe ýazýança söýerdim, ezizlärdim. Düýşleriň bolsa durmuşdaky ýaly serenjamçysy ýok. Düýşler – biserhet! Düýşde nämeler bolmaýar?

A ol bolsa şo mahallar gün-günden gözilginç bolup barýan düwünçegi goýnunda göterip ýören ekeni. Ilkinji perzendini dünýä getirmek üçin buýsanç hem utanç gatyşykly duýgulara başyny berip ýören ekeni. Elbetde, bu bolaýmaly zatlar. Tagan atly ýapy ýaly pyýada ýanyndan örüp ýörse, täze gelniň ýakyn wagtda eline bäbek aljakdygy düşnükli. Galanam maňlaý işidir. Men onuň topugyna gan degirmän, köňlüni gama basdyryp, gujagy boş gezmegini asla islämokdym. Oňa hakymam ýok. O zatlar meniň islegime bagly hem däldi.

Nähili bolanda-da, şondan soň gözümiň öňünde barha ýognap, gabaryp barýan gelne bolan yşgym bilniksiz sowap ugrady. Onuň keseki biriniň halalydygyny, bir ojagyň oduna tutaşdyrlyk bolmak üçin gelendigini, il

deňinde köpelip, köl bolmalydygyny boýnuma aldym-da, sessiz gyra çekildim. Başymda tupan turuzyp, ýüregimiň bir ýerinde süýjümtik yza goýan o-ojagaz duýgulary bolsa geldi-geçer hasapladym, baş bermez arzuwlarymy häki bir haýu-höwes saýdym, olary ýetginjekligiň ýelginine ýerden aýagyny üzen boş bolsadylar diýip güman etdim. Şeýdip, öňküje asuda oglanlygyma dolandym.

Soň ýyllar geçdi. Mekdebi gutaryp, şähere gitdim. Uly okuwlaryň birine girdim. Arasynda gulluga gidip geldim. Okuwy tamamladym, hünär aldym. Şäherde galyp, işe ýerleşdim. Öýlendim. Aýratyn öý-ojak boldum. Perzende ýüzüm düşdi. Durmuş meni bagt hakdaky aýdymy bilen hüwdüläp ugrady.

Ine, onsoň ýyldyzy duşup, sähetli güni bellendi-de, özümden kiçi inimi öýermeli bolduk. Maşgalamyz bolup, oba toýa gitdik. Toý ýaly gowy zat ýok. Gelnalyjy gelende şatlyk-şowhundan demim tutulyp, huşum göçdi, el çarpyp, tans oýnadym. Kimdir biriniň topar çagany yzyna düşürip, dünýäni unudyp, pul seçip ýörenini gördüm-de, menem pully kisäme el urdum. Işikdäki sekiniň üstüne çykyp, hümer berýän toýçularyň üstünden pul seçip ugradym. Ine, şu ýerde-de:

– Aýuw, ýüwürji-i! Gyý-ýuww! Bärigem seç-ä! – diýen ses eşidildi. Seredip görsem, ters tarapymda goltugy çagaly, etli-ganly, lopbuş aýal elini serip, aldygyna gygyrýar. Ýüz-gözler çyrşajyk, iki sany basdaş, tokarja gyzjagaz bolsa onuň eteginden aslyşyp maňa seredip dur. Men on ýyl mundan ozal oglan dünýämi odukdyran Taganyň gelnini şobada tanadym. Gözünden tanadym. Onuň diňe gözi üýtgemän galypdyr. Onuň ozalky kaddy-kamatyndan, tezliginden, sarçlygyndan nyşan galmandyr. Terligini, näzikligini ýitiripdir. Ýüzi gaýzygypdyr.

Maňlaýyna, ýaňagyna ýygyrt düşüpdir. Ak alkymy goşa bolupdyr, solupdyr, sallanypdyr. Bilekleri has-da ýognap, gerdenleri ýazylypdyr, ýarsypdyr. Döşüniň aýtymy giňäpdir. Galbaň göwüsleri aşak düşüpdir. Birmahalky göze gelüwli, çepiksi bedeni suwly tuluma dönüpdir...

– Biz tarapa-da seç-ä, ýüwürji-i!

Şu ýerde men özümi nä pelek uranyna düşünmän, düşünjegem bolman, nirede duranymy, näme edýänimi, näme üçin şeýdýänimi büs-bütinleý unudyp, bir zatlary samyrdap, alňasap, bar pulumy onuň üstünden paýyrdadyp seçmäge başladym.

*Oktýabr, 2014-nji ýyl. Mary.*

## PALTA

*Hekaýa*

Gijäň birmahallary aýalym howsala bilen meni ukudan oýardy:

– Gyw, tur! Bir-ä derwezäni ýumruklaýar. Öýüňe tigir dakyp, süýräp gitselerem biljek gümanyň ýok. Tur-a!

Men äm-säm bolup, dikelip oturdym.

– Bar, gör-ä indi. Özüni öldürdi, eşdeňokmy şakyrdysyny?

– Eşidýän... Kim ol?

– Ärim! – diýip, aýalym janyýangynly hüňürdedi. Yz ýanyndan "Äriň bolsa, bar tur-da, özüň aç-da. Maňa nämüçin aýdýaň?" diýerimden çekinýän ýaly, äheňini ýumşatdy. – Men näbileýin kimdigini. Kim bolanda-da, habaryny almaly bor-a.

Derweze dynuwsyz kakylýardy. "Açmalymy, açmaly däl?" diýip pikir etdim. Bimahal çak kimkä? Nämüçin geldikä? Adatça bular ýaly wagt gapy kakýan adam biriniň öldi habaryny getirýär. Kim öldükä? Ýa öýüni tapman ýören serhoşmyka?  Behh... Çagyrylmadyk myhman! Garaşylmadyk adam! Giçden soň... I-i-i... Birden başlyk bolaýsa! Aradaky ýaly...

Böküp turdum. "Kim sen? Näme gerek" diýmezden, baryp, derwezäni açdym. Açyşym ýalam tisginip gitdim.

Öňümde eli paltaly, çepiksije, nätanyş jahyl haşlap, sojap, gözüni gyrpman, ýüzüme seredip dur.

– Hawa? Näme hyzmat? – diýip, daşky çyranyň yşygyna ony boýdan-başa synladym. Pukara bir ýigide meňzeýär. Eginbaşy köne, aýakgaby ýyrtyk. Özem gaty ýadaw görünýär.

– Neme... Men şu gaýraky ammaryň garawuly. Üç günden bir gün nobatçylyk çekýän. Özümem ýaňyrak öýlendim. Kireýine ýaşaýan.

– Ýeri, onsoň?

– Ýaňy, iş arasynda, edil ýüregim bir zady syzýan ýaly, öýden habar tutaýyn diýip gitdim. Öýe golaýlamda içeriden bir hümürdi eşdilýär. Diň salyp görsem, erkek adamyň sesi. Gelenimi bildirmän, gapa gulak goýup, biraz durdum. Gürrüňlerini aýyl-saýyl eşitdim. Bigäne erkek bilen ikiçäk oturan gelniň düzüw gürrüň etmejegi belli zat. Ýoňsuz bergä batyp, ölüp-ölüp ýeten gelnim azgyn ekeni. Çermeksiz ekeni. Işde mahalym oslanmajak wejeralyga baş goşup ýören ekeni. Ine, onsoň şu paltany nädip elime alanymy bilemok. Haçan aldym, nireden tapdym, bilemok. Ýöne gapa ýetmänkäm paltaly elimiň gowşanyny bilýän. “Häzir ikisinem palta bilen çapsam, bular-a öler gider. Menem ýygnarlar. Basarlar. Iň agyr jezany bererler. Azgynçylyk edýän-ä olar, jebir çekmelem men. Bu karam bolýar-a” diýip pikir etdim. Onda näme etmeli? Titräp, saňňyldap, elim paltaly aýgyt edip bilmän, kän durdum. Ahyry hiç zadam etmeli däl diýen pikire geldim. Aýrylyşyb-a biljek däl, nä günlük bilen öýlendim. Bergim kekirdekden. Bi palta-da gowulygyň üstünden eltjek däl ekeni. Onsoň görmedik, bilmedik bolup gezibermekden başga ýol görmedim...

– Häk, bolmandyr-ow. Gaty gelşiksiz ýagdaý... – diýip, men gynandym. Oglana haýpym geldi. – Indi? Menlik näme hyzmat? – diýip, oňa nädibem bolsa, kömek etmek isledim.

Ol gara-ört ýüzüni gizläp:

– Sen meni tanamadyňmy? – diýip sorady.

– Hany ýüzüňi bir galdyr, özüňi tanatjak bolsaň!

Ýüzüni galdyrdy. Dikanlap, mazaly synladym. Bir ýerde gören ýaly. Sudury tanyş. Kimkä bi bedibagt, allajanlarym?!

– Ýok, tanabilmedim. Äý, huş galdymy indi? Özüň nemedäýmeseň...

Ol ýene kesä bakdy.

– Hmm... Ir döwür, ýaňy öýlenip, şähere göçäýen wagtlaryň ýadyňdamy?

– Hawa.

– Kireýine ýaşaýadyň...

– Hawa.

– Gündiz ýatyp, gije ammarda garawulçylyk çekýäniňem bilýäňmi?

– Behh... Hawa. Sen bu zatlary nireden bilýäň? – diýip, men haýran galdym. Sebäbi ondan bäri gaty köp ýyl geçipdi. Hasaplap görsem, kyrk ýyl dagy bolan ekeni. Bu öňümde duran bolsa, ýaňy kyrkyň ýaryny ýaşana çalym edýär.

Ol sowala jogap bermän, ýene özüme soragly ýüzlendi.

– Hany, şo döwri oňatja ýadyňa sal. Men hiç kime meňzämokmy?

Ýene dikanlap, mazaly synladym. Şo döwürde bile işleşen oglanlarymyň biriniň ogly dagysymyka diýip, şunça oýlandym. Kime meňzetjegimi bilmedim.

– Bir gören ýüzüm öz-ä... Teý ýadyma düşenok.

Ol tanalmanlygyna gynandy, kejikdi. Içini hümledip, dymdy.

Bimahal çak eli paltaly syňsyraklap ýören bu ýigidiň aklynyň düzüwdigine şübhäm bolmasa-da, howatyrlanyp, ony tiziräk ugradanymy kem görmedim.

– Sen ol ammary taşlap gaýdyp, ýaman arkaýyn welin...

– Arkaýyn däl. Gitmeli men. Ammarda adam ýok.

"Onda näme müň takal okap dursuň bärde" diýip içimden igendim. Daşymdan bolsa:

– Ammary biri göterip gidibermesin. Sen seresap bol. Iş ýeriňde otursaň gowy bolar – diýdim.

Ol ýuwdundy. Ajymtyk ýylgyrdy.

– Behh... Seň meni tanamaýşyňa haýran.

Başga wagt bolsa gyzyklanyp, ony hökman tanajak bolardym. Häzir uky bürüp, heläk edýänligi üçin:

– Tanamadym... Bor onda. Men-ä ýatmakçy. Ukym gelýär – diýip, gönüledim.

– Nememi... Aý, bolýa, tanamasaň zeleli ýok. Aslynda-da men tanyşaýyn diýib-ä gelmedim.

"Onda nämüçin geldiň?" diýip gözüm bilen sorag berdim.

– Şu paltany gowşuraýyn diýip geldim... Gerek bolsa...

Nähili tentek oglan eken-aý bi?! Ýeri, men seň paltaňy başyma ýapaýynmy? Ýa paltany maňa berip, hile gurjak bolýarmyka? Şu palta bilen öýünde bir iş goparyp gaýdyp, indem günäsine meni şärik etjek bolýan bolmasyn? Şuň maksady näme? Açyk pyşgyrybam bilenok welin, niýeti düzüw gümbaş däl. Başymdan bela bolup inmänkä, nädibem bolsa, ugradaýyn.

– Gerek däl. Palta geregme däl. Başga aýtjak zadyň ýok bolsa, men-ä ýatjak – diýip, gödeksi jogap berdim.

Ol seňrigini ýygyrdy-da:

– Hä, bolýa-da. Geregi ýok bolsa, men-ä ýöredim onda. Ammary göterip gitmänkäler iş ýerime baraýyn – diýdi.

– Bolýa, sag bol – diýip hoşlaşdym-da, derwezäni içinden kiltledim. Uludan dem aldym. “Indi bir gitdimikä şü? Henizem paltasynyň sapyny oýnap duran bolmasyn?” diýip, derwezäniň yşyndan yşykladym. Ýok, hanha, paltasyny bir elinden beýlekisine geçirip, çalaja sykylyk atyp, haýsydyr bir aýdyma hiňlenip gidip barýar. Gijäň ümsümliginde onuň sykylygyndaky aýdymyň heňi gulagyma durman gelýär. Öz-ä tanyş ýaly, köne aýdymlaryň birine meňzeýär. Bu gamgyn aýdymy bu çaklarda aýdýan ýok. Onsoň men kem-kemden uzaklaşyp barýan oglan sykylygyna goşup, içimden şol aýdyma hiňlenip gördüm. Heňini tapdym. Diýmek, öň bir ýerde diňläpdirin. Nirede diňledimkäm? Birden ýüregimiň iň bir näzik ýerini pos baglap giden kütek pyçak syhaýan ýaly bolup gitdi. Gaýtadan derwezäniň yşyndan seretdim. Seretdim-de, agyr jeňden ýaradar dolanyp gelen esger ýaly, argyn halda yranyp, ýeňsesini tüňňerdip barýan eli paltaly ýigdekçäni – mundan kyrk ýyl ozalky geçmişde galan özümi tanadym.

*14-nji noýabr, 2014-nji ýyl. Mary.*

## WELLEK

*Hekaýa*

Aýalynyň belli günleri sowlansoň Wellegiň ýanyna mollaçar agasy gelip, igenç gatyşykly öwüt berip gitdi:

– Aý, ho-ow, hiý, utanç-beýleki bolmazmy sende?! Töweregiňe äňed-ä! Ilde-günde şeýdip ýören barmy? Bendäň kyrky geçmäkä yzynda şagal meslik edip... Düýnem-ä içip, wejera bolupsyň. Ses edip aglady diýýäler. Çynmy şo? Çyndyr-la. Ugrunda bardyr... Bi çagajyklaň ýüreginde dag goýjak-da. Hä-ä-äý, häk-k!.. Her jüre heleýi öleni gördük, ýöne sen ýaly... Ondan-a o pahyra degsin et. Aýat okat. Özüňem bilýänjeleňňi okaber. Indi oňa şondan başga edip biljek delalatyň ýok. Oglan-oglanjygam-a däl sen. Kyrkyň onundan giripsiň. Wahh, sen-ä... Ahyry düz bolaýsyn ýöne...

Wellek agasyna ýagşy-ýaman söz diýmedi. Başyny aşak salyp, düýphalyň seçegini daraklap, dymdy oturdy.

Bir hepdeden agasy gaýtadan geldi.

– Sen, how, juda bolmasa, nemet, al birini. Heleýem gerek zat özi. Gyzjagazlaňam höwrüger gider. Ogul ýasap berjek heleý alsaň... Ömrüňi ýeke ötürip bilerin öýdýäňmi?

Ä-ä? Bamy öz nemedýäniň, çemlenip ýöreniň? Ýa gelnejeňe ugruna çyk diýeýinmi? Şark-murk edelimi?

Wellek gysgajyk jogap berdi:

– Ýok.

– Näme ýok?

– Gerek däl...

– Ýo, sen nemetme, eşidýäňmi?

Wellek çalarak başyny ýaýkady. Şonda onuň gözleri ümezlän ýaly bolup göründi.

Agasy içini hümledip biraz oturansoň, sesini çykarman turup gitdi.

Wellek bolsa ölen aýalyny ýatlap, çilim kükedip, kän oturdy. Agasy ähli zady ap-aňsat edip goýaýýar. Begmyrat jalaý ýaly mädäň iri bolsa, alaga-da başga heleýe öýlenip oturybermek müşgilem dälse, däldir. Begmyrat üç aýaly kowup, dört gezek öýlendi. Soňkusynyňam ol öýde duz nesibesiniň näçe günlükdigini bilýän ýok. Haçan kowulsa, kowulaýmaly. Ýok, Begmyrat jalaý bilen Wellegiň aty birem bolsa, üzeňňisi başga. Wellege heleý gerek däl. Indiki heleý bolup geljegiň Dursunça bolmajakdygy görnüp duran zat.  Pahyr heleý dagyn däldi. Üşüklidi. Üme düşgürdi. Diýjek sözüňi ýüzüňden okar oturardy. Bilegini çyzgap, hyzmat edende-de kemli-köstli bolan däldir. Şu içeriň külüni şunça artanam bolsa, pahyr ýeke gezek zeýrenmän eken. Garyp çatmaň ezenegini iliňkiden egsik etmejek bolup, diş-dyrnak, baý, ýüwürendir-ä. Onsoň dünýäň ähli uzyn eteklisiniň içinden Dursunyň deregini tutjagy bardyr öýdýäňmi? Ýokdur. Muny Wellegiň özem indi bilýär. Öň bilmändir. Öň adaty bir aýaldyr öýdüpdir. Hökman şeýle bolmalydyr diýip pikir eden ekeni. Emma Dursun adaty däl ekeni.

Wellek on dört ýyl bile ýaşap, aýalyna oýundan-çyndan bir gezegem mylakatly söz diýendigini ýadyna salyp bilmedi. Asyl oňa wagt bolmasa nätjek? Gara güzeran üçin bir depesi, bir dabany degip ýörşüne, aýalyny söýmäge eli degmändir. Şo on dört ýyl başagaýlykda, aljyraňňylykda geçäýen oguşýan. Bi durmuş diýilýän zat oňa gysga ömürli aýalyna gadyr goýmaga-da maý bermändir.

Şol gün Wellek ajy hasratyň zarbyna goşgy ýazdy. Ömründe birinji gezek. Öň goşgy ýazyp gören adam däl. Goşgy okabam ýörenok. Ýöne aňyrsynda dyňzap duran ahy-nala ony gününe goýmady. Ýüreginde berçigen duýgularyny, agysyny, hesretini, hemmesini goşga öwürýänçä ynjalmady. Ýazyp otyrka arasynda bozulyp agladam.

Onuň Dursun barada goşgudan ýadygärlik dikeldesi geldi. Goşgyny ölmez-ýitmez derejede yadygärlige öwürmek üçin aýdym edilse tüýs ýerine düşjek ekeni. Özem dutarda aýdylýan aýdym bolmaly. Gynançly saza goşup, aýtsalar! Wellegiň goşgusyna ýazylan aýdymy diňleýän märeke gözüniň ýaşyny saklap bilmese! Her kim juk-juk edip, başyny ýaýkap, dünýeden örän, örän ir giden Dursun pahyry ýatlasa! Ana, ýadygärlik şo!

Ikindinara goşgusyny goltugyna gysyp, Wellek oba arasynda tamdyrasy bilen toý sowup ýören Ylyas bagşynyň ýanyna gitdi. Barsa, bagşy öýünde ekeni.

– Bagşym, hany, şuňa bir seret-le, boljakmy? – diýip, ol gaşy çytylyp duranam bolsa, zor bilen ýylgyryp, goşguly depderini uzatdy.

Ylýas bagşy depderi açyp-açman:

– Ana, ana, taparsyň bir zat. Bu näme? – diýdi.

– Goşgy.

– Wäh-h! Ba-a-a, dogrudanam goşg-aý. Kim ýazdy muny?

– Men ýazdym.

– Ana, ana, gerek bolsa!.. Çaýa-suwa serediň, haw. Kim bar?.. Wä-ä, hakaýt özüň ýazdyňmy? Ýazarsyň sen. Sen edersiň, Wellek batyr...

– Dursuna bagyşlap ýazdym.

– He-e, Dursunam pahyr gidiberdi. Her kim gitmek üçin gelýä-dä. Ühhe... Indi näme etmeli muny? Men okap görmelimi?

– Howwa... Oka hany.

Ylyas bagşy dodagyny çeýnäp, goşgyny sessiz okady. Diňe soňragynda “Zalym ajalyň elinden gutulmadyň, Dursunym” diýen setirini daşyndan gaýtalady-da:

– Wäh-h! Alypsyň şu ýerini. Gaty gowy. Ör-rän gowy. Ajaýyp! – diýdi.

Wellegiň ýüzi biraz yagtyldy.

– Indi şuny diýýän, nemedäýsek näder?

– Näme edäýsek?

– Aýdym edäýsek! Dutarda aýdylýan aýdym.

– Hä-ä, tapsana şular ýaly bir zat! Dogry-y! Ýak, walla! Menem pikir edýän, bi goşgy ýazyp maňa okadya weli diýýän öz ýanymdan...

– Bolmaz öýdýäňmi?

– Bolar. Bolar-la.

– Dursun pahyry tirsegine galdyryp bilsem diýýän-dä.

– Weý, ras aýdýaň, etmelisi şo. Seň munyňdan aýdym ýasamak üçin... häzir-r... aýdym etmek üçin-n...

Ylyas bagşy goşga täzeden göz gezdirdi.

– Neme-dä, Wellim, aýdym diýilýän zat nähili diýsene?! Aýdym – özi ýaman neme zat. Gaty birhili zat.

Nähili düşündireýin saňa? Muň goşgusyny ýazanyň bilen aýdym bolanok-da.

– Heňjagaz gerek diýýäňmi?

– Ana, ana, bardyň üstünden. Heňjagaz däl, gowy heň gerek. O-da ýolda çaşyp ýatanok, baryp alaga-da aýdyma geçiriberer ýaly. Bi bir inçe senet-dä. Düşünýäňmi?

Wellek oňly düşünmese-de, baş atdy.

– Howwa-la. Düşünýän-le. Indi näme etmeli men? Heňini tapyşaýynmy saňa? Gynançly heň bolaýsa diýýän.

– Wah-h, Wellim, heňe salmazdan öňem muň işi bar ýaly. Meň-ä başym çykanok weli, kapyýa diýýä, zat diýýä, aýdymda gerek-dä şo zatlaram. Birem many bolmaly. Ymgyr manyly bolmasa, gurbaga ýaly warryklap oturanyňdan neme ýok. Diňlänem bolmaz.

– Bagşym, many bar-a. Täzeden okap gör sen.

Ylýas bagşy Wellegiň göwni üçin ýene bir öwre depderiň gatyny açdy. Daşyndan seretseň, ol Wellegiň bu ýazan zadynyň netijesizdigine düşünip, bir agyz bolanok diýmegiň ebeteýini tapman, ejir çekýäne meňzeýärdi.

– Ine, şu ýerine seret, Wellim... Hany, şol! Ynha. “Çagajyklaň halyna dözmän geläýsene, Dursunym” diýýäň. Indi şuny şu durşuna aýdym edip aýtsaň, birhili bolmazmy? Ölüp giden adam gelmez-ä. Düşünýäňmi? Ine, muňa seret. “Ogul dogrup bermän ölüp gitdiň Dursunym” diýýäň. Beý diýseň bolmaz-a, Wellim. Ýo, sen gaty görme, meň-ä başym çykanok bi zatlardan, ýöne aýdym etjek bolsaň, many bermeli-dä.

– He-e, äý bor, bagşy aga, biz näme, nirede goşgy ýazyp görüpdiris. Bolmaýan bolsa nemesi ýok.

– Sen nät diýsene! – diýip, Ylýas bagşy birhaýukdan soň çykalga tapdy. – Tirkewiň ýanyna git.

– Tirkew kim.

– Tikgi-i. Ilerki Çaryň ogly.

– Tirkiş gympaýmy?

– Ed-dil özi. Şo tasa getirer munyňy.

– Gazetde işleýämi şo?

– Hawa.

Wellekde ölen aýaly barada ölmez-ýitmez bir aýdym döretmek baradaky umyt gaýtadan uçganaklady. Mähetdel etmän, ol gazetde işleýän Tirkişiň ýanyna gitdi.

– Hä-ä, goşgy ýazdym diýsene! – diýip, Tirkiş depdere göz gezdirip çykdy. – Onsoň, Wellek, sen muny gazetde çap etdiräýsem diýýäňmi? Ýagny, meň goldawym bilen goşgyny okyja ýetirmekçi bolýaňmy?

Elbetde, beýle pikir Wellegiň hyýalyna-da gelmändi. Emma, oýlanyp otursaň, şu-da biçeme däl eken. Gazet sahypasynda ýalpyldap goşgyň çyksa! Adamlar okasa! Okan adam biparh garap bilmez. Gözi çygjarar, hamsygar.

– Mahlasy, maksadyňy mälim etseň!

– Tikgim, men-ä...

– Tirkiş diýäý. Tirkiş meň adym. Ilem Tirkiş diýýär.

– Men-ä, Tirkiş, muny gazet üçin ýazmandym. Ýöne gazetde çap edip bolsa, ediber. Biz okamasagam, ilçilikde gazet okaýan bardyr.

– Gazet üçin-ä bolanok, gardaş. Men şahyrçylyk edemok, ýöne goşgyny köp okaýan. Seň munyň...

– Gazetde çap etmek gerek däl – diýip, Wellek badabat pikirinden ýüz dönderdi. – Men muny aýdym etdirjek. Dutarda aýdylýan aýdym.

– Aýdym?

– Howwa...

Tirkiş aýdym üçin ýazylan goşga özüniň näme dahylynyň bardygyny bilip bilmän, gözüni gyrpyjyklatdy.

– Sen şuňa bir seredip berseň, bolmaýan ýerlerini tasa getirseň, osoň Ylýas bagşy bilen bir heňini tapmaly men – diýip, Wellek düşündirdi.

– A-a! Şeý diýsene! Ýagny, redaktirlemeli.

– Şeýtmeli öýdýän.

– Bolmaz.

Wellegiň soragly garaýyşyna Tirkiş şeýle jogap berdi:

– Her kimiň öz başarýan işi bolýar. Her kim bir işe ukypyly. Meselem, men goşgy redaktirlemekde ejiz. Çünki, bu iş şahyrlaň işidir.

Wellegiň az-kem gahary geljek boldy. Ol şu işi çürt-kesik etmek üçin:

– Onda bolanokmy? Men başymy agyrtmaýynmy?

– Umuman, bolmajak zad-a ýok. Edarada bir şahyr bar. Goşga juda ökde. Men ertir şoňa haýyş edip göreýin. Belki, bu işde bize ýardamy deger. Ýa-da sen ertir ir bilenjik meň iş ýerime bar. Men seni şahyr işdeşim bilen tanyş edeýin. Goý, redaktirläp bersin. Haýyş etsek, şular ýaly goşgyny ýarym sagadyň içinde täzedenem ýazyp berer.

Soňky sözlerine Tirkişiň özem müňkür gitdi.

– Ýazyp bermegi mümkin. Keýpi gowy bolsa, başga işi bolmasa – diýip ol takyklady.

– Hä-ä, bolýa, Tirkiş. Hany, ertire çykaly. Başga alada tapylman dursa, barsam, baraýaryn – diýip, Wellegem takmyn gürrüň etdi.

Ol uzak eglenmedi. Aýdym baradaky umydy öçüpdi. Tutly ýabyň boýuny syryp, öýüne gaýdyp barýarka ýene Dursun ýadyna düşdi. Ýaňy-ýaňylaram, ýüpek gurçugyny idedýärkäler Dursun ikisi şu ýerlerde tut ýygardylar. Arzuw ederdiler. "Şu ýyl piläni gowja tabşyryp bilsek, jaý salnanda edilen bergini üzsek, indiki ýylam ulag edinsek!" diýşip, bolsady ekerdiler. Ýöne o piläň puly bergä gitmedi-

dä, o pula Dursunyň aşyny-suwuny bermeli boldy. Ä-äý, ýatlara zat kän, haýsy birine bagryňy paralajak?!

Şu ýerde Wellek goşgusyny ýyrtyp, her bölegini tike-tike etdi-de, şemalyň ugruna sowrup goýberdi. Onsoň gussamy gowzadaýyn diýip, ýüzugra dükana sowuldy.

*14-nji dekabr, 2014-nji ýyl. Mary.*

## BÄBEK

*Hekaýa*

Ir bilen ukudan oýanyp, gözümi açyp seretsem, men öz öýümizde däl-de, başga bir ýerde ýatan ekenim. Töweregimde hiç kim ýok. Gorkyma:

– Eje-e! – diýip, aglamaga başladym. Sesime kakamyň şäherde ýaşaýan aýal dogany Keýik ejem ylgap geldi. Diýmek, men olaryň öýünde ýatan ekenim. Ýöne nämüçin? Öten agşam öz öýümizde, ejem bilen kakamyň ýanynda ýatyrdym ahyryn.

– Hany ejem? Ejem nirde? Eje-e! – diýip, men çarbaýlyk edip gygyrdym.

Keýik ejem ýylgyryp:

– Goý sesiňi! Sen-ä aglak gyz ekeniň. Ejeň saňa kiçijik bäbek almaga gitdi – diýip, meni köşeşdirdi.

Bu gürrüňiň çyn bolmagy gaty mümkindi. Sebäbi ejem häli-şindi meň bilen “Saňa oglan jigi gerekmi, gyz jigi? Ynha, basym bäbejik almaga gitjek” diýen ýaly gürrüňler edýärdi. Men: “Oglan jigi gerek, oglan bäbejik getir! Haçan äkelersiň?” diýip, bökjeklärdim. Ejemem: “Azajyk howlukma. Getirerin. Onsoň sen jigiňi aglatmanjyk oýnarmyň? Sallançagyny üwrärmiň?” diýip, başymy

sypaýardy. Menem: “Howwa, howwa” diýip, jogap bererdim.

– Hany onda kakam nirde? – diýip, men göz ýaşymy süpürip, agy arasynda Keýik ejemden soradym.

– Kakaňam ejeň bilen bile gitdi. Goý, hany! Aglasaň, bäbek getirmezler.

Şo bada sesimi goýdum. Sebäbi ejemiň oglan jigi getirmegini bar zatdan beter isleýärdim. Bu höwes meniň arzuwlarymyň çürbaşydy.

Keýik ejem süýde çörek dograp maňa iýdirensoň, penjireden garap durşuna:

– Ana, kakaň gelýär! Ana! Bar öňünden çyk! – diýdi.

Men gapydan atylyp çykdym-da:

– Kaka-a! – diýip, köçä garşy okduryldym.

Kakam meni görüp aýak çekdi, aşak oturdy. Ylgap baryp, onuň gujagyna doldum. Kakam meniň ýaňaklarymdan öpüp:

– Ogul jigiň boldy, gyzym! Bar, Keýik ejeňe buşla! – diýdi.

Yzyma ýelk ýasadym. Ylgap barşyma:

– Ogul jigim boldy, Keýik eje, buşluk! Ejem oglan bäbejik getirýä! – diýip, köçäni ýaňlandyryp gygyrdym.

Biraz wagtdan kakam meni bäbek berilýän ýere – ejemiň ýanyna alyp gitdi. Ýolda men:

– Kaka, bäbegi kim berýär? – diýip soradym.

– Hudaý – diýip, ol jogap berdi.

– Ejem menem kiçijik bäbejikkäm Hudaýdan aldymy?

– Howwa.

– Hudaýyň bäbegi känmi?

– Gaty kän.

– Hiç gutarmaýarmy?

– Ýok, gyzym, hiç wagt gutarmaýar.

– Hudaý nirden alýar bäbekleri?
– Özi ýasaýar.
– Ol güýçlimi?
– Howwa. Gaty güýçli.
– Onsoň kime bäbek gerek bolsa barybermelimi?
– Howwa.
– Kim barsa berýämi?
– Ýok, gyzym, gezekli-gezegine barmaly.

Kakam meniň elimden tutup, uly ak jaýyň gapysyndan ätledi. Giren ýerimizde ak ýektaýly bir aýal kakama ýüzlenip:

– Geleniňiz gowy bolaýdy. Siz gyssagly lukmanyň ýanyna barmaly. Ýörüň, men sizi elteýin – diýdi.

Kakam ikimiz onuň yzyna düşüp, bir otagyň gapysyndan girdik. Bizi çal saçly, äýnekli, ak ýektaýly lukman garşy aldy. Ol kakam bilen salamlaşyp:

– Şu wagt habar edeli diýip durduk. O bäbejigiňiz-ä bolmady. Alyp galyp bilmedik. Elimizden gelenini etdik. Hezil bermedi-dä – diýdi.

Lukmanyň sözlerinden many alyp bilmedim. Gözümi tegeläp, kakamyň ýüzüne seretdim. Düşnükliräk bir zat diýerine garaşdym. Kakam ýüzüni agardyp, gepläbilmän dymyp durdy.

– Başyňyz ýaş. Gaýrat ediň! Öwez ogluny bersin!

Ýene kakamyň ýüzüne seretdim. O bolsa ýuwdunyp, ses-selemsiz biraz duransoň, çalaja:

– Taňryýalkasyn! – diýdi.

– Men häzir hat-peteklerini taýynlaýyn – diýip, lukman stolunyň üstündäki kagyzlary agdaryşdyryp durşuna hümürdedi. – Gynanma. Berýänem Hudaý, alaýanam. Nätjek-dä? Etjek alajyň ýok.

Şu ýerde men nämäň nämedigine düşündim. Hudaý ejeme beren oglan bäbejigini yzyna alypdyr. Aldymyka? Nämüçin? Ony ejemiň özüniň berip goýbermejegi düşnükli zad-a! Men howsala düşüp:

– Hudaý ogul jigimi yzyna aldymy, kaka? Hä? Aýdaý! Aldymy? – diýip soradym.

Kakamyň gözlerinde ýaş göründi, dodaklary tirpildedi, özüne zor salyp, boguk ses bilen:

– Ýör, gyzym jan... Hany, eliňi ber... Keýik ejeňi çagyraly – diýdi.

Daş çykyp barýarkak men aglamjyrap:

– Kaka, aldymy diýýän. Hä? Nämüçin aldy? – diýip gygyrdym.

Ol menden göz ýaşyny gizläp, sandyrawuk ses bilen:

– Bilmedim, gyzym, bilmedim-dä – diýip, iki egninden demini aldy.

Şundan soň oglan jigijigimi Hudaýyň yzyna alandygyna hiç hili şübhäm galmady. Ýüregim ýarylan ýaly, elde-aýakda durman, uly-ilim bilen agladym. Daş işikde telefonyny çykaryp, kimdir birine jaň etjek bolup, ber-başagaý aljyrap duran kakamyň elinden aslyşyp, silteläp gygyrdym:

– Kaka-a! Berme jigimi! Beräýme! Hudaýyň bäbegi köp diýdiň-ä. Biziňkini alma diýäý! Diýä-äý!

Aňyrdan yrgyldap gelýän eli düwünçekli garryja aýal bizi ýanymyzda sägindi-de, kakama ýüzlenip:

– Häk-ge-eý! Bäbejigiňiz nemedäýdimi? Hä? Haçan? Ýaňymy? Wah-wah-h... Öwez ogluny bersin-dä Hudaýym! Ejesi bir oňatmy? He-e, bolýa... – diýdi. Soň düwünçekli elini maňa garşy salgady:

– Bujagazyň ýürejigi süýşmez ýaly, nemedäýmeli ekeniň, öýüňe ugradaýmaly ekeniň.

Kakam meni köşeşdirmek üçin elde baryny etse-de, çyrlap-çyrlap, şol agladym oturdym. Biraz wagtdan Keýik ejem geldi. Ol gözüniň ýaşyny sylyp:

– Wah-eý! Bolmadymy? Azapjygy ýerine gowuşmadymy? Neressejig-eý... Öwez ogluny bersin! – diýip, hamsykdy.

Kakam çalarak baş atdy-da:

– Ejesi galynýança gaýrat edip, özüň göz-gulak bolaweri! – diýdi.

Keýik ejem haýyma-maýyma bakman, meni goltugyna aldy.

– Gitdim. Hat-petegini düzedendirler. Wagt ýitirmän, oba gideýin. Bu gün ýerlemeli bolar – diýip, kakam Güne seretdi-de, ýaňky çykan gapymyza tarap ýöräp ugrady.

– Kaka! – diýip, aglap-eňräp, ony sakladym. Kakam aýak çekdi. Men agy arasy bilen şu sözleri dilime getirdim:

– Kaka! Jigimi Hudaýa berip goýbermäý-dä! Aýdaý! Alma diýäý! Ýalbaraý, kaka! Ýalbarsaň, almaz. Bäbegi köp-ä Hudaýyň. Özi ýasaýa diýýäň-ä!

Kakam kynlyk bilen:

– Bor, gyzym – diýdi.

Şundan soň agymy kesip, azajyk köşeşdim. Emma "Bor" diýip gidenem bolsa, kakamyň sustlanyp, başyny aşak salyp, öňküsinden kiçelen hem yraň atyp barýan göwresini synlap, onuň oglan jigimi Hudaýa berip goýbermejekdigine ynamym gaçdy. Göwnüme bolmasa, ol: "Gyzym jan, Hudaý-a ogul jigiňi bermedi, men-ä alyp bilmedim" diýip, biraz wagtdan elini serip, boş geläýjek ýalydy. Häzir ol meniň gözüme jigim baradaky islegimi bitirerden ejiz bolup göründi. Onuň halyna nebsim agyryp, ýüregim gyýyldy. Eger kakam bilen bile barsak, dilesek, ýalbarsak, Hudaý jigimi bize berer. Hökman berer.

Bermejegem bolsa, men düşündirerin, aglaryn, tä jigimi berip goýberýänçä sesimi goýmaryn.

Şu ýerde men Keýik ejemiň elinden sypyp gaçdym-da:

– Kaka-a! Duraý, kaka! Menem seň bilen gitjek! – diýip, gygyryp, kakamyň yzyndan ylgadym.

*6-njy awgust, 2015-nji ýyl. Mary.*

## ÄDIKÇI WE GEDAÝ

*Hekaýa*

Ädikçiniň ussahanasy bazar girelgesiniň edil agzynda. Onuň ady ussahana. Özi welin adam boýundan sähel beýigräk edilip dikilen dört sany sütünden we olary birikdirýän brezent matadan ybarat. Ol ýerde ussanyň iş gurallaryny saklaýan agyr demir sandygy bilen eplenýän köne oturgyjy bar.

Ýene ädikçiniň bu ýerde kembagal goňşusy hem bar. Ol ulag heläkçiliginde oňurgasyna şikes ýetip, şondan bärem buruk boýny bilen egri bilini mazamlaýan ýaly has-da gyşarylyp, gözilginç sypata girip, gedaýçylyk edýär. Rysgyny bazardan almak üçin onuň bu ýere gelenine ýaňy bir hepde boldy. Özi-de rugsat soramazdan-zat etmezden, gele-gelmäne aýakgap ussahanasyna şärikli ýaly, ädikçiniň gapdaljygyna gondy. Aşagyna köp söwdalary gören köne kilim bölegini düşenip, dilegçilik edip başlady. Oturan ýeri köwüş ussahanasyna degişli bolany üçin dykgat etmedik adamlar ony ädikçiniň aýakgap myhlatmaga gelen müşderisidir öýdýär. Gedaýyň özi welin, maýyplygy sebäpli özüni dilegçilik etmäge doly hakly hasap edýär.

Ädikçi bilen gedaýyň saç-sakgalynyň agaryp, ýürek höwesleriniň gowzap başlanyna telim ýyl boldy. Üstesine-de zanny dymma bolandyklary üçin ikisi-de öz ýaşyndan uly görünýär.

Ine, onsoň, giçki güýzüň ýagyşly güni gedaý aýagyndaky apgyrdy giden we bir taýynyň burny açylyp ugran köne köwşüni ädikçä görkezip:

– Ýeri, muňa näme diýersiň? – diýdi.

Ädikçi onuň aýakgabyna çala nazar aýlap:

– Tikmeli – diýdi.

Gedaý iňkise gidip:

– Şuny bejerdeniňe degjekmi özi? Ýa zyňyp, täzesini almalymy? – diýip sorady.

– Ýagdaýyňa görä bolmaly. Täzesine puluň bolsa, egleme, häzir zyň! – diýip, ädikçi gönüsinden geldi.

– Dogry-y... Hakyna seretseň-ä, indi muny zyňaýamda-da boljak. Ýyrtylan ýerinden suw geçýär. Jorabymy myžžyk etdi. Bir pikirim, şu gün oňatja eçilseler, täzesini alaýsammykamam diýýän. Çagalaram ýetde-gütdeligi şu gün görmeli däl. Öwrenişip gitdiler. Men ulyma aýdýan, köçä çyk-da, maşynlaň tigrini ýuwuber diýýän, eklenjiň aýby ýog-a. Aý, utanýan men-ä diýýä. Men nä keýpine şeýdip oturýanmy? Nätjek, başyňa düşdümi, edibermeli.

– Çagalar ýaşmy entek?

– Ýaş-la. Ulusy on iki ýaşynda.

– Gijiräk öýlenensiň-dä?

– Ikinjim-ä bi. Başdaş heleýimi kowanyma niçe ýyllar boldy.

“Kowan däldir, aýalynyň özi gidendir” diýip, ädikçi nämüçindir güman etdi.

– Näçe çaga?

– Iki ogul. Ejeleriniň yzyna düşüp gelen.

Günortana golaý ýagyş güýçlendi. Bazar märekesi saýhallady. Söwda kiparlady.

Ädikçiniň ertirden bäri eden gazanjy ýokdy. Soňky döwür aýakgaplaryň bahasy arzanlady, köwşüni

bejertmäge gelýän adamlar azaldy, her kim täzesini alyp geýenini oňat görýär. “Bu ýaşdan soň käriňi üýtgedip ýörüb-ä bolmaz. Üýtgetjek diýeňde seň eliňden köwüş ýamamakdan başga gelýän zat barmy?” diýip, ädikçi soňky günler özüne igenýärdi. “Bir gara başyňy ekläp bilmeseň, asyl-da, öl! Ertirden bäri bir tegelek nan alarlyk gazanjyňam-a ýok. Agşam aç ýatjakmy? Belki, gedaýçylyk edersiň! Onsoň Hudaýdan dilemelimi ýa bendesinden?” diýip, ol pikir etdi. Hudaýhon adam bolmandygy sebäpli ädikçi bu sowala jogap tapyp bilmedi. Gapdalynda dişiniň suwuny sorup, elini serip oturan dilegçä tarap gözüniň gytagyny aýlady. Emma gedaýyňam işleri öwerlik däl ýaly. Oňa-da teňňe oklaýan ýok. Ýogsa, apgyrdy giden köwşüni bejerip berse, gedaýyň muny boş goýmajagy belli. Iň bolmanda çörek puly-ha bolardy.

Ýagyş diňdi. Ädikçiniň köne tanşy peýda boldy. Ol käte bir gelip, özüniň, aýalynyň, çagalarynyň köne köwüşlerini bejerdip giderdi. Häzir onuň eli boş.

– Şepäm, barmyň-aý? – diýip, ol gedaýa pitiwa bermän, ädikçi bilen gadyrly görüşdi.

– Entegem öleňokmy diýýäňmi? – diýip, ädikçi degişme bilen ajy ýylgyryp, tanşynyň aýagyndaky täzeje aýakgabyna seretdi.

– Hany, könäni ýatlaly-la. Aýlyk aldym şu gün. Kelläni düzedelimi?

– Wah, şepe, içgini haçan eýýäm goýdum men.

– Ymyklymy?

– Hawa-la. Çüýşesinem ellämok.

– Çüýşesini elleme. Özüm guýup berýän. Çakyşdyryp, ýelmäp bilseň bolýa – diýip, tanşy degişdi.

– Ýok, şepe, iş bolsa, işläýin men. Sen özüňjik ýelmäber. Çynym bilen goýdum.

– Oňarypsyň. Menem goýmaly şuny.

– Goý. Peýda ýok – diýip, ädikçi gussaly dillendi.

– Indiki ýyl pensiýä çykýan. Ak goýun toýumy edemsoň, goýmaly diýip hyýal edýän öz-ä.

Şondan soň onuň kän bir mazasy bolmady. Ondan-mundan bimany gep atyp, biraz oturansoň, turmak bilen boldy.

– Syrnyh eken-aý o dostuň. Hudaý ýoluna bir teňňe-de eçilmedi. Özem aýlyk aldym diýýä – diýip, gedaý onuň yzyndan hüňürdedi.

Girelgäniň iç ýüzünde uzyn boýly ýaş gyz peýda boldy. Ol telefonda gepleşip gelşine, gözüni-gaşyny çytyp, ädikçi bilen gedaýyň üç ädimliginde aýak çekdi.

– O puluňam alyp git onda! – diýip, ol aňyrdan gepleýäne maý bermän, jabjyndy. – Sen ýalyň puly derkaryma däl. Gerek dälmi?.. Maňa-da gerek däl... Gerek dä-äl diýýä-än... Başyma ýapaýynmy? Sen ýalyň minnetini çekmeýän... Düşünjek däl... Ýyrtyp zyňýan häzir... Şemala uçuryp goýbererin... Uf-f... Gedaýa berjek... Öläý, ölýän bolsaň... Kirli...

Aňyrdan gepleşýän telefonyny ýapdy öýdýän. Gyz duran ýerinde bir öwrüm etdi-de:

– Hapysa! Meýit! – diýip, telefonyny ýan torbasyna saldy. Gysymyndaky eplem-eplem edilen puluň baryny gedaýyň öňüne oklap goýberdi.

– Edişime seret entek! Uf-f – diýip, aglamjyrap, bazaryň çykalgasyna garşy gitdi.

Gedaý puly garbap aldy. “Dönüp geläge-de, beren puluny yzyna alyp gidibermesin” diýýän ýaly, gysymlanyp, mynjyradylan manatlary jübüsine salmaga howlukmady. Gyz tä bazar mähellesiniň içinde gözden ýitýänçä yzyndan seredip oturdy.

Biraz wagtdan gedaý boýnuny gyşardyp, ýanyn ýöräp gitdi-de, o pula täzeje aýakgap satyn alyp geldi.

– Hany, gör, boljakmy? Gyşdan-a çykarsa gerek, ä? – diýip, ony sust oturan ädikçä görkezdi.

Ädikçi bir agyz:

– Nesip etsin! – diýip dymdy. Köwüş tikýän biziniň ýylmanak sapyny oýnap oturyşyna biraz wagtdan başyny galdyryp, dünýeden hoş bolup oturan gedaýy dikanlady. Zoraýakdan ajy ýylgyrdy-da, ýarym degişmä salyp, ömür etmedik zadyny etdi:

– Seňem syrnyhlygyň meň ýaňky dostumyňkydan ejiz däl-aý! Mugt ýerden şonça lomaý pul düşende-de, oýundan-çyndan eger-eger bir teňňe-de hödür etmediň!

Soň dik depesine seredip, sowuk dem aldy-da:

– Oturan ýeriňem-ä meň ýerim! – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

*8-nji sentýabr, 2015-nji ýyl. Mary.*

**MAZMUNY**


| | |
|---|---|
| Üleşik | 3 |
| Ýüp | 8 |
| Ham-hyýal | 16 |
| Uky pillesi | 26 |
| Namyrat | 32 |
| Sawçy | 39 |
| Ejemiň aglan güni | 48 |
| Suratkeş | 54 |
| Eşek we käbir beýleki zatlar barada | 60 |
| Ýolda ýolugan | 69 |
| Balykçy | 76 |
| Telpek | 81 |
| Ýigidiň gaýraty | 86 |
| Açar | 93 |
| Ýalan | 99 |
| Jigim | 105 |
| Jerime | 110 |
| Toýda | 115 |
| Palta | 121 |
| Wellek | 126 |
| Bäbek | 134 |
| Ädikçi we gedaý | 140 |

***Ataýew Kakamyrat***

# AÇAR

*Hekaýalar*

**Edebi-çeper neşir**